# http://vk.com/oka_owren_doret

1. ATSAŇ
Atajan Annaberdi bir meýlisde otyrka, kelte ýarag göterýän diýip, öwünýän göterimiň biri: “Haýsyňyz aýdanymy etmeseňiz, ataryn” diýip, oturanlara haýbat atyp başlapdyr. Şonda şahyr göwni bir ýaly ýylgyrypdyr-da:
- Aý, inim, atsaň, at, ýöne haýbat bir atma – diýipdir.

2. ABRAÝ
Atajan Annaberdi toýa alyp gitmek üçin ökde akkordeonçy dosty Annadurdy Amanyňka barypdyr. Annadurdy geýinip çykyberjek bolupdyr welin, Atajan dulda duran akkordeony görkezip:
- Anna jan, “abraýyňam” alaýaly – diýipdir.

3. ÝUMURTGA ÝAGYSY
Atajanlara gelen zorruk sesli ýaş bagşylaryň biri ýumurtga baryny deşişdirip içipdir-de: “Wah, ýene-de 10-15 sany çig ýumurtga bolaýs-a, hezil bererdim” diýipdir. Öňki içiren ýumurtgalaryna-da jany ýanyp duran Atajan:
- Aý, inim, gygyrybersene, ýumurtga bilen bagşy bolunýan bolsa, towugyň... o taýy bilbil bolardy – diýipdir.

4.SEN ARAGYŇY GOÝAN BOLSAŇ...
Atajan Annaberdiniň öýüne 4-5 sany myhman gelipdir. Ol iki-üç çüýşe arak alaýyň diýip, dükana barsa, içgi ugrundan zat ýok eken. Dükanyň işiginde sataşan alkaş obadaşy arak almaga gelenini Atajana duýdurmajak bolup: “Obadaş, men-ä aragymy birçak goýandyryn” diýipdir. Aragyň ýoklugyna jany ýanyp duran Atajan: “Aý, sen aragyňy goýan bolsaň, şu dükanda arak bolardy-la” diýip, geçip gidiberipdir.

5. EJEŇDEN SORA
Orta mekdebi tamamlaýanlaryň duşuşygynda bir gyz Atajan Annaberdiýewden “Söýgi näme?” diýip, sorapdyr. Sowaly ýerliksiz hasaplan şahyr agraslyk bilen başyny galdyryp:
-Olar ýaly zady, uýam, hiç kim ýokka ejeňden sorarlar – diýipdir.

6.PENJIRÄNI DYRNAÇAKLAP DURSA-DA...
Atajan Annaberdi bir meýlisde derçigip oturan eken. Keýpini köklän sürüjileriň biri oňa: “Atajan kaka, çöle çykyp towşan awlaly-la. Ähli zadymyz taýýar. Gidelimi?” diýipdir. Atajan tüýjümek süpürgiç bilen maňlaýynyň derini sylypdyr-da: “Men-ä, inim, towşan bary penjiräni dyrnaçaklap dursa-da, daş çykyp birini tutjak däl” diýipdir.

7.AZAT EÝLE...
Bir pulmesi Atajan Annaberdini oturlyşyga çagyrypdyr. Ol Atajana ilki goşgy okadypdyr. Soň bolsa saz çaldyryp, aýdym aýtdyrypdyr. Garaz, daň agarýança şahyryň lütüni çykarypdyrlar. Şonda-da pulmesi: “Näme iýjek, içjek bolsaň duýdur-da, hezil beriber” diýip, Atajany dynç almaga goýmandyr. Sütüni süýnen şahyr ýaşyl akkordeonyny egninden sypyryp, gapdala goýupdyr-da:
- Ähli iýen-içen zatlarymyň bahasyny restoranyň nyrhyndan töläýin, ýöne, gardaş, indi meni azat eýle – diýipdir.

8. ARMAN, ŞAHYR BOLAÝÝAŇ...
Bir obadaşy Atajan Annaberdini töwella äkidipdir. Gyzy gaçan adam Atajanyň goşgularynyň muşdagy eken. Çaýlaşypdyrlar. Atajan çaý başynda: “Aý, garyndaş, bular ýaly zatlar han beglerde-de bolýandyr. Gyzyňyzy alyp gaçanyň kakasy şu. Näme alsaňyz alyň-da, ylalaşyň” diýipdir. Beýle teklibe garaşmadyk öý eýesi: “Şumy şol haramzadaň kakasy?” diýip, çarhlap goýan paltasyny krowadyň aşagyndan sogrup alypdyr welin, Atajanyň çaý içen bolup ýatan ýoldaşy köwşüni-pöwşünem geýmän, ökjäni göteripdir. Sandyraklap duran öý eýesi bolsa hyrçyny dişläp, başyny ýaýkapdyr-da, Atajana garap:
--Seňňem edäýmeliň-ä belli welin, arman, şahyr bolýaň – diýipdir.

9. BATAREÝEM ÇALÝAR
Ýazyjylaryň bir oturlyşygynda Atajan Annaberdä saz çaldyrjak bolupdyrlar, ýöne syrdambitin garmon tapylmandyr. Oturanlaryň biri: “Goňşymyzda köne garmon-a bolmaly, çalyp bilerin diýse getireýin” diýipdir. Bir yş açylaryna garaşyp oturan Atamyrat Atabaýew: “Getir, getir, garmon bolsa çalar Atajan. Garmon ýok bolsa, ol jaý gyzdyrylýan batareýem çalýar-a” diýipdir.

10. ÝOLDA

Atajan Annaberdi ýeke tar motorly gelýärkä benzini gutarypdyr. Ol geçip barýan maşynlaryň birini saklap, benzin sorapdyr. Şahyra “benzinim ýok” diýmegiň uslybyny tapmadyk sürüji: “Şlýangaň barmy?” diýen bolýar.
--Wah, şlýanga ýokdur.
--Bedräňem ýokmy?
Atajan Annaberdiniň gaşlary çytylyp gidýär:
--A-how, halypa, heý, “ýolda benzinim gutaraýmasyn” diýip, ýeke tar motoryň rulundan bedre asyp ýören adama gabat geldiňmi sen?
--Ýa, sen-ä bejerdiň-ow – diýip, sürüji öz bedresine benzin guýmak bilen boluberipdir.

11. ENEBAŞGA AGAM
Söwda-satyk bilen meşgullanyp ýören nätanyş ýaşuly çaýlamak üçin Atajanlarda düşläpdir. Ol Ýeseniniň diwardan asylgy suratyny içgin-içgin synlapdyr-da: “Bu ýigit garyndaşyňyzmy?” diýipdir. Onuň bilen gepiniň alyşmajagyny aňan şahyr: “Hawa, enebaşga agam ol” diýip, ýylgyraýypdyr.

12. AÝALSYZ GEZMERSIŇ
Aýalyny edil geýim çalşan ýaly çalşyp ýören ýaş bagşy “Teşnidi” aýdyp oturan eken. Ol aýdymda “Baglarda gyzyl alma, ýar lebi şirin alma, ajala kän ýalbardym, özüm al, ýarym alma” diýen ýerine ýetipdir welin, Atajan: “Bagşy aga, sen bu aýdymy “Ajala kän ýalbardym, ýarym al, özüm alma” diýip, üýtgedip aýt. Sebäbi, janyň sag bolsa, sen aýalsyz gezmersiň” diýipdir.

13.BAZARDA
Atajan Annaberdi sygryny satmak üçin bazara barypdyr. Mal jellaplary derrew onuň daşyna üýşüp, sygyryň bahasyny sorapdyrlar. Mal uçursyz gymmat bolansoň, sygyryň bahasyny aýtmaga ýüzi çydamadyk Atajan: “Men-ä şu sygra bir manat diýýän, aljak adam galybermeli” diýipdir.

14. ŞONDAN KÄN DÄLDIR
Bir oturlyşykda pulmesi ýigitleriň biri: “Atajan kaka, üç aýalym bar” diýip, öwnüp başlaberjek bolupdyr welin, Atajan: “Bolubilýä, inim, şu oturanlaryň hiç biriniňkem şondan kän däldir” diýipdir.

15. ÇAGAŇY BIR HÜWDÜLÄÝME
Folklor toparyna gatnaşýan gelinleriň biriniň ýognasdan ýakymsyz sesi bar eken. Ol Atajan Annaberdä: “Aýdym aýdyşymy neneň gördüň?” diýipdir. Atajan: “Bolubilýä, gelin, ýöne çagaňy bir hüwdüläýme” diýen.

16.OGULLYK BERIP GOÝBERER
Atajan Annaberdiniň birine ogullyk berlen ýoldaşy bar eken. Atajan ony bir oturlyşykdan alyp gaýtjak bolupdyr welin, hiç oýaryp bilmändir. Şonda ol ýoldaşyny yralap: “Hany, tursan-a, how, öň-ä ejeň seni birine ogullyk berip goýberipdir. Bu ýatyşyň bolsa, uklap ýatyrkaň olam seni birine ogullyk berip goýberer” diýipdir.

17. TOÝDA
Bir toýda Atajan Annaberdä bir okara çorba getiripdirler-de, soň habar tutmandyrlar. Ep-esli wagt geçensoň, bir ziňňir uzyn ýigdekçe gapydan boýnuny uzadyp: “Näme kemçilik bar?” diýipdir. Atajan: “Çemçe getir, çörek getir...” diýip oturman: “Näme-ow, inijik, “Uzynyň akyly giç geler etjek bolýarmyň?” diýipdir.

18. “HYDYRLARYŇ” ARASYNDA
Çary Gurbangylyç bilen Atajan Annaberdi çöle gidipdir. Olar kolhoz başlyklarydyr permeler bilen iýşip-içişip otyrkalar, tost aýtmak gezegi Atajana ýetýär. Ol: “Aý, Çary aga, ynha, Hydyr gören çöl, ynha-da Hydyr gören adamlar...” diýip, söze başlapdyr. Çary Gurbangylyç onuň sözüni bölüp: “Haý, Atajan ýalňyşdyň-ow, bular saňa et diýseň et berip otyr, şerap diýseň şerap. Guşuň süýdi diýseňem-ä tapyp berýäler. Bular Hydyr gören däl-de, hakyky Hydyr ata. Ynha, ikimiz Hydyr gören bolýas” diýipdir.

19.BERGILI BOLAÝJAK EKENIŇ
Atajan Annaberdi bir ýoldaşyndan 50 manat pul karz sorapdyr. Ýoldaşy pul bermejek bolup: “50 manadym-a ýok, 25 manadym bar” diýipdir. Onda Atajan: “Aý, şol 25 manadyňy bir ber, 25 manadam bergili bolaýjak ekeniň-dä” diýen.

20. ALMALARAM GURGUNÇYLYKMY?
Aşgabatdan gezmäge gelen galamdaşlary Atajanyň melleginde ýetişdiren akly-gyzylly almalaryny görüp, haýran galypdyrlar. Atajan soň bir gün Aşgabada gezmäge baranda şahyr Saparmyrat Öwezberdiýew: "Atajan, almalaram gurgunçylykmy?" diýipdir.

21. ŞAHYRYŇ "HAN" BOLŞY
Atajan Annaberdi dagy çöle barýarkalar ýolda düşläpdirler. Atajany alyp barýan suw maşynyň sürüjisi: "Atajan, han boljakmy diýipdir. Atajan: "Aý, bol diýseň bolaýarys" diýipdir welin, sürüji: "Al onda" diýip, kabinadan çykaran kirlije ýassygyny Atajana oklap goýberipdir.

22.GÖZÜMDEN OTLAÝ
Bir çilimkeş ýoldaşy zol-zol otluçöp sorap goýmansoň, Atajan Annaberdi: "Otluçöp-ä gutardy, gardaş, gulagymyň düýbüne doňdur-da, çilimiňi gözümden otlaý" diýipdir.

23. SUWDA GÖRSEMEM HALAMOKDYM
Atajan Annaberdi dagy Aşgabatdan gelýärkä balyk iýip geçmek üçin Hanhowza sowlupdyrlar. Çym-gyzyl edilip gowrulan balykdan doly çanagy getiripdirler welin, Atajan: "Gör-ä, muny ediberişlerini. Hiç muňa taý geljek zat dünýede ýokdur. Ysy dagam janyňy alyp barýar-a munuň" diýip, balyga işdämenlik bilen ýapyşypdyr. Şol mahal hem bir gylçyjak onuň bokurdagyna germelip duruberipdir. "Ýa, bolmad-ow" diýip, atylyp daş çykan şahyr ep-esli salymdan soň gözlerini ýaşardyp içerik giripdir-de: "Wah, şu balyk diýen zady suwda görsemem jynym alanokdy" diýipdir.

24. PARAHOR
Atajan Annaberdiniň bir parahor obadaşy zol-zol "aýdylanjanly" edýän ekeni. Muny gören Atajan:
"Zol ýoluna janly aýdyp, bu daýy,
Para bilen yrjak bolýar Hudaýy" – diýen setirlerini döredipdir.

25.NERESSE ÇAGA ÝALY EDIP
Atajan Annaberdiniň garyndaşlarynyň biri onuň edýän aladasyna owlajyk getiripdir. Owlajygyň lägirip-bagyryp durşuny gören Atajan: "Baryň, how, boşadyp goýberiň, neresse çaga ýaly edip, bu janaweri pata ýerine dagy getirmeli däl eken-ä" diýipdir.

26. ARZANLAŞYK BOLSA DAGY DUÝDURAWERI
Oba aktiwistleriniň biri "Ýigrenji galyňy ýok etmek" maksady bilen geçirilýän ýygnanyşyga barýar ekeni. Muny gören Atajan Annaberdi: "Obadaş, arzanlaşyk bolsa, maňa-da aýdaweri. Bizem ýene-de bir oglumyzy öýermeli" diýipdir.

27. HEZIL EDINÄÝER
Bazara garpyzyň ýaňy çykaýan döwürleri Atajan Annaberdi garpyz satmaga barypdyr. Bir owadan gelin ullakan, ala garpyzy pitikleşdirip, gysyşdyryp görüpdir-de: "Şu garpyz bişenmikä?" diýipdir. Ýarylmadyk garpyzy bilip bolýarmy? Şonda-da Atajan: "Aý, bişendir-le" diýip, sypaýyçylyk edipdir. Ýöne gelin şonda-da garpyzy göterip gidibermän: "Muny çig bolsa näme edeýin?" diýipdir. Degnasyna degen Atajan: "Çig bolsa bara, gelin, maýdaja dogragedin, üstüne un sepip, gölejigiňe berseň, iýip hezil edinäýer" diýipdir.

28.SEN SERHOŞ BOLSAŇAM
Atajan Annaberdiniň serhoş goňşusy soýjak gölesiniň iki şahyndan tutup, onuň kellesini gaňyrjk bolupdyr. Muny gören Atajan Annaberdi: "Aý, goňşy, duraweri, sen serhoş bolsaňam, göle sag ahyry" diýipdir.

29. GUŞUŇYZ AŞYKLYJA EKEN
Atajan Annaberdilere kakasynyň frontdaş ýoldaşy gezmäge gelipdir. Şol wagt şahyryň aýaly Gurbanjemal jyrryk gowrup duran eken. Jyrrygyň etinden gerk-gäbe bolan myhman: "Bu nämäniň eti?" diýip, sorapdyr. Atajan ýylgyrypdyr-da: "Guşuň eti" diýipdir. Ozal jyrryk iýip görmedik myhman elindäki süňki içgin-içgin synlapdyr-da: "Bä, siziň guşlaryňyz aşyklyja eken-ow" diýipdir.

30. HEZILIŇIZI ALAÝMASAM
Atajan Annaberdini oturşyga çagyrypdyrlar. Oturanlaryň hemmesi hem oňatja içýän ýigitler eken. Olar şahyra-da iki-üç sapar içiripdirler. Meýlis ýagşy gyzyşansoň, saky ýonma bulgury püre-pürläp, şahyra uzadypdyr-da: “Atajan akga, şujagazam goýber-de, birsellem hezil ber indi” diýipdir. Atajan bolsa: “Ojagazy goýbermäli, ojagazy goýberäýsem, hezil-ä bermen welin, siziňem heziliňizi alaryn men” diýip, ýaşyl akkardeonyna ýapyşypdyr.

31.BIR GUÝY HAKDA IKI GOŞGY
Atajan Annaberdi bilen Nobatguly Rejebe Garabilde 250 metrlik guýyny görkezipdirler. Şonda Atajan Annaberdi:
...Şeýle bir çuň guýy, belli düýbüne
Bir ussadan özgäň aýak basmany.
Ussa ýer şaryny deşip gidipdir,
Görünip dur o tarapyň asmany –
diýen setirler bilen tamamlanýan goşgusyny ýazypdyr.
Atajanyň goşgusyny Nobatguly şeýle dowam etdirýär:
“Ussa ýer şaryny deşip gidipdir,
Görünip dur o tarapyň asmany”
diýip, ýazýaň, haýran galýan, sadalar
Öňki sadalygna galýar ekeni.
Dostum, ol guýy däl, haramzadalar
Sogrup, satypdyrlar Ýeriň okuny.

32. MAŇA ÝER ÝETESI ÝOK—LA
15 öýli tiredeşler pul goşup, geçi satyn alypdyrlar-da, gurbanlyk edipdirler. Gurbanlyk edenleriň baştutany Atajana: “Atajan, sen düýn biziň gurbanlygymyzda görünmediň-le” diýen. Onuň öwünjek bolýanyny aňan Atajan: “Aý, siziň hemmäňiz gylsyratdan bir geçä münüp geçjek bolsaňyz, baraýamda-da, maňa ýer ýetesi ýok-la” diýipdir.

33. TIRKEŞ SÖZLERIŇ MANYSY

- Atajan, goňşy-golam diýilýär welin, goňş-a goňşy, ýöne şonuň golamy näme bolýar?
- Golamy goňşyň öýünde kireýine ýaşaýan adam bolmaly.
- Be, myhnam-mediwanam-a diýýärler.
- Mediwan hakyky myhnanyň yzyna düşüp gelen adamdyr-da.
- Munça bolanyna görä kör-sörem düşündiräýseň.
- Kör-ä kör, sörem ony hasasyndan tutup, idip ýören adamdyr-da.

34.AÝAGYMY KESDIRIP BILJEK DÄL
Atajan Annaberdi şin almakçy bolupdyr welin, satyjy: “Muny ýeke aýaklylara berýäs, enwelitleňki bi” diýip, oňa şin bermändir. Atajan ilki haýyş edip görüpdir, halys bolmajagyny aňansoň bolsa: “Aý, halypa, bermeseň berme, ýeke şin üçin aýagym-a kesdirip biljek däl” diýip, çykyp gidiberipdir.

35. ÝATYLMAKA GETIREWERI
Atajanyň goňşusy ony gije ikilerde turuzyp: “Atajan kaka, ýekeje çüýşe arak tapyp bersen-e, hut ertiriň özünde getirip bereýin” diýipdir. Atajan bir çüýşe aragy onuň eline tutdurypdyr-da: “Al, inim, ýöne ýatylmaka getireweri” diýen.

36. TÜÇJAR DILEGÇI
Ýüzi jozzuk ýaly daýaw dilegçi Atajandan pul diläpdir. Onuň pukara bende däldigini aňan Atajan: “Wah, sen-ä boş goýbermezdim welin, häzir bölegim ýok-da” diýen bolupdyr. Muňa güp ynanan dilegçi: “Getir hany, puluň tutuş bolsa, men bölüp beräýerin” diýip, pully düwünçegine ýapyşaýypdyr.

37. KÖWÜŞ GALAN DÄLDIR
Atajan Annaberdi Annadurdy Aman diýen bagşy dosty bilen bir toýda aýdym aýdyşyp oturan eken. Gijäniň bir wagty

aýdym boldy edilensoň, adamlar çykyp gidipdir welin, ozal hem bir toýda köwşüni aldyryp gören Atajan: “Annadurdy jan, ýaňky gidenleriň hemmesi köwüş geýip giden bolsa-ha, ikimize köwüş galan däldir” diýipdir.

38. “BOLAN WAKA”
Bir körzehin kärdeşi Atajana hekaýasyny okadypdyr. Atajan oňa: “Munyň hekaýa däl-de, adaty bolup durýan waka” diýipdir.

- Be, onda “hekaýa” diýmän, “bolan waka” diýäýsem näderkä?
- Aý, gör-dä, şu waka bolan däldir diýen-ä tapylmaz.

39. SERHOŞLUKDAN AÇYLAÝYPDYR
Bir wezipeli adam gelende, goňşusy oturylyşygyny bezetmek üçin Atajany çagyrypdyr. Aýdym aýdyp, goşgy okap oturan Atajanyň oturylyşyk mahaly iýip-içmäge kän bir elem degmändir. Öý eýesi bolsa wezipeli adamy ugradypdyr-da, serhoş bolan bolup ýatyberipdir. Atajan hem çüýşe-golçaly, gymmat bahaly içgileriň biriniň sapyndan tutup turuberipdir welin, öý eýesi: “Ýa, Atam, hany, otursan-a, seň bilenem elli gram goýberel-ä” diýip, laňňa ýerinden galaýypdyr.

40.WEZIPE
Atajany ýolbaşçy işe geçirmek üçin ýygnak çagyrypdyrlar. Şonda onuň garşydaşlarynyň biri ýerinden turupdyr-da: “Ony belläýsegem bolardy welin, saçy gaty ösgün-dä” diýipdir. Etrapdan iberilen wekil bolsa: “Ähli bahanaňyz şol saç bolsa, ony gyrkdyraýmaly bolar-da” diýen. Muny göwnüne alan şahyr: “Aý, maňa saç-sakgaldan aýyrýan wezipe gerek däl” diýip, ýygnakdan çykyp gidiberipdir.

41. BOZGUÇ
Atajanyň goňşularynyň biri garry düýesini öldürip, bagyr-öýkenini gowrupdyr-da, Atajanlara dadymlyk iberipdir. Şol mahal şahyryň aýaly daşarda eken. Ol Atajanyň bir zady çekeläp oturanyny görüp: “Sen näme çeýneýäň” diýipdir. Agzy tagam tapmadyk şahyr: “Aý, men-ä bozguç çeýneýän. Al senem çeýneseň” diýip, okarany aýalynyň öňüne süýşüripdir.

42. GAÝDYBERSENE
Bir ýat düýäniň küdesinden iýip duranyny gören Atajan ogluna: “Bar, how, ony ur-da, kowup goýber” diýipdir. Eli taýakly düýäniň ýanyna baran ogly kakasyna gygyrypdyr:
--Kaka, niresine uraýyn?
--Aý, şolar ýaly äpet haýwan öňüňde durka, urara ýer tapmaýan bolsaň, gaýdybersene.

43. AŇAÝDYMYKA
Ýeňlesräk hem oýnatgyrak gyzlaryň biri durmuşa çykmazyndan bir gün öň işdeşlerini çagyryp, öz öýlerinde toý edipdir. Toýa öýlenýän ýigidi hem çagyrypdyrlar. Ýöne ol wagtynda gara bermändir. Şonda Atajan tamadanyň gulagyna pyşyrdapdyr-da: “Orazberdi jan, köreken gelibermedi-le, ýa-da ol munuň ýagdaýyny aňaýdymyka” diýipdir.

44. ÝEŇSESI OWADAN ADAM
Saçyny oňatja edip bejerdip gelen işdeşleriniň biri özüni öwdürmek üçin Atajana: “Hany, şahyr, oňatja synla-da, baha ber” diýipdir. Onuň maksadyny aňan şahyr: “Bolubilýä, ýüzüňden ýeňsäň owadan” diýen.

45. ÖZÜM BARARYN
Bir ýaş şahyr goşgularyny barlatmak üçin Atajanlara gelipdir. Myhman myhman bolýar. Şahyr ony ilki iýdirip-içirip, oňatja hezzetläpdir. Soň bolsa onuň goşgularyny gözden geçirip, düzedişdirip beripdir. Muňa monça bolan ýigdekçe: “Atajan aga, nädeýin, şeýdip ýazyşdyraýyn-da, ýanyňa gatnaberýinmi” diýen. Şahyr öz işini kör edip oturanyny bildirmezlige çalşypdyr-da: “Ýok, inim, ýazyşdyrsaň ýazyşdyr-da, düzetdirjek bolaňda, öýňüze çagyraý. Özüm azarsyzja barar duraryn” diýipdir.

46. ÝASSYK

Atajan Annaberdini bir öwünjeň tanşy öýüne çagyryp, öňüne ýelek ýassyk oklapdyr-da: “Al, Atajan, şu ýassyk pylanynyň ýassanan ýassygy bolmaly” diýip, tanymal adamlaryň biriniň adyny aýdypdyr. Şonda Atajan: “Wah, maňa entek hiç kimiň ýassanmadyk ýassygyny äbersene. Ol saňa başga bir şahyr gelende: “Al, şu ýassyk Atajan Annaberdiň ýassanan ýassygy” diýip, öwünmek üçin gerek bolar” diýipdir.

47. GOŞGYNYŇ MEDENIÝETI
Edebiýat birleşmesinde warsakyrak goşgusyny okan ýaş şahyr Atajana: “Goşgyňyzyň medeniýetine seretmeli” diýdiňiz welin, oňa nähili düşünmeli” diýipdir. Atajan muny şeýle düşündiripdir:

- Ýazan goşgyňy diňe ülpetleriňe däl, ejeňe-kakaňa, hat-da uýaňa okap bereňde-de ýüzüň gyzarmaz ýaly edip ýazmaly diýdigim şol.

48. YZYNA TIRKÄÝMESE ÝAGŞY
Atajanlara bir içegen myhman gezmäge gelipdir. Öňdenem guýlanyny eňterip oturan myhman elindäki doly käsänem jyňkydypdyr-da, agzyny tutup daşaryk ylgapdyr. Şonda ozal hem ýüregi bulanjak bolup duran Atajan: “Wah, içen-ä hiç welin, bu bizem yzyna tirkäýmese ýagşydyr” diýipdir.

49. ÖŇÜŇE OKLAP DURMALY
Atajan bir oturyşykda köwşüni ogurladyp, öýüne galoşly gelipdir. Muny gören aýaly: “Gyw, hany, ol täzeje köwşüňi nätdiň?” diýipdir. Jany ýanyp dursa-da, Atajan sypaýyçylygy elden bermändir:
- Aý, toýda eýeleri “köwşüňi öňüňe oklap durmaly” diýensoňlar, galoşly gaýdyberdim.

50.ŞUNY BOŞATSAM ÖZÜMEM BOŞADÝARLAR
Atajan Annaberdi awtoinspektorlaryň biri bilen bir gije nobatçylyk etmeli bolupdyr. Şahyr bolsaň näme, tanamaýan barmy?! Atajan awtoinspektora ýalbar-ýakar edip saklanan tanyş sürüjileriniň dört-bäşisini boşadyp goýberipdir. Gije ýarym boluberipdir welin, ýaňky awtoinspektor: “Atajan aga, ertir menem bir zat dolduryp eltmel-ä, eger sen meň indiki tutanymam boşadaýsaň, ertir meniň özümem işden boşadýarlar” diýip, bar-bar bagyryberipdir.

51. GÖLETOÝ
Obadaşlarynyň biri baga bakylýan gölesini soýanda, Atajany çagyrypdyr. Onuň baranyny görüp, goňşy-golamlar hem ýygnanypdyr. Gelenleriň biri çalarak serhoş eken. Ol öňündäki doly bulgury göteripdir-de: “Şahyr, bu nämäň toýy, näme diýip içmeli?” diýipdir. Çagyrylman gelen, ýarymserhoş adamyň bolup oturyşy göwnünden turmadyk Atajan: “Aý, göletoýuň gutly bolsun diý-de, goýberibersene” diýen.

52. ULY SUNGAT
Bir dosty toý edende haýyş edip, Atajan Annaberdini marekäniň ýüzi gaýdyşýança saklapdyr. Toý sowluberende daş çykan şahyr çadyryň aşagynda süýnüp ýatan iki-üç sany serhoşy görüpdir-de: “Türkmeniň toýundan wagtynda turup gidibermegem uly sungat-ow” diýipdir.

53. JENAP
Bir oturşykda kommersant ýigitleriň birine: “Biziň aramyzda jenap Jumaýew hem bar” diýip, söz beripdirler. Atajan bilen bile toýa baran inisi Annamuhammet: “Agam, jenap diýip nähili adama aýdýarlar?” diýipdir. Şahyr oturanlara duýdurmajak bolup, inisiniň gulagyna pyşyrdapdyr:
Pulunyň möçberini bilmeýän adama jenap diýibermeli.

54. GALAN ÖMRÜNE TUTDURMAZ
Ýüzi-gözi ýellenip, saçy-sakgaly bulaşyp ýatan alkaş tanşyna duş gelende Atajan Annaberdi: “Erkek adamdan eşek ürkmese bolýar” diýselerem-ä diýýändirler welin, şundan ürken eşeg-ä galan ömrüne tutdurmaz” diýipdir.

55. HAÝSY ULY?
Bir seminarda Atajan Annaberdiden “Magtymguly ulumy Puşkin?” diýip sorapdyrlar. Bu ýerliksiz sowala şahyr: “Magtymguly uly” diýip, bada-bat jogap beripdir. Oturanlar heşelle kakyşyp başlapdyrlar:
-Ýok, diňe uly diýeniň bolanok. Uly bolsa subut et.
-Beý, ony subut etmek nämä gerek. Magtymgul-a 1733-nji ýylda doglan, Puşkin bolsa 1799-njy ýylda. Onsoň Magtymguly Puşkinden uly bolar-da.

56. DOK HEM ÝYLY GYŞLAÝAR
Obada Şirli diýen bir sallah ýigit bar eken. Ol gyşyna haýsy garyndaşlarynyň eli giňiräk, jaýy ýylyrak bolsa, şolarda ýaşaberýär eken. Onuň köne ülpetleriniň biri Atajan Annaberdiden: “Bu günler Şirliň ýagdaýy nähili?” diýip, sorapdyr. Atajan Annaberdi oňa: “Şirli dok we ýyly gyşlaýar” diýip, geçip gidiberipdir.

57. MYHMANHANA

Atajan Annaberdilere dört-bäş sany myhman gelipdir. Iýip-içip keýplerini köklänsoňlar, olaryň biri: “Atajan akga, il-ä ony-muny açyşdyran bolup ýör, senem bir zatjagaz açdyňmy?” diýipdir. Ozal hem bäş-alty sany myhmany zordan sowan Atajan: “Inim, men myhmanhana açdym, tanyş-bilişleriňe-de duýduryp, arkaýyn gelibermeli” diýipdir.

58. ÖZ BETBAGTLYGYŇ
Atajan Annaberdi ýaş şahyr wagtlary hem öz goşgularyna düşündiriş bermegi halamaýan eken. Ilkinji kitabynyň maslahady edilende şahyr:
“Seniň çalýan mukamyň
Bir gözeliň zarymy?!
Tarlar – köýen naçaryň
Saçlarynyň tarymy?!” – diýen setirlerini okapdyr welin, adygan şahyrlaryň biri kejirlik edip: “Men-ä bu setirlere düşünmedim” diýipdir. Şonda Gurbannazar Ezizow biraz sakynypdyr-da: “Düşünmeseň biz nädeli, ol seniň öz betbagtlygyň” diýipdir.

59. ÝARAMY TÄZELÄP BARÝARSYŇ
Bir toýda Atajan Annaberdiň maşynynyň nikelini ogurlapdyrlar. Toýdan gelýärkäler şahyryň serhoş ýoldaşy: “Atajan kaka, seniň maşynyň dagy nikelini ogurlamaly däl-ä” diýip, samak-sumak edip başlapdyr. Atajan sag bolansoň: “Aý, zyýany ýok, täzesini alyp dakaýmaly bolar-da” diýip, gürrüňi başga ýana sowupdyr. Ýöne ýaňky serhoş: “Wah, ala-böle seň maşynyňkyny sypyraýyşlaryny diýsene” diýip, ýene-de ýaňky gürrüňi ýanjamaga başlapdyr. Muňa gahary gelen Atajan maşyny saklapdyr-da: “Hany, düş maşyndan, ýaňy ýadymdan çykyşyp başlaýar welin, sen meň ýaramy täzeläp barýarsyň-la” diýipdir.

60.SORAG
Atajan Annaberdileriň ýanyndaky köpriniň üstünde gije toýdan gelýän ýetginjekler sene-mene edişipdirler. Munuň sebäbini anyklamak üçin Atajany soraga çagyrypdyrlar. Tejribesiz sülçi ýigit edepsizlik bilen: “Ýaşuly, ýalňyş görkezme berseň, jenaýat jogapkärçiligine çekilersiň, hany, ilki şu ýerik bir gol çek” diýip, sorag bermäge başlapdyr:

- Siziň ýanyňyzdaky köpriniň üstünde öten agşam oglanlar urşupdyrlar. Şol waka sagat näçelerde boldy? Urşanlar näçedi hem olar kimlerdi?
Sülçiniň gödeksi soraglaryna Atajanyň gahary gelipdir:
- Sen maňa aýlyk berýäňmi?
- O nähili aýlyk?
- Gije ýatma-da, şol köprini sakla – diýip, maňa aýlyk töleýäňmi sen?
- Ýok.
- Onda näme sen ony menden soraýaň? Kim haçan uruşýarka diýip, köprini saklap ýatmakdan başga işim ýokmy meň?
- Ýaşuly, bagyşlaweri, nätjek, düzgün-düzgün bolýar-da – diýip, sülçi şondan soň soragynyň hörpüni üýtgedipdir.

61. BAKJALYKDA
Ýazyjy Amanny Ataýew Atajan Annaberdileriň bakjalygyna gezmäge gelipdir. Olar çatmada oturyp, iýip-içipdirler-de, birsellem gyşarypdyrlar. Amanny ikindinler oýanyp, öýlerine gaýtmakçy bolanda ters tarapa tutduryberipdir. Atajan ony saklap: “Amanny jan, sen serhoş bolaýypsyň öýdýän, uly ýola çykjak bolsaň, eýläk däl-de, beýläk gitmel-ä sen” diýipdir. Ýöne Amanny oňa ýeň bermändir: “Ýok, how, men gelemde-de şu örklengi sary sygryň gapdalyndan geçip gelipdim”.
Belki, meşhur ýazyjy şonda sygryň örküniň täzelenýändigi barada pikir hem eden däldir-dä.

62. ÇAGALY ÖÝÜŇ OGURLYGY ÝATANOK
Aw tüpeňlerini hasaba alýan edaranyň wekili mekdebe gelip, Atajana: “Atajan Annaberdiýewiç, biz ähli ýaraglary hasaba almaly. Ýöne kimde ýarag barlygyny anyklamak hiç başardanok. Sen bize kömek etsen-e” diýipdir. Atajan ony başlangyç synplaryň (klaslaryň) birine alyp barypdyr-da: “Çagalar, siziň ata-babalaryňyzdan galan aw tüpeňleri poslaşyp ýatyr. Ony, ynha, şu adam hiç zat alman, mugtuna ýaglap berýär. Kim tüpeňini ýaglatjak bolsa, şuňa adyny ýazdyraýmaly” diýipdir. Muňa güp ynanan çagalar: “Bizde bar-da, bizde bar, meniň kakamyň adyny ýaz-da, meniň kakamyň adyny ýaz” boluşypdyrlar. Wekil olaryň hemmesiniň adyny hasaba alypdyr. Köp wagt geçmänkä Murgap içeri işler bölümi Atajan Annaberdä minnetdarlyk bildirenmiş diýýärler.

63. HOWOPLY ADAM
Bir toýda Atajan Annaberdini goşga, degişmä düşünmeýän, wezipeli adam bilen oturdypdyrlar. Şahyr hernäçe jan çekse-de, ýaňky adam gülmän-yşman oturanmyş. Atajan gaýdanda toý eýesi bir elýaglyk uzadypdyr welin, Atajan:

“Ikisini ber” diýipdir.
Toý eýesi:
- O näm üçin ikisini bermel? – diýen.
- Saglyga zeper ýetirýän adam bilen oturdanyň üçin.

64. SAZLAP BILJEK SORAÝSA...
Il-güne nepagaty degmeýän obadaşlarynyň biri Atajana: “Keýpler neneň?” diýipdir welin, Atajan: “Wah, keýp diýlen zadam sazlap biljek goç ýigit soraýsa...” diýip, geçip gidiberipdir.

65. ZAPÇAS
Atajan Annaberdi bir näsag obadaşyny soramaga barypdyr welin, ýaňky nähoş: “Wah, adamyň synalarynam maşynyň şaýy ýaly çalşyryp bolýan bolsa bolmaýarmy?!” diýipdir. Onda Atajan: “Bolmaýanna begen, obadaş, çalşyp bolýan bolsa, bireýýäm ikimizem zapçasa öwrerdiler” diýen.

66. ÖÝLENERINEM ÖÝDÝÄN DÄLDIR
Atajan Annaberdiniň içegen ýoldaşy: “Öýlenýänçäň dagy beýdip, içip ýörmeseň bolmaýarmy?” diýip, inisine käýinipdir. Muny eşiden Atajan Annaberdi: “Aý, sen gazananyňy içip ýöreňsoň, bu neresse öýlenerinem öýdýän däldir” diýen.

67. GARŞYLYK
Atajan Annaberdi bilen şahyr Nobatguly Rejep şähere gezelenje çykýarlar. “Şu gün piwo içmäli” diýibem öňünden dilleşýärler. Olar birinji, ikinji, üçünji duş gelen piwohanalaryň duşundan geçip gidýärler. Dördünji piwohana ýetiberenlerinde Nobatguly: “Aý, Atam jan, heý bir gezelençde-de munça garşylyk bolarmy? Ýör, hany, adama bir bokal goýbereli-le” diýipdir.

68. AKYL SORAMOK
Atajan Annaberdi bir husyt goňşusyndan karz pul dilemäge barypdyr welin, ýaňky: “Gazanjyňy ýerliklije sowarlar, pul diýen zat hazzyklyga paranok” diýip, tükezzibana tutduryp başlapdyr. Muňa çydam etmedik şahyr: “Onyň dogry, goňşy, ýöne men senden karz pul soraýan, akyl soramok” diýip, turup gaýdyberipdir.

69. DILEWAR GYZ
Atajan Annaberdi turistik otly bilen gezelenç edip ýörkä, bir görmegeý, garagözelek gyza: “A, gyz, gel çaý içseň, oňatja gara çaýym-a bar” diýipdir welin, ýaňky gyz: “Aý, daýy, gara çaýyň ysy bilen garry adamyň ysyndan daş etsin” diýipdir. Muny eşiden adamlar: “Ellä golaýlap barýan şahyryň şol gün keýpi bolmady” diýýärler.

70. DUŞMAN SAÝAMOK
Atajan Annaberdi dawa-şer gözläp ýören işdeşleriniň birine: “A-how, Pytyrmyrat jan, Atajan Annaberdi duşmanym diýip, öwünip ýörmegin, men seni duşman saýýan däldirin” diýipdir.

71. ÖZÜŇ ÝALY
Bir köpbilmişsiräp ýören, suwjuk obadaşy çagalaryny öwdürmek üçin Atajan Annaberdä: “Çagalarym nähili, meniklijemi?” diýipdir welin, Atajan: “Çagalaryňam edil özüň ýaly” diýip, köpmanyly jogap beripdir.

72. ELIM DEGMEDI
Bir tanşy Atajan Annaberdini toýuna çagyrypdyr-sa: “Bir goşgujygam ýazyp barawergin” diýipdir. Atajan ol toýa barmandyr. Soň bir gün ýaňky toý eden duşanda Atajan: “Toýuň gutly bolsun, menem baraýjakdym welin, goşgy ýazmaga elim degmedi” diýipdir.

73. GYMMAT DÜŞERIN
Bir husyt tanşy Atajana: “Düş, çaý içeli” diýipdir. Atajan oýunlyga salyp: “Düş diýme, how, men düşsem, saňa gaty gymmat düşerin” diýipdir welin, ýaňky: “Beý, şu günler aýlygam berilenog-aý, onda soň bir gün arkaýynçylykda çaýlaşaýarys-da” diýip, öýüne ýumlugaýypdyr.

74. ALKAŞ EDERDIŇ

Atajan Annaberdiniň ýeňil maşynly bir dosty her sapar duşanda: “Atam, seni iýip-içmeli bir ýere äkideýin” diýip, soň habar tutmaýan eken. Atajan bir gün oňa duş gelende: “Esenmyrat jan, şu seniň geleýin diýip, gelmeýäniňem bir gowy zat, ýogsam, sen meni içirip-içirip bireýýäm alkaş ederdiň” diýipdir.

75. BIREÝÝÄM ÖLENDIR
Atajanyň “Halyçy” poemasyny sahnalaşdyrypdyrlar-da, onuň kabul edişligine awtoryň özüni hem çagyrypdyrlar. Oýun gutaransoň Atajan: “A how, meň eserimiň ahyrynda ol garry halyçyny öldürenok ahyry” diýipdir welin, teatryň režissýory Orazberdi Ylýasow: “Atam, onyň bir gutaran garry, how, sen öldürmeseňem, ol bireýýäm ölüp gidendir” diýip, ýylgyraýypdyr.

76. ÄT EDERSIŇ
Bir çaý içişlikde öý eýesi: “Süýjem getireýinmi?” diýip, bäş-alty sapar gaýtalapdyr welin, Atajan: “Maňa süýji gerek däl, inim, ýöne şony indi gaýtalasaň, çagajyklaryňy ät edersiň” diýipdir.

77. “GALANY GOŞGULARYMDA BARDYR”
Mekdepde geçirilen duşuşykda mugallyma gelinleriň biri Atajan Annaberdiden terjimehalyny aýdyp bermegini haýyş edipdir. Atajan Annaberdi: “1946-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda... diýip, doglan ýylyny, aýyny, gününi aýdypdyr-da, “Galany goşgularymda bardyr” diýip, meşhur Ýeseniniň sözlerini gaýtalapdyr.

78. BREZENT TAPAMOK
Gyş günleriniň birinde obadaşlarynyň biri toýa baran Atajany buz ýaly brezentiň üstünde oturdypdyr-da: “Şahyr, senem-ä ogluňy öýermelisiň, ýa entek gelinlik tapaňokmy?” diýipdir welin, digdiräp oturan Atajan: “Gelinlig-ä tapyljak-la, ýöne seňki ýaly sowuk brezent tapamok” diýipdir.

79. DÜWLEŇ TÜRKMEN EKEN
Bir terjime edilen multfilmde düwlen (týulen) ak aýa garap: “Essalawmaleýkim, Aýy aga” diýipdir welin, Atajan: “Bow, asyl düwlenem türkmen eken-ä” diýip, göwnihoşlyk bilen ýylgyraýypdyr.

80. ÖWEZ OGLY
Bir üýşmeleňde oturanlar Atajan Annaberdiniň Öwez diýen inisine: “A-how, inijik, sen gaty köp gepleýärsiň-le” diýipdirler welin, Atajan Annaberdi: “Entegem şükür ediň, how, adamlar, Öwez jan biriniň ýerine gelen bolmaly. Köp gepleýäni öňki neresse ýaşap ýören bolsa görerdiňiz” diýipdir.

81. BERGILI ÇYKAÝMAÝYN
Daşkyrak inileriniň biri Atajan Annaberdiden karz pul alypdyr-da, wagtynda bermändir. Pul çalyşjak-çalyşjak uçurlarynda Atajan oňa: “Inim, algy-bergili meseläni indi goýbolsun edäýeli” diýipdir.
- Weý, Atajan kaka, o nämüçin?
- Aý, hasap-hesip edişsek, birden men bergili bolup çykaýmaýyn.

82. YZLYGYNA-DA SÜRJEKMI?
Göterim sürüji duranlaryň birini çalarak kakdyryp geçipdir-de, maşynyň aýnasyndan boýnuny çykaryp: “Häzirräk bol-a, how” diýip, gygyrypdyr welin, Atajan serrelip ýatany galdyrypdyr-da: “Näme, how, ýa indi sen yzlygyna-da sürjekmi?” diýipdir.

83. “ARKAÝYN GEZ”
Atajan Annaberdi bir tanşyna ýumuş buýrupdyr. Ýöne ol ýumşy bitirmän gaçgaklap ýörensoň, Atajan bir gün ony saklapdyr-da: “Sen, inim, gaty arkaýyn dez, men ol ýumşy bireýýäm bitirdim” diýipdir.

84. ÇIŞIRÝÄR
Bir takwasyrap ýören ot garawuly: “Aňrym ýanyp duran otdur, haýsyňyz dil ýetirseňiz, çişirip ýararyn” diýip, oturanlara haýbat atypdyr. Olar “ýarar-da, ýarmaz” boluşyp: “Sen näder öýdýäň, şahyr?” diýipdirler. Atajan iki tarapyny hem elden bermän: “Men-ä göz görendirin, adamlar, geçen ýazda ýorunjadan kowman, iki sygrymy dagy çişirip öldürdi şü” diýipdir.

85. “TYLLA BALYGYŇ” TARYHY
Bir gezek Gurbannazar Ezizow Atajanlaryň obasyndaky kursdaşlarynyňka gezmäge gelipdir. Atajan dagy üç bolup çeňňekli balyk tutmaga gidipdirler. Obadaşlaryň çeňňegine hiç zat ilmändir. Gurbannazaryň çeňňegine bolsa el ýalyrak gyzyl teňňe düşüpdir. Ýöne şahyr ony içgin-içgin synlapdyr-da, suwa oklap goýberipdir. Obadaşlar: “Beýtmeli däldiň” diýip, Gurbannazara igenipdirler. Muňa şahyryň özi hem ökünen bolara çemeli. Soň bir oturlyşykda ol: “Sen haýsy suwlarda, tylla balygym, ýa bireýýäm tutup goýberdimmikäm?!” diýen setirlerim şol gün, balykdan gelýärkäm döredi” diýipdir.

86. GORKAN ÖŇÜRDER
Maşgalasy bilen ýatymlyk myhmançylyga gitjek Atajan Annaberdi eli egriräk goňşusyny çagyrypdyr-da: “Gurt jan, şu gün agşam mal-garalara göz-gulak bolawergin” diýipdir. Şahyryň aýaly Gurbanjemal muny eşidip, ör-gökden gelipdir:
--Gyw, sen goýunlary gurda tabşyraýdyň-la?
--Hä-ä, käte şeýdip, “Gorkan öňürder” ediläýmesem bardyr.

87. ARASYNDA NASAM ATYP...
Üýşmeleňde bir deňňene bagşysy: “Hany, şunam bir diňläp görüň. Şujagazam bir diňläp görüň, hany” diýip, gep-üýn alyşmaga goýmansoň, Atajan Annaberdi: “Beý, bagşy jan, öňler käte arasynda nasam atyp, hezil beräýmäň bardy-la” diýipdir-de, turmak bilen boluberipdir.

88. HER ZAT EDERSIŇIZ
Bir gün Nobatguly Rejep Atajan Annaberdilere gezmäge gelipdir-de: “Bow, Atam, beýlede neşirýat ýanyp kül boldy welin, sen henizem goşgy ýazyp ýatyrmyň-aý?!” diýipdir. Köpden bäri kitabynyň çykaryna garaşyp ýatan Atajan şonda neşirçi dostlaryndan nägiledigini gizlejek hem bolup durmandyr:
--Aý, meň kitabymy çykarmajak bolup her zat edersiňiz siz.

89. MASLAHAT
Atajan Annaberdiniň toý eden gününiň ertesi bir alkaş obadaşy gelipdir-de: “Nädýäňiz-ow, açylyşýaňyzmy?” diýip, saçagyň başyna geçiberipdir welin, Atajan oňa: “Inim, indi toý edemizde, soň bahanalap geläýer ýaly bir zatjagazyňy galdyran bolup gidewergin” diýip, maslahat beripdir.

90. OBADAN ÇYKAŇSOŇ MÜNDÜRERLER
Hojaýyn bolmagy arzuw edip ýören obadaşlarynyň biri Atajan Annaberdä: “Şahyr, şu döwlet maşynlarynyň birine göterip mündürmeseler, gözümi açyp giderin” diýipdir welin, Atajan oňa: “Gözüňi açyp gitme, obadaş, ýumup git, maşyna-da obadan çykaňsoň mündürerler” diýip, “göwünlik” beripdir.

91. IKI AÝAGY HEM ÝOGUŇKY
Bir obadaşy Atajan Annaberdiden nas sargapdyr. Atajan nasy alyp barsa, başga bir öwünjeň naskeş nas sargan bilen çaýlaşyp oturan eken. Ol: “Men-ä Atajan agsagyň nasy bolmasa alamok. Inim, seň getireniň kimiň nasy?” diýipdir. Maryda Atajan agsakdan başga naspuruş bolmansoň, şahyr: “Meň getirenim iki aýagy hem ýoguňky” diýip, çykyp gaýdyberipdir.

92. MAŞYNYŇ IŞLEMEDIK ÝERLERI
Goşgudan başy çykmaýan inileriniň biri goşguly kitapdaky köp nokat goýlan setirleri Atajan Annaberdä görkezip: “Atajan kaka, bular näme-aýt?” diýipdir welin, Atajan: “Goşgy çap edýän maşynyň işlemedik ýerleri şol” diýip, köpmanyly ýylgyraýypdyr.

93. GAÝRATYŇ GAÇANDYR
Atajan Annaberdiniň ýaşka şalpaňrak gezen bir deň-duşy bar eken. Ol bir oturlyşykda: “Atam, öňki-öňkülikdir öýdüp, gaçyp ýörmegin. Menem indi düzelendirin” diýipdir. Atajan hem oňa: “Aý, Şally jan, sen düzelib-ä, entek-entekler düzelmeli däl, ýöne indi gaýratyň gaçyşyp ýören bolaýmasyn” diýipdir welin, ýaňky jalataý: “Aý Atam, şonyňam biçeme däl” diýip, gümmi-sümmi edäýipdir.

94. AÝAT OKAMANY ÖWRENSEŇ...
Ýetmiş ýaşy arka atan goja söýgi hakdaky goşgularyny okap beripdir-de, Atajan Annaberdä: “Men muny indi öwrenjek bolýan. Näder, şeýdibersem bolarmy?” diýipdir welin, Atajan: “Aý, bolub-a bolar-la, ýöne indi sen goşgy ýazmany däl-de, aýat okamany öwrenseň oňat bolaýmasa” diýen.

95. KERPIÇ ZAWOD AÇDYŇMY?
Oturlyşykda bir pulmesi: “Ýedi depik gumuňyz bilen satyn alaryn” diýip, oturanlara haýbat atyp başlapdyr welin, Atajan Annaberdi: “Gumy näme etjek, inijik, ýa-da täzelikde kerpiç zawod açdyňmy?” diýipdir.

96. ÝAT TUTDURJAK BOLÝARMYŇ?
Edebiýat birleşmesinde bir gyz: “Şu goşgymy ozalky birleşmede-de okap beripdim, ýöne ýene bir gezek diňläp görseňizläň” diýip, goşgusyny okaberjek bolupdyr welin, Atajan Annaberdi: “Näme, jigim, her birleşmede okap, ony bize ýat tutdurjak bolýarmyň?” diýip, ýylgyrypdyr.

97. ŞU GÜN BIR GELMÄWERI
Bir husyt obadaşy her sapar Atajan Annaberdä duşanda: “Atam, senem-ä bir diňlemeli” diýýän eken. Bir gün onuň kiçeňräk üýşmeleň edýänini eşiden Atajan: “Diňlejek bolsaň, şu gün baraýaýyn?” diýipdir welin, ýaňky: “Bow, şu gün bir gelmäweri. Şu gün dagy geläýseň, ummasyz çykdaja goýarsyň sen meni” diýip, bagyryberipdir.

98. ZAPAS ÝÜZLI MYHMAN
Biri Atamyrat Atabaýlara myhmançylyga gelipdir-de, on-on bäş günläp gitmändir. Bu ikiýüzli myhmany Atajan Annaberdem, Nobatguly Rejebem tanaýan eken. Bir gün Nobatguly Atajana: “Bu myhmanyň beýdip ýörmäge nädip ýüzi çydaýarka?” diýipdir welin, Atajan: “Nobat jan, sen onuň gaýgysyny etme, çydamasa onuň zapas ýüzi bar-a” diýip, gülüberipdir.

99. MAŇLAÝYŇY ELLÄNSIŇ
Atajan Annaberdiniň öýlenip bilmän ýören bir obadaşy bar eken. Bir oturlyşykda ýaňky daş çykyp gelipdir-de: “Beý, ellem gap-gara bolaýypdyr-la, näme elledimkäm-aý men?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Maňlaýyňy ellänsiň, maňlaýyňy” diýipdir.

100. DEMIR ÝOL GARASYNY GÖRMEDIKLERI
Atajan Annaberdi turistik otluda gezelenç edip ýörkä bir gyz dillisiräp: “Şahyr, sen nähili gyzlary gowy görýärsiň?” diýipdir welin, Atajan: “Demir ýol garasyny görmedik gyzlary gowy görýän” diýip, geçip gidiberipdir.

101. IKI MÜŇ MANADY
Telewizoryny bejerdip gelen Atajan Anjnaberdiden aýaly sorapdyr:
- Näme, bir zady ýanyp dagy edipmi?
- Hawa, ýanan eken.
- Nämesi ýanypdyr?
- Iki müň manady.

102. TARYHA GIRER OTURYBERER
Obada bir halanmaýan dükançy bar eken. Obadaşlary Atajan Annaberdä: “Şahyr, bir şerebelije goşgy ýazyp, şu haramzadany dükandan çykardyp bilmezmiň?” diýipdirler. Şonda Atajan: “Ýok, adamlar, goşga salyp dükandan çykartsaň, bu taryha girer oturyberer” diýen.

103. POEZIÝANYŇ ABRAÝY
Otla bilet almak üçin kassa gelip, nobatyň yzynda duran Atajan Annaberdini gören tanyşlary: “Şahyry goýbereliň-de-goýbereliň” boluşyberipdirler.
Bilet alyp öýüne gelen Atajan aýalyna: “Menem şu gün poeziýanyň abraýyndan peýdalandym” diýip, göwnühoşluk bilen ýylgyrypdyr.

104. KIÇIJIK BELALAR

Biçak bitginli Ata Abdyrahmanow Atajan Annaberdi dagy bilen obalara aýlanyp ýörkäler hem sanjym etdirýär eken. Olar medpunkta sowlupdyrlar welin, Ata aga: “Şpris ýene azajyk gaýnasyn, entek mikroblar ölüp ýetişen däldir” diýip, ýoldaşlaryny ep-esli garaşdyrypdyr. Sabyr-takady tükenen Atajan Annaberdi ahyry: “Ýa, Ata aga, urduryp goýbersene, seň ýaly äpet adama kiçijik mikrob näme eder öýdýäň?” diýipdir welin, Ata Abdyrahmanow ör-gökden gelipdir:
- Bow, inim, beý diýmäweri, başyňa bela getirýän şu kiçijik zatlardyr – diýipdir.

105. ÖWLÜÝÄDE ÝAT
Şahyrlar belli edebiýatçy mugallym Ata Akbäbäýewlere ýygnanypdyrlar. Ýöne otluda sütüni süýnüp gelen şahyr Nobatguly Rejep gyşarypdyr-da, Atajan Annaberdi näçe yralasa-da, wagty bilen oýanmandyr:
- Tur-how, Nobar jan, bu günki oturlyşygyň işini gördüň-ä sen.
- Goýsana, Atam, halys öldüm-ä men.
Jany ýanan Atajan Annaberdi şonda: “Bar, how, ölen bolsaň, git-de öwlüýäde ýat-da” diýipdir welin, Nobatguly: “Ýa, Atam, aldyň-ow” diýip, laňňa ýerinden galaýypdyr.

106. NÄHOŞY AÇYP BOLMAÝMASA
Atajan Annaberdi balary saklaýan obadaşyndan näsag garyndaşy üçin aryň kirini soramaga barypdyr. Balaryň eýesi şahyryň ugrundan gopubermän: “Aryň kir-ä bardyr welin, gyşda aryň gutusyny açyp bolanok, ynha, ýaz çykar welin, açar-da beräýerin” diýipdir. Onda Atajan: “Aý, obadaş, sen-ä aryň gutusyny açaýarsyň welin, ol wagt nähoşy açyp bolmaýmasa” diýip, çykyp gaýdyberipdir.

107. KÖNÄNIŇ ZYÝANLY GALYNDYLARY
Toý gününiň ertesi palatkanyň aşagynda samak-sumak edişip oturan myhmanlary gören inisi Atajan Annaberdiden soraýar:
- Beý, Atajan kaka, bi myhmanlar täze geldim-aý?!
- Ýok, inim, olar-a könäniň zyýanly galyndylary – diýip, şahyr jogap beripdir.

108. SOGAN
Melleginde ýetişdiren soganlaryny gören goňşusy zol-zol dilemäge gelip duransoň, Atajan Annaberdi: “Goňşy, seňňem biziňki ýaly ýeriň bar, suwuň bar, sogan iýjegiň çynyň bolsa, özüň ekip ýetişdiräýmezlermi?” diýipdir.
- Wah, ýetişdirjek welin, bize sogan düşenok-da.
- Aý, bizem-ä şuny düşürjek bolup, eneden-atadan dyndyk, goňşy.

109. GÖROGLYŇ ATYNY OGURLAJAKMY?
Bir gün şahyr şäherden gelýärkä, ýoluň ýakasynda elini galgadyp duran garryja daýzanyň gabadynda maşynyny saklaýar. Görse, ol ýetmiş töweregi ýaşan obadaş daýzalarynyň biri eken. Ýolda şahyr:
- Tüweleme, Hajar ýeňňe, janyňa berekella. Şähere gaýdypsyň-la. Bazarlap dagy gelýärsiňmi?
- Ýok-la, jan oglum, keselhanadan gelýän. Dişim agyryp, hiç ýtyranok. Bary-ýogy üç-dört dişim galypdy. Onuňam ikisini sogurmaly diýdiler. Gorkup, sogurtman gaýtdym – diýip, Hajar daýza janygypdyr.
Onda Atajan Annaberdi ýylgyryp:
--Bä-ä, Hajar ýeňňe, olary hem sogurdyp, näme, Göroglynyň atyny ogurlamak hyýalyň barmydy? – diýipdir.

110. S – S – S – SALAWMALEÝKIM
Bir gün şahyr öýünden çykyp, gapysynda duran maşynyna tarap ýönelipdir. Şol wagt obadaş oglanlaryň biri Atajan Annaberdä:
- S-s-s-s-sa-sa... – diýip, sakawlap başlapdyr.
Sözüniň başyny başlasa, yzyny saýradyp gidiberýänligine belet Atajan Annaberdi:
- Waleýkimessalam, pylany jan, oňatlykmy hemme, sag-gurgunmy – diýip, howlukýandygyny duýdurypdyr. Maşynyna münübem, ýaňy bir ugransoň, ol oglan:
--Sa-s-s-sa-salawmaleýkim, Atajan kaka – diýip, ýetişipdir.

111. TIRKEŞ SÖZLERIŇ MANYSY
Şahyrdan tirkeş sözleriň käbiriniň manysyny öňem eşiden goňşularynyň biri ony gürletjek bolup:
- Atajan, birki sany tirkeş söz bar welin, şony düşündirsene diýip geldim men-ä – diýipdir.

Şahyr:
- O, nähili? Hany, aýt, başarsak...
- Ynha, mysal üçin, “köwüş-pöwüş” diýilýär. Şoňa nähili düşünmeli?
Onda Atajan Annaberdi ýüzugruna:
- Ine, köwüş-ä aýakgap. Ol-a düşnükli. Yzyndaky pöwüş bolsa köwüşi geýip-geýip köneldeňsoň, onuň erňegine basylýar. Dik duran ýeriňden geýip-çykarmasyny ýeňilleşdirmek üçin. Ana, şoňa-da pöwüş diýilýär – diýipdir.
Onda goňşusy ýene-de:
- “Myhman-mediwan” bolanda näme bolýar onsoň – diýip, sorapdyr.
- Myhman-a, özüň bilýäň, günde-günaşa gelip, üstüňi alyp ýörmeýän, bizar etmeýän adamlar bolýar. Mediwan hem şony bahanalap, “pylany geläýdimi-aý” diýip, öz bokurdagynyň aladasyny edýän adam bolýar – diýensoň, goňşusy şol bada ol ýerden ýuwaşlyk bilen ökjäni göteräýipdir.

112.SENDE DURUBERSIN – LE
Atajan Annaberdiniň mekdepde işleýän wagtlary mugallymlaryň biri her gün her arakesmede ondan çilim dileýärmiş. Her gezek hem gysganmaýan şahyr bir gün:

- Aý, köşek, şu çilim gap sende durubersin-le gowusy. Gerek bolan çaky meniň özüm senden soraýaryn – diýipdir.

113. GYZYLYMY GÖMÝÄN
Bir gün Atajan Annaberdi melleginde täze nahal oturdyp ýörkä, goňşularynyň biri gelip:
- Näme-how, Atajan jan, gara suw bolup, gyzyl gözleýän-ä dälsiň-dä hernä – diýipdir.
Onda şahyr:
- Ýok-la-how, gaýta gyzylymy gömýärin. Ýogsa geçen ýylky gömen gyzyllarymy hem ýaňy bir şahasynda görnüp ugrady welin, daş-töweregiň oglan-uşaklary, mallary süýr günortan alyp gidiberýärler. Janawerler haýwan hem bolsa aýan bolýandyr-da, gyzyly tanaýarlar-how. Soňam ony bedre-bedre berip gaýtaraýýarlar – diýipdir.

114. DILEGI KABUL BOLAN
Magtymgulynyň şygyrýet gününi geçirmek üçin Mary şäherine ýygnanan märeke esasy köçäniň iki tarapynda hatarlanyşyp duran ekeni. Aňyrdan gelýän bezelgi ýük maşynynyň üstünde duran Magtymguly (artist Berdi Mollaýew) märekäniň deňine ýeteninde ellerini ýokary göterip: “Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym” diýen goşgyny okamaga başlapdyr. Burkut diwana şol pursatda onuň nesýesini nagt edipdir. Magtymguly goşgyny gutaryp-gutarmanka, şeýle bir çabga ýagmaga başlapdyr, edil bedreläp guýýan ýaly diýýär. Özünem çabga goýar ýerde goýmandyr. Onsoň adamlar jyn dagan ýaly bolup, öz başlaryny gutarmagyň aladasy bilen bolupdyrlar.
Şahyr Atajan Annaberdiýew bir çetde goýan maşynynyň ýanyna ylgap barýança, süllümbaý ezilipdir. Baharyň çytawun howasynda öl eşikleriň içinde digdirekläp duran adam özüňe belli. Ol daşky eşiklerini çykaryp, “Žigulisine” giripdir-de, maşynyny öýlerine tarap haýdadyp ugrapdyr. Atajan şäherden çykyberende ýol ugrundaky duralganyň teläriniň aşagyndaky awtoinspektor oňa ala taýagyny somladyp “Saklan” diýen yşaraty edipdir. Şahyr maşynyň badyny gowşadyp, aýnanyň gözeneginden inspektora garapdyr-da:
- Görýäň-ä, tursuk-maýkaly otyryn. Prawa gerek bolsa, öýe baryber – diýip, salgysyny aýdypdyr-da, maşynynyň badyny gataldypdyr.

115. MEN OTURAÝYN WELIN...
Atajan Annaberdilere bir garyndaşlary gezmäge gelipdir. Öýde özünden başga hiç kim bolmansoň, Atajan çaý-naharyň aladasyny etjek bolupdyr, ýöne ýaňky myhman: “Hiç zat gerek däl, otursan-a” diýip, Atajany goýbermändir. Günorta nahary golaýlaşypdyr. Şonda-da myhman: “Otur-otur” diýip, Atajany sypdyrmandyr. Ahyry Atajan: “Men-ä ajykdym, myhman, men oturaýyn welin, iýer-içer ýaly zatlary sen taýynlaý!” diýipdir.

116. MEN ÝAZYP BERSEM...
Bir tanşy Atajan Annaberdä häsiýetnama ýazdyrmaga gelipdir. Atajan ol geleni halamansoň: “Özüň ýazyp geläý, men maşynkadan geçirip beräýerin” diýen bolupdyr. Ýöne ýaňky: “Bolýar” diýip, gidibermändir-de: “Obadaş, sen bir uly ýazyjy, özüň ýazyp beräýsene” diýip oturypdyr. Şonda Atajan: “Ýok, inim, özüm ýazyp bersem, seni ol işe almazlar” diýen.

117. UNIWERSAL
Agalarynyň biri: “Basymrak geleweri” diýip, Atajan Annaberdä jaň edipdir. Ol ozal hem del-dülräk myhman gelende Atajany ulanyp ýören eken. Şonuň üçin Atajan: “Nurly kaka, bu sapar men kim bolup barmaly, sürüjimi, bagşymy ýa şahyr...” diýipdir welin, agasy: “Uniwersal bolup gel, uniwersal” diýip, gülüberipdir.

118. DÜŞÝÄNINI AÝTDYM
Ýoldaşlarynyň biri degişmelerini diňlemek üçin Atajan Annaberdini öýüne çagyrypdyr. Öý eýesi gysganjyrak ekeni. Ol bulgurlary birki sapar aýlaşdyran bolupdyr-da: “Bol, Atam, indi hezil beriber” diýipdir. Atajan hem degişmeleriniň birki sanysyny aýdypdyr-da, bes edipdir. Öý eýesi: “Näme goýduň, Atam, aýdyber-ä” diýýär. Atajan bolsa: “Ýaňky guýanlaryňa düşýänjesini aýtdym, degişme diňläsiň gelýän bolsa, senem gymyldadyp otur” diýýär welin, ýoldaşy: “Ýa, Atam, sen-ä bejerdiň-ow!” diýip, bulgurlary doldurmak bilen boluberipdir.

119. ÝYL ALYP BARARYN
Bir türmede oturan obadaşy: “Atajan, akkordeonyňy alyp türmä gelsen-e” diýip, Atajan Annaberdä hat ýollapdyr. Atajan onuň hatynyň aşagyna şu sözleri ýazypdyr-da, ony yzyna ugradypdyr:
“Gadyrly obadaş, men akkordeony alyp, türmä baryp biljek däl, eger baraýsamam, ýyl alyp bararyn!”

120. PUL BILEN TUTDUM
Atajan Annaberdi bir gün çeňňekli balyk tutmaga gidipdir, ýöne hiç zat tutup bilmändir. Ol bazara sowlup, iküç kilo balyk alypdyr-da öýüne gelipdir. Balyklary gören goňşusy: “Goňşy, bu balyklary näme bilen tutduň?” diýipdir. Atajan oňa: “Pul bilen tutdum, goňşy” diýip, ýylgyraýypdyr.

121. EŞEGIŇ YSY
“Goňşyň ýandagyň pürüni gaýnadyp içýärmiş welin, nädýärkä, peýda edýärmikä?” diýip, obadaşlary Atajan Annaberdiden sorapdyrlar. Şonda Atajan: “Aý, peýda edýänini, etmeýänin-ä biljek däl, ýöne ýandagyň suwuny içip başlaly bäri ondan eşegiň ys-a gelip dur” diýipdir.

122. ÖŇKI ÝERINDEDIR
Haçan görseň Atajan Annaberdilerden iýip-içip ýören inileriniň biri birden baýapdyr-da, gelmesini kesäýipdir. Bir duşanda Atajan oňa: “Inim, haçan barsaň, barybergin, agaň öýi öňki ýerindedir” diýipdir.

123. GAÝDYŞYN SÜRERIN
Atajan Annaberdini ýeňil maşynly oglanlaryň biri bilen öýlerine ugradypdyrlar. Sürüji oglan içgiliräk eken. Üstesine, maşynam uçuryp barýarmyş. Atajan: “Haý, ýuwaşyrak, ýuwaşyrak süreweri, inim!” diýip, zordan öýüne golaýlaşypdyr welin, ýaňky: “Atajan kaka, gelemizd-ä sürdürmediň welin, gaýdyşyn bir şuny gaýdyrşyma seret!” diýen. Onuň bir betbagtlygyň üstünden baraýmagyndan ätiýäç eden Atajan Annaberdi: “Bah, ýaňkylara bir zady aýtmak ýadymdan çykan eken-ow” diýip, ýaňky ýigidi alyp giden ýerine getiripdir-de, öýüne ýol maşyn bilen gidipdir.

124. ŞU SAPARAM ALMAZDYM
Atajan Annaberdi bir obadaşyny maşynyna mündüripdir welin, ol: “Arada, ýolda durkam, görmedik bolup, alman geçdiň” diýip, igenip başlapdyr. Onuň ýerliksiz igenjine jany ýanan Atajan: “Wah, şeýtjegiňi aňan bolsam, seni şu saparam almazdym” diýip, hüňürdäpdir.

125. POMIDOR GAÝNADYP DÖKÝÄN
Atajan Annaberdiniň Annabike eje diýen obadaşynyň gaýnadyp, ýapan pomidorlary açylyp duran eken. Onuň ýene-de pomidor gaýnadyp oturanyny gören Atajan Annaberdi: “Annabike eje, pomidor gaýnadyp döküýärmiň?” diýipdir welin, ýaňky: “Wah, hawwa-la” diýip, bagyryberipdir.

126. URŞA GIDÄÝSEŇ
Atajan Annaberdä bir meýlisde deňňene bagşysyny diňledip: “Şahyr, biziň bagşymyzy neneň gördüň?” diýipdirler. Bagşyň sesi biçak gaty hem guraksy bolansoň, Atajan: “Wah, şuň sesini alyp, urşa gidäýseň” diýipdir.

127. ÝATDA GALAN SIŇEKLER

Atajan Annaberdi bir siňekli öýe myhman bolupdyr. Asyl, saçagyň, klýonkaň üsti dagam bagana ýapylan ýalymyş. Atajan gaýdanda öý eýesi: “Gelip dur, ýadyňdan çykaraýmagyn” diýip, sargapdyr. Şonda Atajan: “Sizem-ä çykarmasam çykarman welin, şu siňekler-ä hiç haçan ýadymdan çykarman” diýipdir.

128.TOWUGA ÝÜKLEMELI ÖÝ

Atajan Annaberdi dagy ogly bolan obadaşynyň öýünde uzynly gün iýip-içip oturypdyrlar. Öýünde öýlänlik galmadyk öý eýesi gijara goňşularyndan iki sany towuk karz alyp getiripdir-de: “Bulary nädeýin?” diýipdir. “Birin-ä häzir gowrup getir” diýipdirler. Öý eýesine nebsi agyran Atajan: “Beýlekisi dursun, oňa öýüňi ýüklärsiň” diýen.

129. SENEM HUDAÝ TUTMAL – A

Atajan Annaberdiniň bir wezipeli ýoldaşy ýanynda oturany gökezip: “Atajan akga, şuny orunbasar edip işe alaýsam näder?” diýipdir. Işe alynjak gedemräk, gyzmarak bolansoň, Atajan: “Al, inim, al, seňkem mydama tigirlenip ýörmeli däl. Senem Hudaý tutmal-a” diýipdir welin, oturanlar pyňkyrşyberipdir.

130. MENIŇ ADYMY BERÄÝGIN

Bir oturşykda, maşynly oglanlaryň biri içip bilmän, tykyrap oturan eken. Onuň içesi gelip, ölüp-öçüp barýanyny aňan Atajan Annaberdi: “Arkaýyn içiber, inijik, saklasalar meniň adymy beräýgin” diýen. Muňa monça bolan sürüji ýyrş-ýyrş edip: “Dogrudanam, Atajan aga, seň adyňy bersem, sypdyrarlarmy?” diýipdir welin, Atajan: “Ýok, inim, sypdyrmazlar, meniň adymy berseň, sürüji hukugyňdan mahrum edýärler” diýip, ýylgyrypdyr.

131. ÖZLERI ÝUWARLAR

Bir patada: “Kimiň şu bendede algysy bolsa, dillensin” diýip, gygyrypdyrlar. Atajanyň ýanynda oturan, içegen oglanlaryň biri: “Bu, maşyn alanda, ýuwaýyn diýdi-de, ýuwman gitdi” diýip, hüňürdäpdir. Atajan Annaberdi muňa düşünmediksirän bolup: “Howlikma, inijik, ol ýuwmasa-da, ölseň, bulaň özleri ýuwarlar” diýipdir.

132. ŞONDAN BIR SORAÝMAWERIŇ

Atajan Annaberdiniň obadaşlary bir ýere gudaçylyga barypdyrlar. Guda bolunjak ýer: “Atajan Annaberdiň obadaşy bolsaňyz, şondan bir sorap göreli” diýipdir welin, ogullary kemalsyzrak bolansoň, baranlar: “Şondan bir soramaweriň, onuň adamdan ýüz görmesi ýokdur” diýişip, ýöwselläberipdirler.

133. AÝDYLANLAR GELENDE DAGY...

Atajan Annaberdi ähli zatlary taýynlap, myhmana garaşyp oturan eken. Ýöne myhmanlar wagty bilen gelmändir. Şol wagt, Atajanyň, nirede iýer-içer ýaly zat barka diýip, ysyrganyp ýören, içegen obadaşlarynyň biri gapydan girýär. Ähli zatlary ortada bolansoň, Atajan ony bialaç, saçagyň başyna geçirýär-de: “Anha, towuk, balyk, ine, bu-da çişlik... al, iýiber. Olardan guýuşdyr-da, tostam aýt” diýýär welin, ýaňky ullakan, ýonma bulgury konýakdan dolduryp göterýär-de: “Al, onda, Atajan kaka, aýdylanlar gelsin” diýýär. Öňem myhmanlaryň gelmedigine jany ýanyp duran Atajan şonda: “Wah, aýdylanlar gelende dagy men seni daşky derwezeden saljakmy?” diýip, başyny yaykaberipdir.

134. ISLÄN ÝERIŇDEN SÜMLÄÝMELIDI

Atajan Annaberdi, “Ozal garyp bolup, soňra baýan” obadaşlarynyň biriniňkä barypdyr. Ýöne demir derwezeli, kaşaň howlyň hiç ýerinden sümlere deşik tapmandyr. Asyl, guş bolaýmasaň, howla girmäge milt eder ýaly dälmiş. Derwezäni kakyp-kakyp, girip bilmän daýdan Atajan ertesi ýaňky howlyň eýesine: “Obadaş, baýlyg-a erbet zat ekeni. Garypja wagtyň islän ýeriňden sümläýmelidi” diýip, baryp gaýdanlygyny ýaňzydypdyr.

135. IÝILIP – IÇILÝÄN ÝERIŇ NIREDE?

Bir puldar obadaşy Atajan Annaberdini öýüne çagyrypdyr-da, howlusyny, ähli jaýlaryny, ýerzeminlerini, hammamyny hem beýleki desgalaryny görkezip: “Nähili gördüň?” diýipdir. Onuň özüni öwdürjek bolýanyny aňan Atajan: “Bolýar, bolýar, bulaň bary oňat, ýöne iýilip-içilýän ýeriň nirede?” diýen.

136.YZYŇA DÜŞÜP GELÝÄR DIÝMESEŇ

Atajan Annaberdiniň bir köwüşçi tanşy bar eken. Atajan oňa köwüş buýrup tikdiripdir. Soň bir duşanlarynda ýaňky köwüşçi ussa Atajana: “Atam, köwşümi nähili gördüň, haladyňmy?” diýipdir welin, Atajan: “Essalawmaleýkim” diýip, gapydan gireňde, yzyňa düşüp gelýär diýmeseň, ýaman däl” diýip, sypaýyçylyk edipdir. Ýagdaýy aňan köwüşçi: “Atam, oň içinde çüýjagaz bardyr, geýiberseň özi ýer ediner-le” diýip, ýylgyraýypdyr.

137. IÝ – DE ÝAT!

Atajan Annaberdi bir garry, nähoş aýaly soramaga barypdyr-da, näme iýesiniň-içesiniň gelýänini sorapdyr welin, ýaňky: “Wah, bir bişenje erik bolaýsa...” diýen. Erik döwri bolmansoň, Atajan oňa bankaly – ýapylan kompot erik getirip beripdir. Ýöne nähoş aýal ony halamandyr. Şeýdibem, bende erik bişiberende ýogalypdyr. Gonamçylyk erik bagynyň golaýjagynda eken. Ýaňky aýaly jaýlap bolansoňlar, Atajan: “Ynha, ýeňňe, erigem bişdi, indi näçe isleseň, iý-de ýat!” diýip, pyşyrdapdyr.

138. SAMAGON APPARAT ÝALY
Atajan Annaberdiden, operasiýa edilip, rezin turbajykdyr çüýşe bary oturdylan goňşusynyň ýagdaýyny sorapdyrlar. Şonda Atajan: “Nähili bolar öýdýärsiňiz, samogon apparat ýaly bolup ýatyr-da” diýip, olara nähoşuň ýagdaýyny düşündiripdir.

139. SEN DÜZELMEÝÄŇ
Atajan Annaberdiniň tussaglykda oturyp gelen bir obadaşy: “Atajan aga, tussaglygam erbet däl, dogumlyja bolsaň, günde bir wagtyna palaw-a iýdirýärler” diýip, öwnüp başlaberipdir welin, Atajan: “Aý, inim, sen düzelmeýäň” diýip, turup gidiberipdir.

140.TÜRMEDEN GELEŇSOŇ BIR...
Atajan Annaberdiniň tussaglykdan gelen obadaşy oturşyga gelip, oturanlar bilen görüşmän, oturyberjek bolupdyr welin, Atajan: “A-how, inim, türmeden geleňsoň bir obadaşlaň bilen görşüp çyk-a” diýip, ony utandyrypdyr.

141. KIM HAÇAN ÝAZMALY?
“Goşgyny haçan ýazmaly, gijemi, gündiz?” diýip, bir ýaş şahyr gelin Atajan Annaberdiden sorapdyr. Atajan Annaberdi oňa: “Ýaşkaň, gije ýatmaly-da, gündiz ýazmaly. Gartaşaňsoň bolsa, gije ýazybermeli” diýip, köpmanyly jogap beripdir.

142. BARMAKLARYŇA HÄZIR BOLMALY
Atajan Annaberdiden, sataşsaň, aljak-ýoljak bolup duran obadaşynyň ýagdaýyny sorapdyrlar. Şonda Atajan ony: “Görşeňde ahmal bolsaň, bildirmän, on barmagyň birini alyp galýandyr” diýip, häsiýetlendiripdir.

143. HER GÜN BEGENÝÄRSIŇ
Atajan Annaberdiniň köneje maşyny bar eken. Obadaşlary oňa: “Şahyr, senem maşynyňy täzeläp, agtyjaklaryňy begendirseň bolmaýarmy?” diýipdirler. Şonda Atajan: “Maşynyňy täzeleseň, bir gün begenýärsiň. Maşynyň köne bolsa, bejerdip, her gün begenýärsiň” diýipdir.

144. AJALDAN GAÇYP BARÝARMYŇ?
Atajan Annaberdiniň bir köpbilmiş obadaşy her gün daňdan turup, ylgaýar eken. Bir gün maşynly barýan Atajan oňa duşanda: “Näm-ow, obadaş, ajaldan gaçyp barýarmyň?” diýip, gygyrypdyr.

145. ÝÜZ BERMÄWERI
Atajan Annaberdi bilen Nobatguly Rejep bir toýda otyrkalar, olaryň ýanyna bir nätanyş ýigit gysmyljyrap gelipdir welin, Atajan: “Nobatguly jan, ýüz bermäweri, ikimizi tanaýan bolsa, ol ýa ýaş şahyrdyr, ýa-da tamada” diýip, gaýra-gaýra çekiliberipdir.

146. BIRDEN – BIRINI AÝYR!
Atajan Annaberdi bilen ýazyjy Bazar Öwez medeniýet işgärleriniň arasyna, duşuşyga barypdyrlar. Şonda ýaňyrak işe gelen bir ýaş ýigit: “Eý, Bazar aga, ýörüň, duşuşyk ýerine baraýalyň!” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Inim, ýaňky sözüň ýa “eýini” aýyr, ýa-da “agasyny” diýipdir.

147. ÖZ – Ä GITDI WELIN...
Dini aýdymlaryň aýtdyrylmaýan, sowet döwri Atajan Annaberdi bagşylar bilen toýa barypdyr. Her kim bir aýdym aýtmaly eken. Bagşylaryň biri orta çykyp: “Okaý, namazyň” diýen aýdyma tutduryp ugrapdyr. Haýýaty göçen Atajan Annaberdi toý eýesini çagyrypdyr-da: “Agam, ýet, ony tiziräk goýduraweri. Öz-ä bir gitdi welin, biziňem barymyzy alyp gidýär ol, ýogsam” diýip, jowranyberipdir.

148. ÝÜZÄRLIGIŇ PEÝDASY DEGMEZ

Ömürboýy suw garasyny görmedik obadaşlarynyň biri: “Guragyrym bar welin, näme em etsemkäm?” diýip, Atajan Annaberdiden sorapdyr. Atajanam: “Ullakan kerseni ýyljak suwdan doldur. On-onki sany kir sabynam gyryp okla-da, içine girip, üç-dört sagat ýaly otur. Soň ýaňky kerseniň suwuny çalyş-da, içine birki bogdak ýüzärlik okla. Onsoň, guragyryň aýrylýança ýuwnuber” diýipdir. Ýöne ýäňky nähoş tykyrap: “Beý, Atajan aga, sabynam arzan zat däl, gönümel ýüzärlikli suwa giräýsem bolmazmyka?” diýen. Şonda Atajan Annaberdi: “Ýok, inim, bolmaz. Oňatja arassalanmasaň, saňa ýüzärligiň peýdasy degmez” diýipdir.

149. DIŞLEÝÄR EKEN

Atajan Annaberdi täzelikde satyn alan sygryny satmak üçin bazara ertipdir. Muny gören sygyr jellaplary: “Näme, şahyr, geçen bazarda satyn alan sygryňy yzyna getiräýipsiň-le?” diýşip, gülüşipdirler. Muny gören Atajan: “Wah, muny depegenräkdir diýip satdyňyz welin, asyl bu ahmal bolsaň, dişleýär eken-ä” diýip, jibriniberipdir. Atajanyň tanyş gassaplary üýşüp, bu dişlek sygry soýup satmaly edipdirler.

150. GÖWNÜM ÜÇIN

Üç-dört sany ýoldaşy Atajan Annaberdilerde oturyp, arak baryny içipdirler-de, gelişleri ýaly, turup gidiberjek bolupdyrlar. Muny gören Atajan: “A-how, oglanlar, munça aragymy içeňsoňyz göwnüm üçin bir entirekleşen bolup gidiň-ä” diýip, olara ýalbarypdyr.

151. ERKEK ADAMLARYŇ OTURŞYGY

Bir otur şykda, oturanlaryň edep saklap, sülmüreşip oturanyny gören Atajan Annaberdi: “Oglanlar, men-ä siziň bu oturşygyňyzy erkek adamlaryň oturşygy hasaplamok” diýipdir. Oturanlar bolsa: “Erkek adamlaryň oturşygy nähili bolmaly?” diýipdirler. Şonda Atajan: “Erkek adamyň oturşygy diýdirmek üçin “Sözüň agzyňda” diýip, ýagly eliň bilen gapdalyňdakylaryň egnine kakyşdyrybermeli” diýip, düşündiripdir.

152. ÖZÜNE ÖWÜRDI

Atajan Annaberdi: “Annamyň ýagdaýy nähili?” diýip, biriniň goňşusyny sorapdyr. “Wah, Annam gursun-la, melleginde dört-bäş düýp mal garpyz ekdi-de, meniňem ähli garpyzymy mala beräýmeli etdi, haramzada” diýip, Annamyň goňşusy aglamjyraberipdir.

153. GÖWÜN

Atajan Annaberdi bir garyp ýigidiň toýunda aýdym aýdyp, goşgy okap, hezil beripdir. Toýdan gelýärkäler, Atajanyň puldar dostlary: “Atam, biziň toýmuzd-a şeýdip, hezil berip, göwnümizi götereňok” diýip, igenipdirler. Atajan bolsa: “Siziň göwnüňizi baýlygyňyz göterýär. Ýaňky ýigdiň göwnüni bolsa, aýdym, goşgy bilen göteräýmeseň, göterjek zat ýok” diýen.

154. HALASGÄR

Atajan Annaberdi, ýamatmak üçin, maşynynyň kamyryny bir obadaşynyň öýünde goýup gaýdypdyr. Ol ertesi kamyryny alyp gaýtmak üçin barypdyr welin, ýaňky kamyr ýamaýan: “Al, how, şahyr, indi bir munyňy ýok et! Munyň tas meň kepbämi otlapdy” diýip, ýary ýanan kamyry Atajanyň öňüne oklapdyr. Şonda Atajan: “Aý, sag bol, agam, sen meni uly masgaraçylykdan halas eden ekeniň” diýip, ajymtyk ýylgyraýypdyr.

155. PUL BARMY?

Warak maşynyny söküp, bejerip bilmän oturan goňşusy Atajan Annaberdä: “Wah, goňşy, şo-ol maşynyň bol döwründe bulaň birki sanysyny alyp taşlamaly ekeni” diýipdir.

Atajan Annaberdi onuň aýdýan sowet döwrüni ýatlap: “Aý, goňşy, seniň aýdýan ol döwrüňde maşyn alar ýaly pul barmy?” diýen.

156. IKIMIZ BILEN ÝAŞAMAZ

Bir goňşusy aýalyndan zeýrenip, Atajan Annaberdä: “Hudaý bulary syratly, görmegeý, owadan edib-ä ýasapdyr. Nämüçin akyllyrak edip ýasaýmadyka?” diýipdir. Atajan Annaberdi bolsa: “Aý, goňşy, akyllyrak edilip ýasalan bolsa, olar ikimiz ýaly alasamsyk bilen ýaşamaz-ä” diýip, aýallaryň tarapyny tutupdyr.

157. ŞAHYRDAN ÜSTÜN ÇYKAN OGLANJYK

“Goňşymyzyň ogly Merdan menden üstün çykdy” diýip, Atajan Annaberdi gürrüň bermäge başlaýar: “Obamyzyň ýaş-ýuş gelinlerine: “Hemmäňizi öz gyzym ýaly görýän, beýdip, ýaşynşan bolup ýörmäň-de, ýaşmagyňyzy açaýyň” diýsem, etmediler. Merdan bolsa, olaryň basylgy gowaçaçöplerini otlap goýberdi welin, ýaňky gelinler ýaşmaklaryny açyşyp: “Dat, Atajan kaka, ýeteweri!” diýşip, bagyrşyberdiler.

158.GALTAKLY
Atajan Annaberdiniň goňşularynyň biri: “Toýa bir özümi atyp bilsem, ulagly getirip gidýärler” diýip, öwnüp oturan eken. Oturanlar muňa ynanmajak bolupdyrlar. Şonda Atajan: “Goňşyň aýdýanlarynyň jany ýok däl, how, adamlar. Şuny galtakly alyp gelýänlerini gözüm bilen gördüm” diýip, goňşusynyň tarapyny çalypdyr.

159. ÖÝE SALMAZ – DA
Atajan Annaberdiniň bir içegen obadaşy, toýda, guýlany goýberip oturan eken. Oturanlar: “Garam-ä aldygyna guýup dur. Içip otyrsyň welin, sen aýalyňdan gorkaňokmy?” diýipdirler. Atajan goňşusyna belet bolansoň: “Aýalyndan gorkmaz bi. Aýalam, ýaman etse, geçen gardaky ýaly, öýüne salmaz-da” diýip, goňşusynyň arkasyna kakypdyr.

160. TERSINE URAN DOGA
Atajan Annaberdiniň bir obadaşynyň alan aýaly durmaýar eken. Ol ýene-de öýlenipdir welin, Atajan oňa: “Agzybirlik dogasyny alyp görerler” diýip, maslahat beripdir. Soň bir duşuşykda ýaňky öýlenen ýigit: “Wah, Atajan akga, alan dogam tersine urdy. Işdekäm, ol soňky alanym ähli emlägimi göterip gidipdir” diýip, jowranyberipdir.

161. NIREDE ÝATARYS?
Bir obadaşlary Atajan Annaberdilere gezmäge gelipdir-de, turar ýerde turmandyr. Gije ýarymdan agyberensoň, Atajan: “Obadaş, bu gün nirede ýatarys, öýdemi ýa daşarda?” diýipdir welin, ýaňky: “Beý, eýýäm sagat bir bolaýpm-aý?” diýip, turmak bilen boluberipdir.

162. YZYNA SALMAK ÜÇIN...
Atajan Annaberdiniň Italmaz atly bir aýdymçy tanşy bar eken. Atajan ony toýuna çagyrypdyr-da: “Almaz jan, şu gün hezil bereweri” diýipdir. Oturanlar: “A-how, Atajan akga, sen oň adynyň öňündäki “itini” aýyrdyň-la” diýşipdirler. Şonda Atajan: “Şu gün hezil bermese, ‘itini” munyň yzyna salmak üçin aýyrdym” diýip, ýylgyraýypdyr.

163. EKIZLER
Atajan Annaberdiniň “Hydyr-Ylýas” atly, ekiz obadaşlary bar eken. Olar şeýle bir meňzeşmiş welin, asyl, aýyl-saýyl eder ýaly dälmiş. “Hydyr” diýeni “Ylýas”, “Ylýas” diýeni “Hydyr” çykyp duransoň, olaryň haýsy duşup salam berse-de, Atajan: “Gurgunçylykm-ow, Hydyr Ylýas” diýip, geçip gidiberýär eken.

164. BÄBEKSIZ “BÄBEKHANA”
Atajan Annaberdiniň bir husyt obadaşy bar eken. Kim barsa ol diňe ýumurtga çakyp berýär eken. Bir gün Atajan Annaberdiden obadaşlary nireden gelýändigini sorapdyrlar welin, şol husytlaryň öýüni görkezipdir-de: “Bäbekhanadan” diýip, gysgaça jogap beripdir. Dogry-da, walla, ýaňy bäbeklän gelinlere ýumurtga çapady berilýändigini bilmeýän barmy?

165. KESEL NIREDEN GIRÝÄRKÄ?
Atajan Annaberdä belent howluly, demir derwezeli, “galada” ýaşaýan obadaşynyň näsaglandygyny aýdypdyrlar welin, Atajan: “Beý, il-gün, it-guş-a girip bilenok, onuň howlusyna kesel nireden girýärkä?” diýip, haýran galypdyr.

166. ÝOLUM DÜŞENDE
Ýolda duşan bir obadaşy Atajan Annaberdä: “Ertir toý edýändiris, barybermelidir” diýipdir welin, Atajan: “Oň bolsun, obadaş, ýöne men-ä ýolda aýdylan toýa ýolum düşende görnäýýändirin” diýen.

167. AGAÇDAN ASARDY...
“Edýäni ýaramazlyk welin, özüni asmandan asyp ýör” diýip, obadaşlary bir aýalyň gürrüňini edipdirler. Atajan Annaberdi şonda: “Wah, ol biçäre asmandan däl-de, agaçdan asylmalydygyny bilýän däldir” diýip, başyny ýaýkapdyr.

168. NUHTUMBURIÝA
Atajan Annaberdiniň Annamuhammet Nutyýew diýen bir dosty bar eken. Nutyýewler gatlada ýaşansoňlar, Atajan Annaberdi dagy olara balyk iýmäge barypdyrlar. Myhmanlaryň biri gowrulan, buglanan balyklary synlap: “Bular skomburiýamy?” diýipdir welin, Atajan: “Ýok, skomburiýa däl, nuhtumburiýa” diýip, Annamuhammet Nutyny görkezipdir.

169. AÝYRDYP, ÝERINE GEÇER
Atajan Annaberdiniň ýolbaşçy işlerde işläp ýören bir ugurtapyjy dosty bar eken. Bir oturşykda ol: “Men palan mekdebe müdir bolýan” diýipdir welin, oturanlar: “A-how, ol mekdebiň müdiri bar-a, özem oňatja işläp ýör” diýipdirler. Şonda Atajan: “Bolubersin, işläbersinem, Annamät ony aýyrdyp, ýerine geçer” diýip, dostunyň tarapyny çalypdyr.

170. GORKAN MAŞYN
Atajan Annaberdi bir ýagyşly gün inisi bilen ýeňil maşynly barýar eken. Maşyn köneje bolansoň, obadan çykyberenlerinde, tapyr-tupur ýatyberipdir. Maşyny köne-küşül maşynlary söküp-satýan hojalygyň gabadyna eltip, biraz garaşypdyrlar welin, maşyn ot alaýypdyr. Inisi: “Atajan kaka, muňa ne döw çaldyka, ýaň-a ýatdy, ynha, indem gül ýaly işläp dur” diýipdir welin, Atajan: “Söküp-sataýarlar öýdüp gorkandyr bi, ýogsam, işlemezdi” diýen.

171.ALTYN BOLUP GELDI – DE
Bir bagşyny arzylap, täzeje, daşary ýurt maşyny bilen toýa getiripdirler. Ýöne ol içip-içip serhoş bolupdyr-da, kän bir hezil bermändir. Gijäniň bir wagty ýaňky bagşynyň bir warak maşyn bilen ugradylandygyny gören Atajan Annaberdi: “Haý, neresse, altyn bolup geldi-de, miç bolup gitd-ow” diýipdir.

172. GULAKLARY KÖPELÝÄR
Atajan Annaberdi obanyň çekenesine bäş-alty sany geçi goşupdyr. Çopan ilki bir geçisiniň, soň bolsa başga bir geçisiniň gulaklaryny getirip: “Atajan aga, bu geçileriň-ä öldi, halallamaga-da ýetişmedim” diýýär. Bir üýşmeleňde obadaşlary: “Nädýär, şahyr, şol goşan geçileriň köpelýärmi?” diýipdirler welin. Atajan: “Hawwa, gulaklar-a köpelýär” diýip, köpmanyly jogap beripdir.

173. ÖŇKÜDEN HEM PESELERSIŇ
Bir ýaş şahyr: “Palan şahyr meň dostum” diýip, tanymal şahyrlaryň piriniň adyny aýdypdyr. Şonda Atajan Annaberdi oňa: “Inim, beýigiň ýanynda durup, beýgelerin öýtme, gaýtam öňkiňdenem peselersiň” diýen.

174. DÜŞÜNDIM
Atajan Annaberdi goňşy obalarynda, bir oglanjykdan biriniň öýüni sorapdyr. Oglanjyk: “Şu ýoldan gidiber, gidiber, öňüňden Nabat ejemler çykar. Olaryň aňyrsynda Rejep akgamlar bardyr. Rejep akgamlaryň aňyrsynda-da Kerim mugallymlar. Kerim mugallymlaryň aňyrsynda bolsa...” diýip, dowam ediberjek bolupdyr welin, Atajan: “Düşündim, düşündim, inim, sagja bol, asyl, sen meni soraman-idemän dogry baraýmaly etdiň” diýip, ýylgyraýypdyr.

175. GALANY SEŇKI BOLMALY
Atajan Annaberdi inisi bilen bazardan elli sany ak towuk satyn alypdyr. Atajanyň ketegi bolmansoň, towuklary paýlaşman, inisiniň ketegine goýberipdirler. Ertesi irden inisi iki sany towugy salmadan bärik oklapdyr-da: “Atajan kaka, al, ynha, seň towuklaryň-ä iki sanysy ölüpdir” diýen. Şeýde-şeýde, ölen towuklaryň sany ýigrimi bäşe ýetipdir welin, Atajan: “Inim, indi ölen towuklary bärik oklajak bolup durma, towuklaryň galan ýigrimi bäşisi seňki bolmaly” diýipdir.

176. SERŽANTDY
Atajan Annaberdi kerpiç zawodyna kerpiç almaga barypdyr welin, bir seržant oglan: “Sen kerpiç bermän, meni bir aý bäri gatnadyp ýörsüň-le” diýip, skladçy bilen dawalaşyp duran eken. Atajan oňa kürä ýaplanyp, irkiljiräp oturan maýory görkezipdir-de: “Sen, inim, entek gyssanyberme! Ho-ol oturan maýory görýärmiň, şol hem ilki kerpije gelende seň ýaly seržantdy” diýipdir.

177.ÖZÜNE HALYPA GEREK
Garrap giden ýaş şahyrlaryň biri: “Atajan Annaberdi dagyň hem halypasy men” diýip, öwünýär eken. “Şol aýdylýan

dogrumy?” diýip, Atajan Annaberdiden soranlarynda ol: “Aýdýan bolsa dogrudyr, ýöne entek onuň özüne-de bäş-alty halypa gerek” diýip, kinaýaly jogap beripdir.

178. MELLEGIŇDE JAÝLANANDA – DA
Öýünde del töwür galmaýan, basylyp-tutulyp ýören obadaşlarynyň biri Atajan Annaberdä: “Wah, kakamy garyndaşlarymyz äkidip, allaowarrada jaýlaýypdyrlar. Şu töwereklerde jaýlan bolsalar, menem oňa aýat okadardym” diýipdir welin, Atajan: “Aý, obadaş, kakaň mellegiňizde jaýlananda-da senden oňa el galdyrdan bolasy ýok-la” diýen.

179. SEN ARKAÝYN BOLAÝ!
Inileriniň biri: “Atajan kaka, şu gün işiň barmy?” diýipdir welin, onuň bir iş buýrmakçy bolýanyny aňan Atajan: “Inim, işim-ä kän welin, sen arkaýyn bolaý, olary özüm edişdirerin” diýip, ýylgyran.

180. GIDIP BARÝAR
Atajan Annaberdiniň Durdy atly bir halamaýan obadaşy bar eken. Gözi kütelşen ýaşulylaryň biri: “Atajan, seret, şo-ol Durdymy?” diýipdir welin, Atajan: “Ýok, duranok, gidip barýar” diýip, ony halamaýandygyny ýaňzydypdyr.

181. ADYŇY TUTMADYK
Atajan Annaberdiniň toýunda iki sany oglanjyk urşupdyr. Ony gören uruş weteranlarynyň biri: “Atajan, uruşýan bolsalar, bularyň gözüni türmede açdyrmaly ekeniň!” diýipdir welin, Atajan: “Agam, sen bäş ýyllap uruşdyň welin, adyňy tutmadyg-a, bulaňky dagy hiç-le” diýip, oglanjyklary ýaraşdyryp goýberipdir.

182. PUL DILETJEK BOLÝARMYŇ?
Atajan Annaberdi her gün gelip, bizar edip duran bir obadaşyndan karz pul diläpdir welin: “Hany, bir görüşdireýin” diýen bolip gidipdir-de, gaýdyp gara bermändir. Şondan soň kim gelip ýüregine düşüberse Atajan: “Näme, how, senem Sapar salpy ýaly pul diletjek bolýarmyň?” diýip, öz işi bilen boluberýär eken.

183. ŞAGALLARA ŞAM BOLAÝDYMY?
Atajan Annaberdiniň özem iýmeýän, ile-de iýdirmeýän bir husyt obadaşy bar eken. Onuň baga bakyp oturan goýnunyň haram ölendigini eşiden Atajan: “Wah-eý, obadaş, özüňe dözmän ýören goýunjygyň şagallara şam bolaýdymy?” diýip, oňa duýgudaşlyk bildiripdir.

184. YZYŇA GAÝDYP GELMELI DÄL
Bir ýaş şahyr Atajan Annaberdä: “Atajan akga, ak pata alyp ýola düşeňsoň näme etmeli?” diýipdir welin, Atajan: “Yzyňa gaýdyp gelmeli däl” diýip, ýylgyrypdyr.

185. HAÝSYNY MÜNDÜREÝIN?
Atajan Annaberdi agtyjaklaryny üstüne mündürip, oýnaşyp ýatyrka gep-gybat gözläp ýören goňşularynyň biri gapydan girip: “Atajan aga, agtygam-ä agtykdyr welin, öz çagalaryň ýaly bolýan däldir-le” diýýär. Atajan: “Aý, men-ä şularyň kän bir tapawudynam bilemok” diýip, sypaýyçylyk edýär. Ýöne goňşusy: “Aý, diýseňem öz çagaň oňatdyr-la!” diýip, ýeň bermändir. Şonda Atajan öz yzyny basyp ýatan ogullarynyň adyny tutup: “Oňat bolanda men indi üstüme Guwanjy mündüreýinmi, ýa Nursähedi mündüreýinmi...? diýip, sanaşdyryp başlapdyr welin, ýaňky: “Aý, onyň-ä dogry” diýen bolup gümmi-sümmi edipdir-de, süzüberipdir.

186.GYZ ÇYKARMALY BOLAÝMA
Atajan Annaberdi bir obadaşynyň kärende ýerini ota basdyranyny görüp: “Obadaş, şu ýyl hasyl oňatja bolsa, oglumy öýerjek diýýärdiň welin, bu ýylam gyz çykarmaly bolaýma” diýen.

187. ŞEÝDÄÝSEŇEM BOLJAK EKEN
Atajan Annaberdi gyşyň öňüsyrasynda bir tanşynyňka myhmançylyga barypdyr. Ol nar agajynyň üstüne serlen geýim-gejimleri görkezip: “Obadaş, biz bu narlary gömjek bolup azara galyp ýörüs welin, şeýdäýseňem boljak eken-ä” diýende, öý eýesi: “Aý, şu aýallar-da, how” diýip, gizlinräk ýerde sermeli egin-eşikleri ýygnaşdyrmak bilen boluberipdir.

188. IKIDEN BIRINI SAÝLAMALY
Bir üýşmeleňde ýaňyrak sakgal goýberen obadaşlarynyň biriniň içip oturanyny gören Atajan Annaberdi: “Obadaş, munyň-a bolanok seň, ýa içmäňi goýarlar ýa-da sakgalyňy syrarlar” dýipdir welin, ýaňky: “Aý, Atam, bulaň hersiniň öz ýeri bardyr” diýip, gümmi-sümmi edipdir-de, turmak bilen boluberipdir.

189. PATALYJ – A BOLÝAR EKEN
Atajan Annaberdi birinden elli-altmyş sany jüýje satyn alypdyr, ýöne olar ikiden-üçden ölüp, sähel salymyň içinde saýpallaberipdir. Bir gün ýaňky jüýjeleri satan Atajana: “Nädýär, jüýjeler ulalýarmy?” diýipdir welin, Atajan: “Aý, ölmes-ä ulaljak-la, ýöne jüýje saklasaň, öýüň mydama kiçeňräjik patalyj-ä bolýar eken” diýip, ýylgyraýypdyr.

190. SENI GÖRSEM, AJYGYBERÝÄN
Bir obadaşy Atajan Annaberdä duşdugy uruş ýyllarynyň açlyk-horluklary barada gürrüň berip başlaýar eken. Bir oturşykda ol ýene şol köne gürrüňlerini dowam ediberjek bolupdyr welin, Atajan Annaberdi: “Aý, Ýaz akga, başgarak gürrüňe geçeli-le! Onsuzam, men-ä indi seni gösem, ajygyberýän” diýip, gürrüňi başga ýana sowup goýberipdir.

191. MASLAHAT
Bir içegen obadaşy Atajan Annaberdilere oturmaga gelipdir. Nahar äberlipdir. Atajan Annaberdi “içjekmi” diýse, ýaňky “Aý, maslahat” diýen bolup oturanmyş. “Maslahat, maslahat” bilen ýaňky iki çüýşäni dagy boşadypdyr. Atajan üçünji çüýşäni onuň eline tutdurypdyr-da: “Gije-de bir çen boldy, şujagazy alyp git-de, galan maslahaty gelniň bilen edäýsen-e!” diýip, ony sypaýyçylyk bilen ugradypdyr.

192. PIRIM
Atajan Annaberdi bazara ýumurtga satmaga barypdyr. Bir aýal maşgala gelip oňa: “Hany, dermanlyk üçin, gara towugyň ýumurtgasyndan on sansyny saýlap ber!” diýýär. Atajan bolsa: “Men-ä ýumurtga bellik edemok. Bilýän bolsaň, özüň saýla-da alaý” diýen. Ýaňky aýal ýumurtgaň iň irilerinden on sanysyny alyp gidiberipdir welin, Atajan: “Aý, men entek bu aýallaryň pirimlrine düşünerden sadarak bolýan” diýip, başyny ýaýkap galyberipdir.

193. EGNIME MÜNDÜRIP ÄKIDEÝINMI?
Ýolda döwlen maşynyny ussa tabşyryp, öýüne pyýada gelen Atajan Annaberdä mundan bihabar aýaly Gurbanjemal: “Aýu, ýadaw bolmasaň, ejemlere äkitsen-e” diýýär. Şonda Atajan Annaberdi: “A-how, men nä seni egnime mündürip äkideýinmi, maşyny ussa goýup gaýtdym-ä” diýipdir welin, :Wi, şeýlemi? Asyl sesi eşdilmedi diýdim-le” diýip, Gurbanjemal öz işi bilen boluberipdir.

194. AJY SÖZ BIR AÝDYP GIT!
Atajan Annaberdi pyýadalap şähere barýarka bir nätanyş ondan çilim sorapdyr. Atajan çilim çekmeýändigini aýdýar welin, ýaňky: “Nasyňam ýokmy?” diýýär. Atajan başyny ýaýkap, onuň duşundan geçip gidiberipdir welin, ýaňky nätanyş: “Agam, hiç hili neşäň ýok bolsa, ajy söz bir aýdyp git!” diýip, onuň yzyndan gygyrypdyr.

195. BERGILI ÇYKAR OTURYBERER
Atajan Annaberdi ussasyna çakyr almak üçin dükana barýar-da: “Çakyryň oňatjamydyr?” diýýär. Dükançy bolsa: “Oňat, oňat, özem güýçlije, ýeke çüýşe içseň serreldýär” diýip, ýylgyrýar. Atajan oňa: “Maňa serreldýäni däl, işledýäni gerek” diýipdir welin, dükançy: “Ynha, işledýäni” diýip, oňa gymmatbaha konýaklaryň birini görkezýär-de: “Şuny alaý” diýýär. Ýöne Atajan: “Ony almaýyn, ony alsam, ussam işlär-işlär-de, hasaplaşamda bergili çykar oturyberer” diýip, “serreldýän” çakyra ýapyşypdyr.

196. HÜJRÄŇ YSY GELIP DURAN
Atajan Annaberdi duşuşyklaryň birinde bir tanyş ýüze gabat gelipdir, ýöne hernäçe dyrjaşsa-da, onuň adyny ýadyna düşürip bilmändir. Şonuň üçin ol: “Inim, adyň nämedir-ä, bir hüjräň ysy gelip duran adyň-ä bolmaly seň?!” diýipdir welin, ýaňky: “Ymamguly, Atajan akga, Ymam diýseňem bolýar” diýip, gülüberipdir.

197. MENI BAŞYNA ÝAPSYNMY?
Atajan Annaberdiniň hiç bir neşeden, hiç bir haramylykdan gaýtmaýan, bagşysumak obadaşy bar eken. Ol her gün

irden oýanyp: “Eý, Hudaý jan, ýa azdyr, ýa azana duçar et!” diýýär eken. Muny eşiden Atajan Annaberdi: “Beý diýme, obadaş, azdyrma, azana duçar etme diý!” diýipdir welin, ýaňky: “Wah, Atam, azmadyk meni başyna ýapsynmy? Meni ideýänleriň hemmesi azgyn haramzadalar bilen neşekeşler ahyry” diýipdir.

198. ORS AÝALA GELNEJE DIÝEN ÝALY

Bir gitaraçy ýigit Atajan Annaberdä türkmen halk sazyny çalyp beripdir-de: “Nädýär, bolýarmy?” diýipdir welin, Atajan: “Bolub-a bolar-la, ýöne seň munyň ors aýala gelneje diýen ýaly bolýar” diýip, oňa dutar öwrenmegi maslahat beripdir.

199. HÖKÜMET ÝYKYLDY

Sowet döwründe, Atajan Annaberdi bir oturşykda goşgy okap otyrka, ýoldaşy: “Atajan akga, turaly, Hökümet ýykyldy” diýipdir. Atajan Annaberdi muňa düşünmändir. Nädip düşünsin? Ýoldaşynyň “hökümet” diýýäni şol wagtky oba Geňeşiniň serhoş bolup ýatan mürzesi eken.

200.MERDIWAN

Atajan Annaberdiniň wyşkada işleýän inileriniň biri bir topar basgançak-merdiwan getiripdir. Muny gören Atajan: “Inim, ýokarda elewreşip ýören bolmasynlar. Bulary wyşkaň üstündäkiler düşensoň bir alyp gaýtdyňmy?” diýipdir welin, inisi: “Aý, bular bir ulanylmaýan köne merdiwan-la” diýip, ýöwselläberipdir.

201. ÖŇKI ÝERINDE DURANDYR

Atajan Annaberdi tamtoý edende, toýa gelen obadaşlarynyň biri içipdir-içipdir-de, kerpiji ýassanyp ýatyp galypdyr. Soň bir duşuşykda Atajan Annaberdi oňa: “Aýlanyp dur, how, inijik, özüm öýde ýok bolsamam, kerpijiň öňki ýerinde durandyr” diýen.

202. BURRAM – BURRAM BOLUP GIDENDIR

Obadaşlarynyň biri Atajan Annaberdä: “Atam, bir goçjagaz bakyp otyryn. Bir gün şony soýup, oňatja oturaly-la” diýip, gidipdir-de, habar tutmandyr. Atajan Annaberdi soň bir duşanda oňa: “Inim, görüneňok-la. Ol bakýan goçuňam-a şahlary burram-burram bolup gidendir” diýipdir.

203. KISELI MAŞYN

Atajan Annaberdiniň agtyjagy Akpamyk: “Ata, seni bir maşynly adam soraýar” diýip, ylgap gelipdir. Atajan: “Nähili maşyn?” diýýär welin, Akpamyk: “Kiseli maşyn” diýýär.
Akpamygyň “Kiseli maşyn” diýýäni “Zaparožes” kysymly maşyn eken.

204. “R” – A DIÝIP BILMEZ

Atajan Annaberdiniň bir doga peltek obadaşy bar eken. Bir ýygnakda oba adamlary: “R” diýip bilse, şuny arçyn saýlaýjakdyk” diýipdirler welin, Atajan Annaberdi: “Adamlar, doga tentegi doga açmaz diýipdirler, arçyn däl-de, kethuda saýlasaňyzam şu “r”-a diýip bilmez” diýen.

205. SENI AÇ – HOR ETMEÝÄN BOLSALAR

Atajan Annaberdiniň bir ganar ýaly garynlak, dolmuş tanşy bar eken. Atajan her sapar oňa duşanda: “Taňňy jan, seni görsem, birhili, gözüm dokunaýýar. Soraşdyramogam welin, seni aç-hor etmeýän bolsalar, obalaram gurgunçylykdyr-la” diýip, ýylgyrýar eken.

206. ATYP ALAÝMASAŇ

Atajan Annaberdiniň döw ýaly daýaw hem bozgagrak obadaşy bar eken. Bir gün onuň ýogalandygyny aýtmaga gelipdirler welin, Atajan Annaberdi haýran galyp: “Beý, oňa näme bolaýdyka? “ diýýär. Gelenlerem: “Aý, awa gidenlerinde atypdyrlar öýdýän” diýýärler. Şonda Atajan Annaberdi: “Boldy, boldy, atyp alaýmasaň, aldyrmazdy ol” diýip, gynanç bilen başyny ýaýkapdyr.

207.BOŞ WADA TAPYLMAZ ÖÝDÝÄŇIZMI?

Atajan Annaberdiniň bir brigadir obadaşy bar eken. Ol her ýyl: “Ony eýtjek, muny beýtjek” diýip, wada berýär eken-de, sözünde durmaýar eken. Bir ýygnanşykda ýaňky brigadir: “Geljek ýyl ähli ýaplary, salmalary gazdyrjak, palan ýolam tekizledip, daşlatjak...” diýip, boş wada berip başlapdyr welin, obadaşlary: “Ölmedige täze ýylam geläýer, onsoň näderkäň?” diýipdirler. Şonda Atajan Annaberdi: “Geljek ýyl näme boş wada tapylmaz öýdýäňizmi?” diýip, obadaşlaryny gülüşdiripdir.

208. ÖZÜM AÝLANARYN

Atajan Annaberdiniň, onda-munda oturşyp, dostsuran bolup ýören bir tanşy bar eken. Ol her sapar Atajan

Annaberdiniň inisini görende: “Atama-da salam aýt!” diýýär eken. Atajanyň inisen bir gün oňa: “Salamyň-a elin gowşuraýyn welin, Atamyň özüni haçan alyp geleýin?” diýýär. Şonda ýaňky husyt: “Goşgularyn-a diňläsim gelýär oň, ýöne amaty bilen özüm bir aýlanaryn-da” diýen bolup, gümmi-sümmi edäýipdir.

209.ÖZ – ÖZÜŇE HYZMAT EDILÝÄN ÝERDE
Atajan Annaberdiniň tanyşlarynyň birini ýokary wezipä belläpdirler. Şondan soň ol Atajan Annaberdini görse-de, görmediksirän bolup geçip gidiberýär eken. Bir gün ol wezipeparazy işinden boşadypdyrlar. Soň bir duşuşykda ol Atajan Annaberdiniň ýanyna gelip hem içginsiräp: “Atam, öýe gidip, goşgy okaşaly-la, şu gün dik durup, saňa oňatja hyzmat edeýin” diýýär. Ýöne Atajan Annaberdi: “Ýok, Gylyç jan, men indi goşgyny diňe öz-özüňe hyzmat edilýän ýerde okaýaryn” diýip, geçip gidiberipdir.

210. EÝLER ÝALY EDIP...
Ene-atalar ýygnagynda bir başlangyç synp mugallymy: “Agtygyň matematikadan hiç zat bilenok” diýip, Atajan Annaberdä igenipdir welin, Atajan: “Senem çynyňy et, menem çynymy edeýin, şony bir Eýler ýaly güýçli matematik edip ýetişdireli” diýen.
Gynançly ýeri, Eýleriň kimligini şol başlangyç synp mugallymyň özi hem bilmeýän eken.

211. ÖZÜNI DIŇLÄÝÝÄRDIK
Atajan Annaberdiniň Annadurdy Aman diýen bir sazanda dosty bar eken. Bir gün ýaňky aradan çykypdyr welin, Atajan Annaberdiniň inileri: “Atajan kaka, sende Annadurdyň kassetasy ýok-maý?” diýip, gelip duranmyş. Atajan Annaberdi olaryň birine: “A-how, inim, kasseta gerek bolsa, Annadurdy dirikä näme işlediňiz siz?” diýipdir welin, ýaňky: “Aý, Atajan kaka, dirikä biz-ä Annadurdyň özüni diňläýýärdik” diýip, ýylgyryp duranmyş.
Oňkam dogry, dirikä hiç kim öler öýdülenok-da.

212. ARTYKMAÇ ÝAŞYMY AÝYRÝAN DIÝEŇSOŇ
Atajan Annaberdiniň bir içegen, ýaşuly obadaşy bar eken. Ol her toýda-tomguda: “Siziňkiden artyk ýaşymy aýyrýan” diýen bolup, ýaş-ýeleňler bilen içişip ýören eken. Bir gün ýaňky awtobusa münende Atajan Annaberdi ony görmediksirän bolup oturyberipdir. Ýaňky ýaşuly: “A-how, özüňden uly gelende, turup ýer bererler-ä” diýip, Atajan Annaberdini utandyrjak bolupdyr welin, Atajan: “Aý, akga, artykmaç ýaşymy aýyrýan diýeňsoň, men-ä seni ulysyňam öýtmändirin” diýen.

213. ÝYGNATMAN ÝYGNAMAZ
Sowet döwründe, Atajan Annaberdi dagy bir toýda degşip-gülşip oturan eken. Biri magnitofonyny açyp, edilýän ähli gep-gürrüňleri ýazdyrjak bolupdyr. Oňa: “Onyňy ýygna!” diýipdirler. Ýaňky birbada ýygnan ýaly edipdir-de, ýene açypdyr. “Ýygna, how, şonyňy!” diýip, oňa ýene-de duýdurypdyrlar. Bu ýagadaý telim sapar gaýtalanansoň, Atajan Annaberdi: “Diliňize berk boluň, oglanlar, bu biziň barymyzy ýygnatman, ýygnamaz” diýen.

214. NAHARLANYP GELDIM
Bir duşuşykda Atajan Annaberdiden: “Siz nähili nahary gowy görýäňiz?” diýip sorapdyrlar. Olaryň bu ýöntem sowalyna Atajan Annaberdi: “Azara galmaň, men naharlanyp geldim” diýip, jogap beripdir.

215. ŞU DERDE ÝOLUKDYRAN ŞOLAR
Atajan Annaberdini ýolbaşçy wezipä bellejek bolupdyrlar, ýöne bir arabozar daşyna ülpetlerini üýşürip,, ony şol wezipä belletmändir. Bir gün ýaňky arabozar ysmaz keseline ýolugypdyr. Ony soramaga baran Atajan Annaberdi: “Ýeri, how, Hakmyrat jan, hany, ol ülpetleriň peýdasy degmedimi?” diýipdir welin, ýaňky: “Wah, peýdasy degermi, aslynda meni şu derde ýolukdyran şolar ahyry” diýip, aglamjyraberipdir.

216. DERREW ÝETERIN
Atajan Annaberdi geçip barýarka, bir oglanjyk ýoluň ugrunda kellesini iki ýana yrap, “juk-juk, juk-juk” edip oturanmyş. Atajan Annaberdi oňa: “Näme, how, inijik, beýdip otyrsyň?” diýýär welin, ýaňky: “Agam, men sagat” diýýär.
- Sagat bolsaň, häzir näçe bolduň?
- Bir.
Atajan Annaberdi yzyna gaýdyp gelýärkä ýaňky oglanjyga: “Ýeri-ow, inim, sagat näçe boldy?” diýýär.

- Bir.

Atajan Annaberdi sagadyna seredipdir-de: “Goýsan-a, häzir sagat üç bolup barýar-a” diýipdir welin, ýaňky: “Aý, galanym, bary-ýogy iki sagatjyk dälmi, men onuň yzyndan derrew ýeterin” diýip, “jyk-jyk, jyk-jyk” edipdir-de, kellesiniň hereketini tizlendirip başlaberipdir.

217.ŞU ÝERE GETIRERDIŇ

Duşuşyklaryň birinde bir uruş weterany” “Aý, nemisler gaty güýçli ekeni. Asyl, olaň öňünde duran özüň bolma. Biz gaçýas, olar kowýar, şo-ol gaçyp gelýäs, gaçyp gelýäs... Şol mahal hem kebzämden ýaralandym” diýipdir welin, Atajan Annaberdi oňa eşitdirmän: “Aý, şol-ä gowy bolaýypdyr, ýogsam yzyňa düşürip, sen olary şu ýere getirerdiň!” diýen.

218. JET ITINIŇ ADYNY TUTUPSYŇ

Atajan Annaberdi dagy iş sapary bilen baranlarynda, bir ala it topulyp, olary çopan goşuna goýbermändir. Atajanyň ýoldaşy “Adyny tutsaň, it degenokmyş” diýen gürrüňi eşidensoň, “Alabaý, Alabaý” diýipdir welin, ýaňky it ony basa düşäýipdir. Ylgap gelen çopan itini aýyransoň, Atajanyň ýoldaşy oňa: “Beý, Alabaý, Alabaý diýip, adyny tutdumam welin, bu itiň gidibermedi-le” diýen. Şonda çopan: “Wah, inim, munuň ady Alabaý däl, Akbileg-ä. Alabaý diýip, sen munuň o goşdaky, jet itiniň adyny tutupsyň” diýip, başyny ýaýkapdyr.

219. DOLY GIDIP, BOŞ GELÝÄŇ

Atajan Annaberdiniň inileriniň biri kerpiç guýýar eken. Bir gün Atajan Annaberdi oňa: “Inim, kerpiç guýup baýamarsyň” diýýär. Inisi haýran galyp: “O nämüçin?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Inim, sen doly gidip, boş gelýäň. Baýamak üçin boş gidip, doly gelmeli” diýen.

220. AWTOLA GAÝNAT

Zadyny janyndan eý görýän bir husyt obadaşy Atajan Annaberdä: “Öýdäkiler ota gidýär welin, halys ýüp çydadyp bilemok. Ony nädip üzülmez ýaly etsemkäm?” diýýär. Atajan Annaberdi bolsa: “Awtola gaýnat!” diýýär.
Soň bir gün duşuşykda ýaňky ýüpüň eýesi: “Şahyr, işimi gören ekeniň-ow, ýüpüm awtoldan çykaryp seren ýerimde garaýaga bulaşyp ýatyr. Indi ony ulanybam-a bolanok” diýýär welin, Atajan: “Men ýüpüň ömrüni nädip uzaltmalydygyny öwretdim. Ony ulanyp-ulanmazlyk siziň öz işiňiz” diýen.

221. SOWAMASA ŞÜKÜR ET

Atajan Annaberdiniň hiç ýerde işlemän, halymsyrap ýören, bir yňňyl-çyňňylrak obadaşy bar eken. Bir gün Atajan Annaberdi hal-ahwal soraşanda, ýaňky: “Aý, şu günler-ä ugrum ýok, şahyr, birhili, endamym gyzyp dur” diýýär. Şonda onuň jögüsireýändigini aňan Atajan: “Gyzany hiç, obadaş, bu bolşuňa, sen, endamyň sowamasa şükür et!” diýýär.

222. GAÇYP GUTULSA KAÝYL BOLÝAR

Atajan Annaberdiniň bir obadaşynyň alan aýaly durmaýarmyş. Bir gün Atajan Annaberdi oňa: “Obadaş, munça aýaly nädip gaçyrýaň-aý?!” diýipdir welin, ýaňky: “Kellebaşaýaga tut, inim, kellebaşaýaga. Iki-üç sanysyny arassalap dograma eder welin, ýene getir. Asyl, gözüni kellebaşaýakdan açma. Şeýdiberseň, gaçyp sypsa kaýyl bolýar bular” diýen.

223. BAGŞYŇ DOSTY BOLAÝMASA...

Atajan Annaberdiniň Annadurdy Aman diýen bagşy dosty bar eken. Ol bir toýda “Hezret Aly bilen Mälik Aždary” diýen aýdymy aýdyp bolupdyr welin, oturanlaryň biri Atajana: “Atajan akga, munuň Hezret Alysa-ha düşnükli, ýöne Mälik Aždary kimkä?” diýipdir. Muny häzir oňa düşündirip oturmagyň ýeri bolmansoň, Atajan: “Aý, inim, men-ä bilmedim, senem bilmeýän bolsaň, ol şu bagşyň dosty bolaýmasa...” diýen.

224. DUTAR GEREK, ÝÖNE...

Bir gün Atajan Annaberdilere belli sazanda Ýazgeldi Kuwwat gelipdir. Şol gün onuň ýanynda dutary bolmansoň, saz diňlejekler obadaky dutarly oglanlaryň birini dutary bilen bile alyp gelipdirler welin, ol: “Ýazgeldi akga gerek diýensoňlar alyp gaýdyberdim, ýogsam, bu dutary hiç kime elledemokdym!” diýip, zol-zol dutaryny mazamlap oturanmyş. Muňa çydamadyk Atajan Annaberdi şonda oňa: “Inim, Ýazgeldi akga dutar gerek, ýöne sen ýaly, azar berip oturan diňleýji gerek däl” diýen.

225. BAŞGA MYHMAN ÇAGYRMADYŇMY?

Atajan Annaberdiniň bir içegen obadaşy bar eken. Ol bir gün Atajan Annaberdini myhmançylyga çagyrypdyr-da, ýolda dükana sowlup, bir guty arak alypdyr welin, Atajan: “Inim, bu aragyň-a özüňe ýetäýse boldugy, näme, maşga myhman çagyrmadyňmy?” diýen.

226.ÝATYRYP GITMÄGE GELEN BOLAÝMASALAR

Atajan Annaberdilere dört-bäş sany myhman gelipdir-de, turar ýerde turmandyr. Giläň bir wagty daş çykan Atajana aýaly Gurbanjemal: “Myhmanlaryň ýatymlyk gelipmi?” diýipdir welin, Atajan: “Aý, ýok, ýatymlyg-a gelmändirler, ýöne ýatyryp gitmäge gelen bolaýmasalar...” diýip, ukuly gözlerini oýkalaşdyrypdyr.

227.SÜRÜJI EDIP ALAÝDYŇMY?
Atajan Annaberdiniň bir kiçeňräk wezipeli, kezzap obadaşy bar eken. Ol: “Işe ýerleşdireýin” diýip, Atajan Annaberdiniň inileriniň biriniň maşynyndan düşmän, işe gatnap ýörenmiş. Muny gören Atajan Annaberdi bilmediksirän bolup: “Hakberdi jan, çöreklisi bolsun! Meniň inimi sürüji edip, işe alaýdyňmy?” diýen.

228. AÝAGYNY SÜPÜRIP GIRMEK ÜÇIN
Bir üýşmeleňde ýaş ýigitleriň biri Atajan Annaberdä: “Atajan akga, sakgal-a düşnükli, ýöne şu murt nämä gerekkä?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Murt, inim, burnuňa garynja, beýleki girmekçi bolanda, aýagyny süpürip girmek üçin gerek” diýen.

229. ARTYKBERDINI BERIP GOÝBERERSIŇ
Atajan Annaberdiniň bir sypjyk, köpbilmiş obadaşy bar eken. Ol her hili ýagdaýa düşende-de, ýalan sözläp, aldaw-hile bilen başyny alyp çykýarmyş. Bir gün Atajan Annaberdi oňa: “Orazdurdy jan, Ezraýyl gelse-de, sen häzir maňa degme, men saňa bir ýuwaşja oglan tapyp bereýin diýip, öz deregiňe Artykberdini berip goýberersiň” diýipdir.

230. SEŇ MAŞYNYŇAM ÇYKARARLAR
Atajan Annaberdi täze jaýynyň düýbüni tutup ýörkä KAMAZ-ly çagyl getirdipdir welin, agyr ýükli maşyn batyp oturyberipdir. Maşynyň sürüjisi: “Atajan akga, indi näderis?” diýip, howsala düşüp başlanda, Atajan Annaberdi: “Inim, sen öň “palany jaý salyp ýörkä, bir maşyny ýer hopupdyr welin, ony çykaryp bilmän, üstünden jaý salyp oturyberipdirler diýip eşitdiňmi?” diýýär. Sürüjem: “Ýok” diýýär. Şonda Atajan Annaberdi: “Onda, inim, arkaýyn bol, seň maşynyňam çykararlar” diýýär.

231. ÇEŞMESI ARASSA BOLMANSOŇ
Atajan Annaberdiniň bir öwünjeň obadaşy bar eken. Ol Atajan Annaberdä: “Äl, aý, Atam, il-ä bir hütdüjek salynsa-da, dilinden düşürenok. Biz-ä obada iki jaýymyz, şäherde-de iki howlymyz bar welin, gürrüňem edemzok” diýende, Atajan Annaberdi:
”Aý, obadaş, çeşmesi arassa bolmansoň, sen gürrüň etmäge gorkýansyň” diýen.

232. GOŞGY ÝAZMAGA GOÝÝAŇYZMY?
Iki-üç sany obadaşy günde-günaşa gelip: “Täze ýazan goşgularyňy okap bersen-e!” diýip, halys goýmansoň, Atajan Annaberdi olara: “A-how, täze goşgyny okap bermek üçin, ilki ony ýazmal-a. Siz meni täze goşgy ýazmaga goýýaňyzmy?!” diýen.

233. DILIMIŇ EÝESI DÄLDIRIN
Bir üýşmeleňde gybatkeşleriň biri Atajan Annaberdä: “Atam, saňa bir zat aýdaýyn, ýöne hiç ýerde gürrüň etmegin!” diýip, biriniň gybatyny ediberjek bolupdyr welin, Atajan Annaberdi: “Ýok, inim, ile aýtmasyz zady maňa bir aýtmaweri. Men dilimiň eýesi däldirin!” diýip, turup gidiberipdir.

234. GORKMAÝANLARYŇ HEMMESI AÝRYLYŞÝAR
Bir üýşmeleňde Atajan Annaberdiden: “Aýalyndan gorkýan känmi, gorkmaýan?” diýip, soraýarlar. Atajan bolsa: “Gorkýan kän” diýýär. Oturanlar: “Munyň bolanok, subut et!” diýýärler. Şonda Atajan: “Gorkmaýanlaryň hemmesi urşup, aýrylyşýarlar, onsoň, galanlary gorkýan bolýar-da!” diýýär.

235. MAHABAT
Bir üýşmeleňde Atajan Annaberdiden mahabatyň nämedigini sorapdyrlar. Atajan muny şeýle düşündiripdir: “Towugam ýumurtga guzlaýar, ördegem. Ördegiň ýumurtgasy ullakan. Ýöne ol guzlansoň, sesini-üýnüni çykarman, turup gidýär. Şonuň üçin onuň ýumurtgasyny alýan ýok. Towuk welin, guzlan badyna ala-zenzele turuzýar. Şonuň üçin ýumurtgasy kiçijik bolsa-da, hemme kişi onuň ýumurtgasyna ýapyşyp ýatandyr. Ana, “Mahabat” diýilýäni şol”.

236. ÖWLÜÝÄ ÄKIDÝÄRLER
Atajan Annaberdiniň ähli zada burnuny sokup ýören bir obadaşy bar eken. Obada bir ýogalany ugratjak bolup durkalar ýaňky Atajan Annaberdä: “Muny nirä äkidýärkäler?” diýipdir welin, Atajan düşünmediksirän bolup: “Öwlüýä äkidýärler” diýen.

237.ÝOGYN SESIŇI MENDEN AL
Atajan Annaberdi näsag agalarynyň birini soramaga barýarmyş welin, ýaňky: “Ony eýdeňok, muny beýdeňok!” diýip, igenip başlaýarmyş. Muňa çydamadyk Atajan ahyry bir gün: “Akga, ýogalsaň, waý, dogan-eý diýen ýogyn sesiňi menden al, beýdip oturjak bolsaň, men-ä indi seni soramaga gelmen” diýipdir.

238. HAÝSY ETLIRÄK BOLSA...
Bir aladada nahar çekýänler: “Alan nan iýýäniňiz barmy?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Getiriň!” diýipdir-de, ony dograma bilen gezekleşdirip, iýmäge oturypdyr. Oturanlar muny görüp: “A-how, şahyr, sen petirem-ä iýýän ekeniň!” diýipdirler welin, Atajan: “Maňa alan bolsun, petir bolsun, parhy ýok. Haýsy tabak etliräk bolsa, şony iýiberýän” diýip, ýylgyran.

239. ÝATAN ÝERI ÝAGTY BOLSUN!
Bir gün Atajan Annaberdilere myhman gelipdir welin, çyra öçüpdir-de, myhman giden badyna-da ýanypdyr. Şonda Atajan Annaberdi: “Wah, sähel garaşan bols-a, çyra ýanjagam eken. Öýüne sag-aman ýeten bolsa, myhmanyňam ýatan ýeri ýagty bolsun!” diýipdir.

240. AGZYBIRLIK BOLMADYK ÝERDE
Atajan Annaberdi obadaşlarynyň biriniň öýüne barypdyr, ýöne öý eýeleriniň galmagalyny eşidip, işikde aýak çekipdir. Şol mahal bu öýüň goňşularynyň oguljygy gelip: “Şatlyk barmyka?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Aý, inim, agzybirlik bolmadyk öýde şatlyk bolmaz” diýipdir-de, basymrak bu ýerden saýlanmak bilen bolupdyr.

241. ENEŇI DULA BAKDYRARYN!
Atajan Annaberdiniň gözleri ahmalyrak, hasaly obadaşy bar eken. Garagol oglanjyklaryň biri hasasyny alyp, oýnajak bolupdyr welin, ýaňky: “Goý, eý, hasany ýerinde, ýogsam, eneňi dula bakdyraryn!” diýipdir. Muňa ekabyrrak oglanjyklar gülüşipdirler. Ýaňky oglanjyk: “Eneme bir aýdaýyn!” diýip, aglamjyrap gidiberjek bolupdyr welin, Atajan Annaberdi: “Dur, how, inim, erbet zat däl-ä ol, eneňe ho-ol, duldaky çäýnek-käseleri görkezeýin diýildigi şol” diýip, ýaňky oglanjygy köşeşdiripdir.

242.ATAŇA AÝDARYN DIÝIP GORKUZÝAR – A
Atajan Annaberdiniň agtyjagy Akpamykdan: “Eneňi gowy görýärmiň, ataňy?” diýip, soraýarlar. Akpamyk: “Atamy” diýýär. “Nämüçin?” diýýärler. Akpamyk: “Aý, enem, betlik etsem, ataňa aýdaryn diýip gorkuzýar-a” diýýär.

243.MÜNEŇDE – DÜŞEŇDE ÝYKYLARSYŇ
Bir obadaşy Atajan Annaberdä: “Atajan aga, näme üçin goşgyny basgançak-basgançak edip ýazýarsyňyz?” diýýär. Onuň goşgudan kän bir başynyň çykmaýandygyny aňan Atajan şonda: “Basgançak-basgançak edip ýazmasam, müneňde-düşeňde ýykylarsyň-da” diýen.

244.ARZA BARYNY EŇTERER ÝÖRERDI
Atajan Annaberdiniň bir arzaçy obadaşy bar eken. Ol obadaşlarynyň üstünden arza baryny eňterip, dawalaşyp hem ýakatutdy boluşyp ýörenmiş. Bir gün ol Atajan Annaberdi bilen arasyny sazlapdyr-da, arza ýazmasyny goýup, goşgy ýazmaga başlapdyr. Obadaşlary Atajan Annaberdä: “Aý, onuň goşgularynda derek ýok, içigüjükli hem it ýandakdan böken ýaly” diýipdirler welin, Atajan: “Muňa-da siz şükür ediň, how, goşgyň hiç kime zyýany ýok, men goşgy ýazmany öwretmedik bolsam, ol şindem siziň üstüňizden arza baryny eňterer ýörerdi” diýen.

245.BIR ADAMLYKDAN ARTYKMAÇ
Atajan Annaberdiniň goňşulary: “Sen gaty kän içýäň, gelibem, çagalaryňa azar berýäň” diýip, inilerine igenipdirler, ýöne ol: “Menem ilden artyk içemok” diýip, hiç ýeň bermeýärmiş. Onuň düzelip gidibermejegini aňan Atajan Annaberdi şonda: “A-how, adamlar, maňa ynanaýyň, indi şü bir arakhoryň içip biläýjek aragyndan artyg-a arak içmez, bir serhoşyň berip biljek azaryndan artygam azar bermez” diýip, arakhoryň tarapyny tutandan bolupdyr.

246.ÖZÜŇI NÄDIP ALYP ÇYKARKAK?
Atajan Annaberdi bir ýagyşly gün toý edipdir. Üstesine, şol mahal mellekler hem suwarlan eken. Atajan Annaberdiniň bir içegen obadaşy içibilenini içipdir-de, mellekde palçyga bulaşyp galypdyr. Atajan Annaberdi çykarmak üçin ýanyna barypdyr welin, ýaňky: “Gaýgy etme, agam, alyp çykarys!” diýen bolýarmyş. Atajan Annaberdi şonda: “Wah, inim, toýa sen alyp çykarsyň welin, biz seň özüňi nädip alyp çykarkak?” diýen.

247.AÝRYLŞYP OTURYBERMESIN
Hiç ýerde işlemän, iýip-içip ýatan inileriniň biri Atajan Annaberdä: “Atajan kaka, aýalym aýdanymy edenok, şoňa akyllyja bol diýip, käýýäp bersen-e!” diýipdir welin, Atajan: “Ýok, inim, birden ol meniň aýdanymy edip, akyllyja bolagedin, seň bilen aýrylşyp oturybermesin!” diýip, oňa ähli günäň özündedigini ýaňzydypdyr.

248.BIR GYSYM NURBAT EDIP...
“Ýazgeldi Kuwwadyň beýleki sazandalardan tapawudy näme?” diýip, Atajan Annaberdiden soranlarynda ol: “Beýleki sazandalar sazyň şu ýerleri indi sökülenok diýip, taşlap gidensoň, Ýazgeldi gelýär-de, söküşdirip-sökäşdirip, bir gysym nurbat edip taşlaýýar” diýen.

249. UÇURYP ATJAKMY?
Goňşularynyň baga bakýan öküzleriniň biri boşanyp, Atajan Annaberdileriň mellegine giripdir. Mellek ýaňy suwarlan bolansoň, ýaňky öküz batyp-çomup, urdumyşlap, gök ekinleri ýere sokup barýarmyş, ýöne hiç kim oňa golaýlaşmaga milt edip bilenokmyş. Öküziň eýesi bolsa: “Aý, bi indi atyp alaýmasak, aldyrmaz” diýen bolup, tykyrap duranmyş. Şonda, bu ýylky gök ekinden el ýuwup barýanyny aňan Atajan: “A-how, goňşy, at-da atjak bolsaň, ýa indi muny uçuryp atjakmy?!” diýip, gygyrypdyr.

250.AGAÇ EL ÝASATJAK
Atajan Annaberdiniň bir ýoldaşy zol-zol: “Al, eli!” diýip, “bäşi kakýar” ekeni. Bir sowuk gün ellerini jübsüne salyp barýan Atajan Annaberdi oňa: “Tirkiş jan, men-ä indi elimi jübimden çykarjak däl, seň üçinem basym agaç el ýasatjak, onsoň, “bäşiň” bolsa, kak-da bar!” diýen.

251. MÄMMETSÄHNE
Atajan Annaberdi dagy haraza un çykartmaga barypdyrlar, ýöne adam kän bolansoň, bugdaýly haltalaryny goýup gaýtmaly bolupdyrlar.
Atajanyň ýoldaşy Mämmetsähet: “Atam, seň hatyň owadan, meniň haltama-da adymy ýazyp bersen-e!” diýen. Atajan onuň haltasyna “Mämmetsähne” diýip ýazypdyr. Tä, kilwan ununy çykaryp, “Mämmetsähne!” diýip, gygyrýança, haltanyň eýesi öz adynyň ýalňyş ýazylandygyny bilmändirem.

252. GARA GÜN
Atajan Annaberdi bilen galamdaşy bile kitap çykardyp, galamhakyny paýlaşypdyrlar. Birki gün geçensoň, ýaňky galamdaşy: “Atam, çörek almaga-da pulum ýok, birazajyk karz pul bersen-e! Düýnki puluma-da “Gara gün” üçin altyn zynjyr alyp goýdum” diýýär.
Atajan Annaberdi onuň soran puluny beripdir-de: “Ülpet, oňarmansyň, çörek almaga-da puluň ýok bolsa, seniň üçin şu gün “Gara günd-ä” diýipdir.

253.DUZ BILEN ALDADY MENI
Atajan Annaberdi dagy gije, bir dükançynyň öýünde iýişip-içişip, aýdym aýdyşyp otyrkalar, dükana bir tirkeg (teleşke) duz gelipdir. Dükançy: “Muhammetmyrat jan, meň duzum kän, muny başga bir dükana äkitsen-e” diýýär. Ýaňky ýük daşaýanam: “Oňatja edip, iýdirip-içirseňiz, äkidäýerin” diýýär. Şeýdip, ol iýip-içip, mazaly keýpini köklänsoň, yraň-daraň edip çykyp gidýär. Gijäň bir wagty daş çykyp gelen dükançy, aýdym aýdyp oturan Atajan Annaberdä: “Atam, duz bilen aldady menini bassan-a! Ol haramzada ýaňky duzy dükanyň işigine agdaryp gidipdir-ä” diýip, jibriniberipdir.

254.OLAŇKY DAGY HIÇ – LE
Atajan Annaberdi bir obadaşlarynyň toýuna barypdyr welin, ýaş-ýeleňler sene-mene edişip, urşup başlapdyrlar. Muny gören Atajan Annaberdi derrew turmak bilen bolupdyr. Atajan soň bir gün toý eýesine duşanda: “Nätdi, o günküler sag-aman sowuldymy?” diýipdir welin, ol: “Ýa, Atam, kyrk bir-kyrk bäşiň urşy sowuldy, olaňky dagy hiç-le” diýip, gülüberipdir.

KEÝPLIJ - Ä GITDI
“Seýran neresse-de gidiberipdir-ow! Näme, ol keselläp dagy edäýdimikä?” diýip, Atajan Annaberdiden sorapdyrlar. Atajan Annaberdi: “Aý, neresse, gitse-de gitdi welin, keýplij-ä gitdi” diýýär.

Asyl, ol gürrüňi edilýän oglan içip-çekip ýarylyp ölen eken.

256. ÝORUNJASYNY DAŞATMAK ÜÇIN
Atajan Annaberdiniň goňşularynyň biri gije, motorly ýorunja ogurlamaga gidýär eken. Ol ir bilen motoryny ýuwup durka, Atajan Annaberdä: "Aý, goňşy, agşam Galy baý çagyran ekeni, şoňa baryp gaýtdyk" diýip, öwüniberjek bolupdyr welin, Atajan motoryň gozogynyň aşagyndan sallanşyp duran, gök ýorunjalary görkezip: "Be, Galy baý sizi ýorunjasyny daşatmak üçin çagyrypmy?" diýen.

257.BU GÜN GÖRENIŇ – ERTE MILISIÝA
Ýedi arkasy barlanman, işe alynýan sowet döwründe, Atajan Annaberdiniň bir körzehin, bozgak obadaşy, ugruny-ýoluny tapyp, içeri işler bölümine işe geçipdir. Muny gören Atajan Annaberdi: "Beý, düşüner ýaly bolmad-ow, bu gün göreniň – erte milisiýa" diýip, gynanç bilen başyny ýaýkapdyr.

258. MÜNBERDEN DÜŞÜRMÄLIŇ
Atajan Annaberdiniň bir kärendeçi obadaşy pagta ýygymynyň ahyrlarynda münbere çykyp: "Aý, bu ýyl hasylyň ugry bolmady, şonda-da, galan pagtalarymy ýygnap, altmyş göterim-ä bolaryn" diýipdir. Oturanlar: "Onyň-ä bolanok, hany, ýene-de azajyk gal!" diýip, ilki oňa segsen, soň bolsa togsan göterim bolaryn" diýdiripdirler. Her zat diýdirseňem indi onuň ýüze tutarlyk pagtasynyň ýoklugyny bilip duran Atajan: "A-how, obadaşlar, tä meýilnamasyny ýerine ýetirýänçä muny münberden düşürmäliň!" diýen.

259. OL UGRUNA ERKEKDIR
Iş sapary bilen oba gelen şahyrlar Atajan Annaberdä: "Atam, işiňden rugsat alaly welin, senem biz bilen aýlansan-a!" diýýärler. Atajan Annaberdem: "Aý, bu müdir adam däldir, biderek ýüzüňizi saraldanyňyz galar, sorasaňyzam, barybir, ol rugsat bermez" diýýär.
Müdiriň ýanyna giren şahyrlar: "Ol-ä tä, gidýänçäňiz Atajanam ýanyňyzda bolubersin diýdi" diýip, çykýarlar welin, Atajan: "Aý, ol ol ugruna erkekdir!" diýip, ýylgyraýypdyr.

260.MAŞYNDA OTURAN ÝALY ET – DE
Atajan Annaberdiniň inileriniň biri nirä gitseler, maşynyň kireýini Atajan Annaberdä töledýär eken. Bir gün ol: "Atajan kaka, gullukdaşym öýlenýär, şoňa görnüp gaýdaly-la" diýipdir. Şonda Atajan: "Inim, bu gün meniň işim kän, ýöne sen men edil maşynda oturan ýaly et-de, taksilije görnüp gaýdyber!" diýip, iki adamlyk ýol hakyny onuň eline tutdurypdyr.

261. SAZ OŇAT, ÝÖNE...
Bir obadaşy Atajan Annaberdini saz diňlemäge çagyrypdyr. Dutarçy ýigit başyny galdyrman, çalyp oturanmyş. Öý eýesi hojaýynsyrap, dommarlyp oturansoň, diňleýjilerden hem ses-üýn çykanokmyş. Ýarygijeler dargaşlyk bolup, daş çykylanda, öý eýesi Atajan Annaberdä: "Nähili gördüň?" diýipdir welin, Atajan: "Saz oňat, ýöne edil patada diňlän ýaly bolduk" diýip, gysgajyk jogap beripdir.

262. EŞEKLIJE GIT!
Atajan Annaberdi bilen inisi ýeňil maşynly Aşgabada gidipdirler. Ýolda olary ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleri saklap, kagyzlaryny barlaşdyrypdyr-da: "Bolýar, ýöräberiň!" diýipdirler. Bir sagat çemesi ýöränlerinden soň olary ýene-de saklapdyrlar welin, inisi: "Atajan kaka, bular näme zol-zol saklap durlar-aý?" diýen. Şonda Atajan Annaberdi: "Saklatmajak bolsaň, inim, eşeklije git! Şeýtseň, günüň dowamynda ýeke gezegem saklamazlar" diýipdir.

263.DERMANDYGYNY BILEN DÄLDIR
Atajan Annaberdiniň bir obadaşynyň bili agyrypdyr. Tebipler oňa: "Gara pişigiň hamyny ýap!" diýipdirler. Ýaňky näsag aşhana giren pişigi tutjak bolupdyr, ýöne pişik onuň barmagyndan agyz salypdyr-da, tä öldürýänçäler goýbermändir. Muny eşiden Atajan Annaberdi: "Wah, ol janawer hamynyň dermandygyny bilen däldir, ýogsam, ony özem sypyryp bererdi-le" diýip, gynanç bilen başyny ýaýkapdyr.

264.ŞAGYRDADYP GOÝBEREN ÝALY...
Atajan Annaberdä: "Atageldi Garýagdyň aýdym aýdyşyny nähili görýäň?" diýenlerinde, ol: "Atageldiňmi? Atageldi

aýdym aýdanda uzyn, polat turbaň içinden bir gysym seçmäni şagyrdadyp goýberen ýaly edäýýär” diýip, oňa göwnüniň ýetýändigini syzdyrypdyr.

265.BOKURDAGYNY GALDYRANDYR

Atajan Annaberdiniň bir husyt obadaşy agyr näsaglapdyr. Ol: “Şu sapar sag-aman galynsam, palan babaň ýoluna bir janly” diýip, daş ýerdäki keramatly ýerleriň biriniň adyny tutupdyr welin, ony soramaga baranlar: “Aý, obadaş, janly berjek bolsaň, golaý-goltumda-da keramatly ýerler gyt däl” diýipdirler. Şonda Atajan Annaberdi: “Aý, bi janly aýdyp, bermän, hudaýýoly aýdyp, bermän, golaýdaky babalaryň hemmesiniň bokurdagyny galdyrandyr” diýen.

266.HÖKÜMET ÇALYŞÝARMY?

Sowet döwründe Atajan Annaberdi dagy iş sapary bilen çöl etegindäki obalara aýlanyp ýörkä, bir ýigit düşelgäniň üstündäki, çuw-ak bolup giden, baýdagy çalyşmaga durupdyr. Şol wagt çölden gelýän bir eşekli goja muny görüp: “Eý, Jahangir, näme baýdagy çalyşýarsyň, näme, hökümet çalyşýarmy?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi dagy: “Be, baýdagyň reňkini bilmeýänem bar-ow!” diýip, gülüşiberipdirler.

267.HÄZIR HEZIL BERMEZ

Atajan Annaberdiniň bir halamaýan, batnyksyz obadaşy bar eken. Bir gün onuň öýüne myhman gelipdir-de: “Atajan Annaberdi siziň obadaşyňyz eken-ä, ýör, baryp şoň bäş-on sany goşgusyny diňläp gaýdaly-la!” diýipdir. Olar tirkeşip baranlarynda Atajan Annaberdi ýüzin düşüp, radio diňläp ýatan eken. Atajanyň obadaşy nämeden başlajagyny bilmän: “Gürgenmi?” diýen bolupdyr. Atajanam: “Gurgun, gurgunmy özüňem?” diýipdir welin, ýaňky: “Aý, bu häzir hezil bermez, gideli” diýip, myhmanynam yzyna tirkäp, ýumlugaýypdyr.

268.MEN SOŇ BIR AÝLAWDA GÖRNÄÝERIN

Atajan Annaberdi köneje maşynyny münüp, goňşy obalaryň birine toýa gidipdir. Ol obanyň çetinden giriberende bir ullakan, ala it gapdalyndan atylyp çykypdyr-da, gabyrdap, maşyna ýapyşyp-ýarmaşyp gelýärmiş. Atajan ol iti galdyrjak bolup, maşynyň tizligini gataldyp, haýalladyp görüpdir, ýöne barybir ol it galarly dälmiş. Halys bolmajagyny aňan Atajan gapdal aýnany çalaja açyp, ýaňky ite: “Bar, how, olar ýaly bolsa, şol toýa sen görün, men soň bir aýlawda görnäýerin!” diýipdir-de, maşynyny yza öwrüp gaýdyberipdir.

269.ARKAÝYN ÝERLEŞDIRIP BILÝÄR

Atajan Annaberdi maşynlara ýangyç guýulýan ýerde işleýän obadaşy bilen goňşy obalaryň birine toýa gidipdir. “Aýdym aýdýar, sazam çalýar, goşgam goşuberýär” diýip, ilki obadaşy Atajan Annaberdini tanyşdyrypdyr. Gezek Atajan Annaberdä ýetýär. Ol: “Bu meniň obadaşym, ýangyç guýulýan ýerde işleýär. Özünem, maşynlaryň kyrk litrlik bakyna altmyş litr benzini arkaýyn ýerleşdirip bilýär” diýip, ýoldaşynyň “tarypyny” ýetiripdir.

270.BERGI ÜZÜLER, GELIN ÖZÜŇDE GALAR

Atajan Annaberdiniň täzelikde öýlenen inileriniň biri: “Atajan kaka, öýlensemem-ä öýlendim welin, bergä batmaly boldum-da!” diýip, zeýrenipdir. Şonda Atajan: “Zady gaýgy etmegin, inim, bergi üzüler, gelin özüňde galar” diýip, inisini köşeşdiripdir.

271.MENIŇ KISÄM MOLLAGARAMY?

Atajan Annaberdi dyknyşykda awtobusda gidip barýarka, bir nätanyş onuň kisesine elini sokupdyr. Muny aňan Atajan onuň eliniň daşyndan penjeläp tutupdyr-da, şatyrdadyp gysyberipdir. Eliniň agyrsyna çydamadyk ogry: “Aý, agam, goýbereweri, elim guragyrlydyr” diýip, bagyryberipdir. Şonda Atajan: “Guragyrly bolanda nä meniň kisäm Mollagaramy?” diýip, onuň elini öňküdenem beter gysanmyş.

272.TELEWIZORA DÜŞÜRSELER BOLÝAR

Sowet döwründe Atajan Annaberdi dagy teleýaýlymyň işgärleri bilen ekin meýdanlaryna aýlanyp ýören eken. Şol wagt satiriki teležurnal “Ýartygulagyň” işgärleri suwa basdyrylan gowaçalary surata düşürip başlapdyrlar. Atajan Annaberdi kameranyň golaýynda duran ýaşuly suwça: “Akga, sen bir gyraraga çekiläý, bular häzir “Ýartygulaga” düşürýärler” diýipdir welin, ol: “Aý, inim, maňa “Ýartygulak” boldy, bitingulak boldy, tapawudy ýok, telewizora düşürseler bolýar!” diýip, telewizora düşürýäniň alkymyna dykylyp barýarmyş.

273. ÝAGŞYLYK EDIP...
Atajan Annaberdi hat-petegini düzedip, bir maýyp, ergeneksizräk ösen obadaşyna şäherçeden jaý alyp beripdir. Soň Atajan haýsy üýşmeleňe barsa, ýaňky: "Sen töre geç, Atajan akga, hany, eý, nahary Atajan akgamdan goýup başlaň, onam getiriň, munam getiriň!" diýip, Atajan Annaberdiniň daşynda hozanak bolup ýörenmiş. Muny gören obadaşlary Atajana: "Äl, aý, Atam, muny nädip terbiýelediň-aý?" diýipdirler welin, Atajan : "Ýagşylyk edip" diýip, ýylgyraýypdyr.

274.ŞOLARDAN KIÇI ŞAHYR DÄL
Bir başlangyç şahyr täze jaý salnypdyr-da, üstüni basyrmak üçin ýowar edipdir. Ol Atajan Annaberdä-de: "Jaýymyň üstüni suwajak bolýan welin, kömek etsen-e!" diýen. Atajan Annaberdi bolsa: "A-how, inim, men Gurbannazara ýa-da Kerim aga jaýymy suwaş diýsem nähili bolar?" diýýär. Ýaňky ýigit: "Aý, ol-ä bolmaz" diýýär. Atajan: "Bolmasa, inim, seň üçin menem şolardan kiçi şahyr däl-ä" diýýär welin, ýaňky: "Aý, onda gijiräk iýmäge-içmäge bir aýlan!" diýen bolup ýumlugaýýypdyr.

275. ÖÝLENMÄN GEÇERDI
Atajan Annaberdi inileriniň birini öýerjek bolanda bir husyt obadaşyndan karz pul diläpdir welin, ol: "Özüm şu gün elin ertip gaýdaryn" diýipdir-de, gara salmandyr. Soň bir duşuşykda Atajan Annaberdi oňa: "Obadaş, iliň-günüň barlygam bir gowy zat, saňa güni galsa-ha obaň ähli ýaş ýigitleri öýlenmän geçerdi" diýen.

276.ÝÜZÜŇDEN BAŞGA ÝERI MEŇZEŞDIR
Atajan Annaberdi çagalaryň suwa düşüp ýören güzeriniň duşundan geçip barýarka, çagalaryň biri: "Gaçyň, eý, ýylan bar" diýip, gygyrypdyr. Suwdan çykan oglanjyklar Atajan Annaberdiden utanyp, köýneklerini öňlerine tutuşyp duruberipdirler. Muny gören Atajan Annaberdi olara: "Köýnegiňizi ýüzüňize tutuň, eý, ýüzüňize, adamlaryň ýüzünden başga ýeri meňzeş" diýip, gygyrypdyr.

277. BÜÇEK
Atajan Annaberdiniň "Büçek" lakamly bir obadaşy bar eken. Bu lakamyň gelip çykyşyny soranlarynda Atajan Annaberdi: "Aý, bu diňe iliň taşlap giden bölek-büçek çilimlerini çekýär, şonuň üçin oňa "Bölek-büçek" diýmän, "Büçek" diýýärler" diýip, düşündiripdir.

278. ULURAK TOÝLARDANAM KOWLUP GÖRDÜK
Bir obadaşy Atajan Annaberdini başga bir toýa äkidipdir. Toý eýeleri olaryň ikisini hem oňat tanamaýar eken. Şonda-da ýaňky, Atajany toýa elten: "Ony getiriň, muny getiriň!" diýip, hanlyk satan bolup oturanmyş. Muny gören Atajan Annaberdi: "Tanalmaýan ýeriňde beýdip oturma, how, ikimizem kowarlar" diýipdir welin, ýaňky: "Ýa, Atam, bujagaz toýuň näme, bulardan has ulurak toýlardanam kowlup gördük" diýip, öz aýbyny özi açyp oturyberipdir.

279.EŞEGINE ÇENLI ÖÝÜNE SALÝAR
Atajan Annaberdiniň ogurlyk edip, tutulyp-basylyp ýören bir obadaşy bar eken. Bir gün oglanjyklaryň biri: "Atajan aga, buşluk, Sahyt kakam geldi!" diýipdir welin, Atajan Annaberdi: "Aý, inim, il-ä seň Sahyt kakaň geldi diýip, eşegine çenli öýüne salýar, sen bolsa bizden buşlugam hatamamy?" diýip, bir gysym süýjüni onuň eline tutdurypdyr.

280.HORAZLAR – A GYGYRYP BAŞLADY
Atajan Annaberdiniň towuk saklap, hojalygyny dolandyrýan bir obadaşy bar eken. Ol bir gün Atajanlara oturmaga gelipdir-de, towukdan başga zadyň gürrüňini etmän, gijäni ýarpylaberipdir. Atajan gürrüňi başga ýana sowjak bolup: "Beý, sagat näçeräk bolduka?" diýipdir welin, ýaňky: "Aý, ýarygije boluberendir-le, horazlar-a gygyryp başlady" diýip, turmak bilen bolupdyr.

ÝASSYK DAŇLAN ÝALY
Atajan Annaberdiniň çemgelenden karz pul alyp, bergi-borja batyp ýören bir obadaşy bar eken. Bir gün ýaňky köneje ýassygyň üstünde oturypdyr welin, ýanyndakylar: "Aý, turaweri, ýassygyň üstünde otursaň, bergili bolarsyň!" diýşipdirler. Şonda Atajan: "Arkaýyn otur, obadaş, onsuzam seň syrtyňa ýassyk daňlan ýaly ahyry" diýen.

282. KITABA GIRIZÝÄRSIŇ
Atajan Annaberdi dagy, kiçeňräk awtobusly, kärendeçiler bilen duşuşyk geçirmäge gidipdirler. Awtobus tep-tekiz

meýdançadan gidip barýar eken. Görseler, gowaçany dermanlaýan sary uçar awtobusa golaýlap gelýärmiş. Muny gören Atajan Annaberdi sürüjä: “Inim, bu meýdançadan basymrak çykaweri, ýogsam, sen biziň hemmämizi geň-enaýy wakalaryň ýazylýan kitabyna girizýärsiň” diýen.

283. AÝAGYŇ BILEN AÇMALY
Atajan Annaberdiniň bir obadaşyny täze wezipä belläpdirler. Bir oturşykda Atajan Annaberdi: “Indi olara barsaň, gapyny aýagyň bilen açyp barmaly” diýýär. Oturanlar: “Näme, eliň bilen açaňda bolanokmyşmy?” diýýärler. Atajan: “Ýok, bolanok, diýýär. “Iki eliňem zatlyka, oň bilen gapyny nädip açjak?”.

284. BILÝÄN DÄLDIR
Atajan Annaberdiniň, çagalaryny hem ekläp bilmän, aýalymyň arkasyndan gün görüp ýören ulumsy bir obadaşy bar eken. Bir gün obadaşlary: “Be, şuýem hondanbärsi bolup, özüni asmandan asyp ýör-aý!” diýipdirler welin, Atajan Annaberdi: “Aý, ol özüni agaçdan nähili asmalydygyny bilýän däldir” diýen.

285. MASGARA BOLARSYŇ
Atajan Annaberdiniň, ejesine, hojalygyna seretmän ýören bir şahyrsumak obadaşy bar eken. Ol uruşda dereksiz ýiten kakasy barada ýazan: “Kaka jan, men seni tapamok şindem” diýen goşgusyny okap beripdir-de, Atajan Annaberdä: “Nähili, boljakmy?” diýipdir. Atajan Annaberdi şonda: “Aý, agam, ejeňe bir oňatja seret, ýogsam, kakaň tapylaýsa, masgara bolarsyň” diýip, ýylgyraýypdyr.

286. SATYP GUTARYP BILMERSIŇIZ
Atajan Annaberdiniň, hiç kime peýdasy degmeýän, diňe öz garnynyň aladasyny edip, iýip-içip ýören bir çişik obadaşy bar eken. Bir üýşmeleňde obadaşlary ony ýerli-ýerden ýamanlap başlapdyrlar welin, Atajan Annaberdi olar bilen ylalaşman: “Baý-ba, siz entek bileňzok, şony dagy mellegiňizde meýdan etdiräýseňiz, pomidoryny satyp gutaryp bilmersiňiz” diýýär.

287. SYGYR MEŇKI DÄL
Goňşularynyň sygry Atajan Annaberdileriň ýorunjaly mellegine giripdir. Ýorunjanyň içinde, çişen sygrynyň alaň ýaly bolup ýatanyny gören goňşusy: “Şu mellek seňkimi däl, seňki bolsa, seretmeli ekeniň!” diýip, Atajan Annaberdä gygyryp başlaýar. Şonda Atajan Annaberdi: “Melleg-ä meňki, goňşy, ýöne sygyr meňki däl” diýip, ajymtyk ýylgyraýypdyr.

288. JAÝLARYNY DÖWÝÄRLER
Agtyjagy Gülpam ylgap Atajan Annaberdiniň ýanyna gelýär-de: “Ata, Kakamyratlar jaýlaryny döwýärler” diýýär. Atajan daş çykyp seretse, hakykatdan hem, goňşulary jaýlaryny täzelemek üçin, traktora ýykdyryp ýören eken.

289. ÖKÜZLERIŇE OŇATJA SEREDIBER
Öküz bakyp, soýup-satyp gününi görüp ýören obadaşlarynyň biri Atajan Annaberdä bir depderçe goşgy getirip beripdir-de: “Indi näme etsem gowy bolar?” diýipdir. Atajan Annaberdi şonda oňa şeýle maslahat beripdir: “Bulary bir ýerde gizläp goý-da, öküzleriňe oňatja serediber!”.

290.“KEÝPIM KÖKI” AÝDYP BERÄÝMESEM
Atajan Annaberdi bir toýda aýdym aýdyp oturan eken. Ol ilki mugallymlaryň islegi boýunça ‘Mugallyma gyz”, soň bolsa lukmanlaryň islegi boýunça “Lukman gyz” diýen aýdymlary aýdyp berýär. Şol wagt bir baý, telekeçi ýigit: “Agam, bize degişlem bir aýdymy aýdyp bersen-e” diýýär welin, Atajan Annaberdi: “Aý, inim, men-ä “Keýpim köki” aýdaýmasam, size degişli başga aýdym bilemok” diýip, oturyberipdir.

291. AGZYNY TAPANOKMY?
Atajan Annaberdi bilen agtyjagy Akpamyk telewizora seredip otyr eken. Telewizordaky ýaşuly elindäki bulguryny boşadyp, sogan ysgaýar welin, Akpamyk: “Ata, ol adam agzyny tapanokm-aý?” diýýär. “Aý, tapyb-a, tapýandyr-la”. Akpamyk bu jogap bilen kanagatlananok: “Tapýan bolsa näme, ol sogany burnuna sokup barýarka?”

292.ÖZÜNDEN HALAS EDIP BOLANOK
Atajan Annaberdi kärendesine alan ýerine gawun ekipdir. Gawun bişensoň, kärendeçi goňşusy her gün diýen ýaly gelip: “Şu gawunlary men suwdan halas edipdim, ýogsam, bular bireýýäm çüýräp gitmelidi” diýip, gawundan ýüklenip gidip duranmyş. Muny gören goňşulary: “Şunuň aýdýanlary dogrumy?” diýip, Atajan Annaberdiden sorapdyrlar. Şonda Atajan Annaberdi: “Wah, onuň suwdan halas edeni dogru-la, ýöne indi bu gawunlary onuň özünden halas edip bolanok” diýip, jibriniberipdir.

293. ÖZÜŇ BIR BARYP DUR!
Atajan Annaberdiniň bir tanşy öýüne gelen myhmanlary Atajan Annaberdilere alyp barýar eken. Ol köp wagtlap gara

salmansoň, Atajan Annaberdi bir duşanda oňa: “Aman jan, myhman gelmese-de, käte özüň bir gelip dur, ýogsam, biziň-ä ýüregimizem gysýar” diýen bolupdyr.

294.GÜL ÝALY OGLUNA TAPANOK
Belli bir işiň başyny tutman, ygyp ýören, keleçaýrak inileriniň biriniň ejesi Atajan Annaberdä: “Atajan, owadanja, akylly-başlyja hem eli işlije gyz bolsa, gözüňde bolsun. Iniňem indi öýeribermeli” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Ýa, ýeňňe, olar ýaly gelinligi il gül ýaly ogluna tapanok” diýip, oňa öz oglunyň ýagdaýyny duýduryp oturyberipdir.

295.AGZYŇY BIR AÇMAN OTUR!
Atajan Annaberdiniň Hümmet gara diýen bir gap-gara, sazanda dosty bar eken. Ol bir üýşmeleňde Atajan Annaberdä: “Atam, men-ä sowuklapdyryn, garşy bolmasaňyz, sazy pejiň öňüne geçip çalaýjak” diýýär. Atajan bolsa: “Çalsaň çal, ýöne agzyňy bir açman oturaweri. Birden, peçsiň öýdüp, biri agzyňa kömür oklaýmasyn!” diýipdir welin, oturanlar gülüşiberipdir.

296.KÖÇEDE ÝATANDAN, KEÇEDE ÝATSYN!
Atajan Annaberdi tam toý edipdir welin, içgili oglanlaryň biri, öýüne gidip bilmän, işikdäki keçäň üstünde ýatyp galypdyr. Muny Atajan Annaberdä duýduranlarynda ol: “Degmäň, köçede ýatandan, keçede ýatsyn!” diýip, beýleki myhmanlary bilen boluberipdir.

297.YZYNA DÜŞÜP GIDIBERÝÄN
Atajan Annaberdi tanyş dükançylarynyň birine: “A-how, sen mydama keýplije-le, beýdip, içip ýörer ýaly munça oturşygy nireden tapýaň sen?” diýipdir welin, ol: “Aý, men-ä çaý içeli diýýär welin, dur, onda dükany ýapaýyn!” diýýän-de, iň soňky arak alanyň yzyna düşüp gidiberýän” diýen.

298.DÜÝBÜNE DEPIP IÝIP ÝATMALY
Atajan Annaberdileriň mellegi durşuna alma eken. Bir gün Atajan Annaberdiniň ýoldaşlary bazardan ony-muny alyşdyryp, goşgy diňlemek üçin, Atajan Annaberdilere gaýtmakçy bolýarlar. Oglanlaryň biri: “Alma-da alaýalyň!” diýip, alma satýanyň ýanynda säginjek bolýar welin, Atajanyň eý görýän dosty Orazberdi Ylýasow: “Goý, how, Atajan kakalara barsaň, almany düýbüne depip iýip ýatmaly” diýip, oňa alma aldyrmandyr.

299.BERGILI BOLMALY
Atajan Annaberdiniň bir baý, telekeçi ýoldaşy bar eken. Atajan Annaberdi, näsaglandygyny eşidip, ony soramaga barypdyr welin, ýaňky: “Sag wagtym-a naharymy ýeke iýdirmezdiler, nähoşladym welin, soramaga gelýän ýog-aý!” diýip, zeýrenip başlapdyr. Şonda Atajan Annaberdi oňa: “Berdi jan, algyly bolsaň, soramaga gelen tapylmaz. Halyňy soratjak bolsaň, biz ýaly bergili bolmaly” diýen.

300.AÝAGY BILENEM ÇALÝAR
Atajan Annaberdi ussat akkordeonçy dosty Annadurdy Aman bilen bir oturşyga barypdyr. Oturşygyň sazandasy birki sany sazy çalan bolupdyr-da: “Aý, meniň elim biçak ýüwrükdir. Maryda menden eli ýiti sazanda bolmaz” diýip, öwnüp başlapdyr welin, Atajan Annaberdi: “Hany, inim, şol akkordeony bärik al, olar ýaly sazlar-a Annadurdy aýagy bilenem çalýar” diýip, akkordeony Annadurdy Amana geçiripdir.
“Tanamadyk sylamaz” diýleni-dä. Şondan soň ýaňky öwünjeň sazanda aýdanyna ökünip, aňyrsyna çykyp bilmändir.

301.SALLANÇAK ÜWREŞMÄGE GELIPDIRLER
Atajan Annaberdilere iki-üç sany galamdaşy myhmançylyga gelipdir. Atajanyň gelni ýekelliräk bolansoň, bäbejigini sallançakda ýatyryp, biş-düşüň aladasy bilen bolupdyr. Myhmanlar gezekli-gezegine sallançagy yralap otyrkalar, Atajanyň gelnejeleriniň biri gapydan boýnuny uzadyp: “Atajan, myhman geläýdimi?” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Hawwa, gelneje, uly-uly şahyrlar bular. Başga işleri bolmansoň, sallançak üwreşmäge gaýdyberipdirler” diýip, gelnejesini utandyrypdyr.

302. SUW ALAÝAÝYN

Atajan Annaberdi goňşularynyň melleginiň gapdalyndan geçýän ýabyň gamyşyny ýygmakçy bolupdyr, ýöne goňşulary: “Bu biziň mellegimiziň gabady” diýip, ony ýygdyrmandyr. Soň bir gün Atajan Annaberdi ýaňky goňşulary süýji ukuda ýatyrka oýaryp: “Goňşy, ýabyňyzdan birki bedre suw alaýaýyn?” diýipdir welin, ol näme diýjegini bilmän, öýüne girip ötägidipdir.

303. ÝYKYLARA GELDIM
Atajan Annaberdi bir dostunyňka myhmançylyga baranda, ol gadyr edip, gaýnatma atarýar eken. Süňkli naharam wagty bilen bişäýýärmi? Atajan turup gaýdyberjek bolýarmyş welin, öý eýesi: “Häzir bişýär, duz datman gitme” diýip, goýberenokmyş.
Bir gün Atajan Annaberdi şol dostunyňka baryp, gaýnatmanyň atarlanyny görüpdir-de, “Häzir gelýän” diýip, çykyp gaýdypdyr. Ol giçden soň barypdyr welin, dosty: “Nätdiň-aý, men-ä saňa garaşyp-garaşyp, açlygymdan ýaňa ýykylara geldim” diýip, akyp bişen gaýnatmany alyp bermek bilen boluberipdir.

304. DIŇE ARZUWYŇ BAR – DA
Arzuwçylrak, badyhowarak inileriniň biri Atajan Annaberdä: “Atajan kaka, menem indi öýlenibermeli” diýýär.

- Be, ýeterlik puluň bir barmy seň?
- Pul-ä ýok.
- Diplomyň, jaýyň, maşynyňam-a ýok seň. Iliňkiden üýtgeşik abraýyňam ýok. Şeýle dälmi?
- Şeýleräk öz-ä.
- A-how, “Ölsem ýeriňki, ölmesem seňki” diýip duran gelinligiň bir barmy seň?
- Aý, gelinligem gözläbermeli bolar-da.
- A-how, inim, onda häzir seň diňe arzuwyň bar-da – diýip, Atajan Annaberdi çalaja ýylgyraýypdyr.

305. HEZIL EDIP DIŇLÄRDIM
Atajan Annaberdiniň bir baý, şahyrsumak obadaşy bar eken. Ol käte Atajan Annaberdini öýüne çagyryp, öz ýüregedüşgünç goşgularyny okap berýär eken. Bir gün ol Atajan Annaberdä: “Atam, şu gün agşam aýlan, ikijigimiz, goýun soýup, oturaly” diýipdir welin, Atajan: “Aý, şu günler ýarawlygymyň ugry ýok, ýogsam-a, seniň goşgularyňy hezil edip diňlärdim” diýen bolup, olara barmandyr.

306. HELEÝBAZ
Atajan Annaberdiniň bir içegen hem aýal çalyşmany gowy görýän obadaşy bar eken. Bir gün ony arak goýdurylýan ýere iberipdirler. Birki aý çemesi geçensoň, ýaňky: “Gowy gördüm-de, alyp gaýdyberdim” diýip, şol ýerde ýatan aýallaryň birini yzyna tirkäp geläýipdir.

307. AKLYŇ GOÝALMAKA
Bir duşuşykda, sorag-jogap alşylanda, ýaş ýigitleriň biri Atajan Annaberdä: “Haçan öýlenseň gowy bolýar?” diýipdir. Ýerliksizräk hem bolsa, Atajan bu sowaly jogapsyz galdyrmandyr: “Aklyň goýalmaka”.

308. OL ŞEÝTSE, BIZEM ŞEÝDÄÝERIS
Atajan Annaberdiniň agzyny bekläp ýören goňşularynyň biriniň klýonkanyň aşagynda ýetişdiren hyýarlary sowuk urupdyr. Ol aýalyna: “Bir susak suw getir!” diýipdir welin, rejäň geň däldigini aňan Atajan: “Goňşy, şunça azap edip, indi agzyňy açaýjakmy?” diýipdir. Goňşusy bolsa oňa gulak hem asman: “Ol biziň ekinlerimizi şeýtse, bizem oň orazasyny şeýdäýeris!” diýip, bir susak suwy jyňkydaýypdyr.

309. GOZGASAŇ, GÖÇÜRÝÄR
Atajan Annaberdiniň, goňşusy bilen oňuşman, gyr-tutuş bolup ýören bir obadaşy bar eken. Ol bir gün: “Näme etsemkäm?” diýip, Atajan Annaberdiden maslahat sorapdyr welin, Atajan: “Goňşyňy gozgasaň göçer” diýipdirler. Senem ony gozgap görseň nädýär?!” diýen. Şonda ýaňky maslahat salan: “Wah, Atajan jan, sen bileňok, meniň ol aýdýan goňşym gozgasaň, göçürýär. Menden öňki ýaşan iki hojalygam şoň bilen oňuşman, göçüp gidipdir-ä” diýip, jowranyberipdir.

310. GARNYŇDAN GAPY AÇAÝAR

Atajan Annaberdiniň bir goňşusy baga bakýan öküzlerini ýataga salyp, iki-üç ýerinden daňyp saklaýan eken. Muny gören Atajan Annaberdi: “Goňşy, ýatagyň içi gaty kapas eken. Munyň gapysyny açyp goýsaň näder?!” diýipdir welin, ýaňky öküzleriň eýesi: “Bow, goňşy, gapysyny açyp goýsaň, bular bujagaz zynjyryňy dagy bir zyňanda üzüm-ýolum edip taşlar-da, garnyňdan gapy açaýar” diýip, ýatagyň demir gapysyny basymrak ýapmak bilen bolupdyr.

311. BUGDAÝ DIÝENIŇ
Atajan Annaberdiniň Gündogdy atly bir goňşusy hiç haçan daýhançylyk edip, ekin eken adam däl eken. Jaýynam suwamaýan, barypýatan ýalta eken. Ýöne bir sapar ol Atajan Annaberdiniň ullakan kersenini alypdyr-da, samanly palçyk edip goýupdyr. Ana, şol kersenden şeýle bir bugdaý çogup çykypdyr welin, sahelçe salmyň içinde eýesiniň boýy bilen boýdaş bolup duruberipdir. Atajan Annaberdi onuň aşagyndan kersenini zordan gözläp tapypdyr. Şondan bäri hakyky daýhanlar bugdaýlary bitginsizräk bolsa: “Wah, bugdaý diýeniň Gündogdyňky ýaly bolaýsa” diýişýärler.

312. ADAM BOLSA GETIRIBER
Içip, oturşygy bulap ýören adamlary getirip, azar berip ýören ýoldaşlarynyň biri Atajan Annaberdä: “Iki sany adam alyp barýan” diýip, jaň edýär. Atajan şonda oňa şeýle diýýär: “Zyýany ýok, adam bolsa getiriber, ýöne öňkiň ýaly, iki sany däli adam alyp gelmeseň bolýar!”

313. ŞOL ÝERDE ÖWRETDILERMI?
Bir arakhor Atajan Annaberdiden: “Ýazjanyň ýagdaýy neneň, bu günler görünenok-la?!” diýip, öz çüýşedeşiniň ýagdaýyny sorapdyr. Atajan Annaberdi bolsa: “Aý, Ýazjan-a aragyny goýjak bolup, arak goýdurylýan ýere gitdi” diýipdir welin, ýaňky arakhor: “Haý, işi gaýdan, öň nä saňa ony şol ýerde öwretdilermi?” diýip, başyny ýaýkapdyr.

314. PYRLANÝAN ZADYNY TAPYP BOLSA – HA ...
Atajan Annaberdi çykyş etmek üçin, dikuçarly, çöle, gazçylaryňka gidipdir. Ol oba gelensoň, dikuçary taryplap: “Aý, ulag dagy däl ekeni, islän ýeriňde uçup-gonup ýörmeli. Ýagdaýyny tapsaň, hojalyk üçinem birjigini edinmeli şoň” diýipdir welin, öwünjeň oba ussalarynyň biri: “Aý, şoň ýokarsyndaky pyrlanýanyny tapyp bolsa-ha, aşagyndakyny ýasasa-da bolar-la” diýip, özüne göwni ýetýändigini duýdurypdyr.

315. ÇÄÇDEPEDE – DE GEÇER – LE
Iki sany çäçdepeli nahal oturdyp ýören eken. Olaryň biri Atajan Annaberdä: “Atam, şu syrgyna dub oturdyp çykaýsam diýýän, näder, bolmazmy?” diýen. Atajan hem: “Bolub-a bolar-la, ýöne munça duby näme etjek sen?” diýýär. Ol: “Aý, ýetişer welin, oňatja edip, ýylmaşdyryp, araba ýasajak-da, Mara äkidip satyberjek, geçmezmi?” diýen. Nahal oturdyp ýörenleriň ikinjisi Atajan Annaberdiniň berjek jogabyna-da garaşman: “Aý, oňatja edip, ýylmaşdyryp ýasasaň-a Çäçdepede-de geçer-le” diýip, ýoldaşy bilen ugurdaş gopupdyr.

316. MEN MAWLAÝYN
Saýada oturan Atajan Annaberdi öňüne nahar alypdyr welin, pişikleri mawlap gelipdir. Atajan oňa bir dogramça et oklap, naharyny iýiberjek bolanda goňşularynyň pişigi peýda bolupdyr. Oňa-da bir dogramça et oklan Atajan üçünji pişigiň mawlap gelýänini görüp: “Alyň, how, şu nahary siz iýiň, men mawlaýyn” diýip, tabagy pişikleriň öňüne süýşüripdir.

317. “ALAHEKGÄNEM” ÇALYP GOÝBERSEN – E
Atajan Annaberdi bir toýda saz çalyp oturan eken. Haýyş edip ilki oňa “Kepderini”, “Durnalary”, soň bolsa “Torgaý guşlary” çaldyrypdyrlar. “Guşdan gidenine görä “Bilbil gördümem” çalyp bersen-e” diýipdirler. Atajan ony hem çalyp beripdir. Ara böwşeňlik aralaşanda, saza düşünmeýän diňleýjileriň biri: “Bagşy jan, “Alahekgänem” bir çalyp goýbersen-e” diýen. Ol özüni oýnajak bolýandyr öýden Atajan: “Alahekge” diýip saz barmy näme?” diýip, gatyrganypdyr welin, ýaňky diňleýji: “Bagyşla, agam, men-ä her guşa degişli bir saz barmyka diýipdirin” diýip, Atajandan ötünç sorapdyr.

318. HUDAÝ TUTAÝMASA
Atajan Annaberdiniň bir naspuruş goňşusy bar eken. Ilden nas diläp atyp ýörenleriň biri gelipdir-de, ýaňka: “Nasyň güýçlimidir?” diýen bolupdyr. Naspuruşam: “Edil düwdek edäýer, ynanmasaň, al, atyp göräý” diýýär. Ýaňky gelen nas atyp birazajyk oturýar-da: “Aý, munyň-a tutmady” diýip, turup gidiberjek bolýar welin, Atajan: “Dur, inim, seni şu

nasam tutmadyk bolsa, Hudaý tutaýmasa, tutan zat bolmaz” diýip, bu dilegçi naskeşi utandyrypdyr.

319. TOŞABY NÄDIP SALÝARLAR?
Sowet döwründe Atajan Annaberdi dagy iş sapary bilen aýlanyp ýörkä bir wagyzçy sagat ýarymlap wagyz edipdir. Oturanlar onuň aýdýanyna kän bir düşünmeýän eken. Ýaňky wagyzçy sözüni tamamlap: “Ynha, ýoldaşlar, indi şu zatlara degişli näme soragyňyz bolsa beriberiň!” diýipdir welin, oturanlaryň biri: “Agam, şu ýassyk ýaly toşaply süýjiň içine toşaby nädip salýarlar?” diýip, bu nutuk bilen hiç bir baglanşygy bolmadyk sowaly orta atyp oturyberipdir.

320. BOÝNUMA ALANYM ÜÇIN
Atajan Annaberdiniň agtyklarynyň biri mekdepden gelip: “Ata, şu gün mugallymymyz meni öwdi-dä” diýýär. Atajan: “Berekella, oglum, nämüçin öwdi ol seni?” diýipdir welin, agtygy: “Aýnany döwenimi boýnuma alanym üçin” diýip, ýylgyraýypdyr.

321. HOWATYR
Atajan Annaberdiniň agtygy: “Ata-eneler ýygnagyna şu saparlykça sen barsan-a, ene” diýýär. Enesi haýran galyp: “Näme, ataň baranda bolanokmy?” diýipdir welin, agtygy: “Atam barsa, ýüregagyrysy tutarmyka diýýärin” diýip, bir garagolluk edendigini ýaňzydypdyr.

322. IKINJI SYNPA GEÇDI
Atajan Annaberdiniň birinji synpy tamamlan agtyjagy: “Ata, mugallymymyz hem biz bilen ikinji synpa geçdi” diýip, atasyna buşlaýar.

323. ÝITEN SÜÝJI
Atajan Annaberdi: “Jigiň nämä aglaýar?” diýip, uluja agtyjagyndan soraýar. Agtyjagy: “Süýjüsini tapanok” diýýär.
- Süýjüsi niredemiş oň?
- Meniň owurdymda.

324. ÝATAŇSOŇ GIDÄÝJEK
“Ata, suwa düşmäge gidäýeýin?” diýip, agtygy Atajan Annaberdiden soraýar. Atajan: “Ýok, gitme, seni suwa iberip, men arkaýyn ýatyp bilmen” diýýär.
- Onda sen uklaňsoň gidäýjek.

325. GORKUZSAN – A
Atajan Annaberdi agtyklaryna erteki aýdyp berýär. Bir gün ol ýönekeý ertekileriň birini aýdyp başlapdyr welin, agtyjagy: “Döwli ertekileriňi aýdyp, bizi gorkuzsan-a, ata!” diýen.

326. AK REŇK NÄHILI?
Atajan Annaberdiniň bir doga batyl, hem biçak soranjaň obadaşy bar eken. Ol bir gün Atajan Annaberdä: “Atajan akga, şü ak reňk nähili bolýar?” diýýär. Atajan hem: “Ak reňk, inim, gar ýaly bolýar” diýen.
- Hä, gar ýaly sowukmy?
- Ýok, sowuk däl, edil pagta ýaly.
- Ýumşajykmy?
- Ýok, how, şeker ýaly ol.
- Wah, süýji diýsen-e.
- Süýji däl, how, edil duz ýaly.
- Turşymy?
- Nätdiň-aý muny, hany, eliňi uzat, ynha, şu gant ýaly.
- Hä, gaty eken-ow.
Atajan Annaberdi ak zatlaryň hemmesini sanap çykypdyr, ýöne ol bu batyl ýigdekçä ak reňkiň nähilidigini düşündirip bilmändir.

327. JALBAR NÄMÄ GEREK?
Atajan Annaberdi bazarda bir arakhor obadaşyna sataşypdyr. Ol ýönekeýje matadan tikilen jalbarlary synlap duran

eken. Onuň tykyrap duranyny gören Atajan: “Alyber, obadaş, gymmadam däl, iki çüýşe aragy içmän ekeniň-dä” diýende, obadaşy: “Wah, iki çüýşe aragyň bolsa, jalbar nämä gerek?” diýip, özüniň azarlap durandygyny bildiräýipdir.

328. DEŞIKSIZ GULAKJYN
Atajan Annaberdi telpek dükanyna baryp bir gulakjyny bahaladýar. Satyjy: “Alyber, sen bolaňsoň, ýüz dollara bereýin” diýýär. Atajan Annaberdi gulakjyny synlaşdyryp: “Hany munuň deşikleri?” diýen. “O nähili deşikleri?” diýip, satyjy haýran galýar. Atajan: “Şujagaz gulakjyna ýüz dollar berjek eşegiň gulaklary çykyp durar ýaly deşikleri bolmal-a muň” diýip, gulakjyny goýupdyr-da, dükandan çykyp gidiberipdir.

329. KEÇE BIŞIRDI
Atajan Annaberdi bir gün işden ýadap, ajygyp gelipdir. Onuň öňünden agtyjagy Gülpam ylgap çykypdyr welin, Atajan: “Gyzym, eneň bu gün bir zat bişirdimi?” diýipdir. Agtyjagy bolsa: “Hawwa, ata, enem bu gün keçe bişirdi” diýip, oňa serilgi, täze keçeleri görkezipdir.

330. ÝAZYP BEREÝIN
Atajan Annaberdi bir üýşmeleňde ýomak aýdyşyp oturan eken. Diňleýjileriň biri oňa şol bir degişmäni ençeme sapar gaýtaladypdyr. Ahyry Atajan Annaberdi ýaňka: “Inim, galam-kagyzyň bolsa getir, islän wagtyň okap, gülüp ýörer ýaly, şol degişmäni men saňa ýazyp bereýin” diýen.

331. GAÇYP GUTULMALY EDÄÝMESEM BARDYR
Gaçyp giden, obadaş gyzlarynyň biri soň bir gün Atajan Annaberdä gabat gelende: “Atajan kaka, men-ä indi halys çydamok. Ýanymdak-a gazananjamy içip ýatyr. Gaýynlarymam ogluna buýrandan geçen, gaýtam, maňa igenip azar ýamanyny berýärler. Men-ä indi halys gaçyp gaýtmaga uwundym” diýipdir welin, Atajan: “Hawwa, jigim, bu durmuş-da, onuň käte gaçyp barany gaçyp gutulmaly edäýmesem bardyr” diýip, ol gelne gyzka goýberen ýalňyşyny ýatladypdyr.

332. GAZANYŇY ÖWRENIŞDIRIBERERLIG – Ä ÝOKDUR
Atajan Annaberdi bir işdeşiniňkä myhmançylyga barypdyr. Ol özi hem iýmän, ile-de iýdirmän, gazananjasyny gysymyna gysyp oturan hojalyk eken. Şol gün hem olar noýbasyz, gatyksyz unaş edipdirler-de, Atajan Annaberdiniň öňünde goýup: “Al, Atajan, şu yssyda ýagly-ýüzli naharam kän bir işdäň alyp baranok. Onsoň biz-ä delje zat diýip, käte şuny edinäýýäs” diýen bolupdyr welin, Atajan: “Şuny oňarýaňyz, ýöne delje zat diýip, bu gurbany gitdigime kän bir gazanyňy öwrenişdiribererlig-ä ýokdur” diýip, ýaňky unaşdan birki çemçe owurtlan bolupdyr-da, çekilip oturyberipdir.

333. IÇIGARA
Atajan Annaberdiniň bir içegen, içigara obadaşy bar eken. Atajan bir üýşmeleň edende ýaňky serhoş bolup ýykylypdyr-da, palçyga bulaşypdyr. Atajanyň ýoldaşlary: “Atam, bir bölejik sabynyň ýokm-aý, on-a hammama salyp arassalaýmasak, bolar ýaly däl diýipdirler. Atajan olaryň eline bir bölek sabyn tutdurypdyr-da: “Ynha, şu sabyn bilen onuň daşyn-a arassalarsyňyz welin, için-ä on guty sabyn bilenem arassalap bilmersiňiz” diýipdir.

334. ÝOKKAM GOÝUP GAÝDANYŇA BEGENIBER!
Bir başlangyç şahyr Atajan Annaberdi öýünde ýokka onuň aýaly Gurbanjemala: “Gelneje, Atajan aga şu goşgularyma seredip bersin-le” diýip, bir petde goşgusyny goýup gaýdypdyr. Soň bir gün ol Atajan Annaberdä duşanda: “Atajan aga, nätdiň, meniň goşgularymy okap gördüňmi? Heý, olarda meni begendirip biläýjek zat barmy?” diýýär welin, Atajan: “Olary men ýokkam goýup gaýdanyňa begeniber, inim” diýip, oňa degişme äheňinde jogap beripdir.

335. “AMANMY?” DIÝJEGI ÝOK
Atajan Annaberdi bazara geçisini satmaga barypdyr. Geçi gaty garry bolansoň,, her gelen dişini görjek bolup, janaweriň dodaklaryny ýara edip barýarmyş. Täze gelen müşderileriň biri ýaňky geçiň temegini galdyryp, dişini görjek bolupdyr welin, ozal hem geçisini satyp bilmänine jany ýanyp duran Atajan: “Görjek bolup azara galyp oturma, how, inim, şu bazardaky geçileriň içinde şu geçä “amanmy?” diýjegi ýok” diýen.

336. JANYMY ÝAKYP ÝYLANJAK

Öýlerde kömür ýakylýan sowet döwründe goňşusy gelip, Atajana: “Goňşy, kömrüňem-ä gutaryp barýar eken. Bujagazyň gutaransoň, näme ýakyp ýylanjak?” diýipdir welin, Atajan: “Janymy ýakyp ýylanaýmasam” diýip, ýylgyraýypdyr.

337. BIR “O”–DA KÄN
Bir daýhan birleşigiň ýaşuly arçyny zootehnigine iş kagyzyny dolduryp berende “Zootehnik” diýmegiň ýerine “zotehnik” diýip ýazypdyr. Muny gören zootehnik durup bilmän: “Ýaşuly, şol ýerde iki “o” bolmaly dälmi?” diýen. Atajan Annaberdi ýaşuly arçyny utandyrmajak bolup: “Aý, inim, işleýşiňiz şol bolsa, size bir “o”-da kän” diýen bolupdyr.

338. DAWALAŞYP ALAR
Atajan Annaberdiniň bir ile belli dawaçyl obadaşy ýogalypdyr. Ýer azrak bolansoň, jaý gazýanlaryň: “Nätsekkäk, ýa başga ýerden gazaýsakmykak” diýip, ýaýdanşyp durandyklaryny gören Atajan: “Aý, jaýlap goýberseňizläň, başga biriniň üstünden düşäýende-de, dawalaşyp alar bi” diýip, gabyr gazyjylary köşeşdiripdir.

339. GANT ZAWODY BOLAN BOLSA – HA...
Sowet döwründe öz euryndaşlarynyň her haýsyna bir wezipe berip ýören, tireparaz başlyklaryň biri Atajan Annaberdiniň kerki bilen azot owradyp duran agasynyň ýanyna baryp: “Tüweleme, Ýamat, saňa-da bir wezipe beräýdilermi?” diýen bolupdyr welin, Atajan: “Aý, başlyk aga, şu gant zawody bolan bolsa-ha, meň agama ýetmezdi” diýip, garyndaşparaz başlygy duzlapdyr.

340. ÜZÜLER ÝALY DÄL
Atajan Annaberdi bir üýşmeleňde birine daň atýança gyjak çalyp beripdir. Ýaňky gözüni gyrpman, kemençäniň süýkelşine seredip oturansoň, daň agaryberende Atajan: “Ýeri, niçik gördüň?” diýen bolupdyr welin, ýaňky diňleýji: “Aý, gaty berk ekeni, süýkäniň bilen üzüler ýaly däl bi” diýip, saza düşünmeýändigini bildiräýipdir.

341. HOJALYGY DÜZEDER
Atajan Annaberdiniň gelnejeleriniň biri: “Unam gutarypdyr, oglum, çaýam. Süýji bilen ýagam almaly. Derrew ugruna çykaýmasaň, halys tozdy bu hojalyk” diýip, öz içegen ogluna igenip başlapdyr welin, Atajan: “Ýeňňe, bir çüýşe araga ýeter ýaly puljagaz tapyp ber, onsoň hojalygyňy dagy derrew düzeder bi” diýip, inisiniň tarapyny tutupdyr.

342. GAÝDYP GARA SALMASA GEREK
Atajan Annaberdilere iki-üç sany myhman gelipdir. Olar çaý içipdirler. Ýöne çümşüldäp, kän bir nahar iýmändirler. Myhmanlar gidensoň, Atajanyň aýaly Gurbanjemal: “Gyssagarada ýetişdirmeli boldum-da, nähili, naharym bolupmy bir?” diýipdir welin, Atajan nahara at dakmany gelşiksizräk görüp: “Bolubilýär, ýöne nahar bişirşiň şu bolsa, bir gelen myhman-a gaýdyp garasyny salmasa gerek” diýip, naharyň çig-çarsyrakdygyny ýaňzydypdyr.

343. ÝYRTAÝMASAŇ...
Atajan Annaberdi dagy geýim-gejim satylýan dükanda otyrka bir ýaş ýigit gelipdir-de: “Agam, jor-r-rabyň barmy?” diýipdir welin, Atajan: “Inim, jorab-a bardyr, ýöne bu çemeleşişiň bilen sen ony ýyrtaýmasaň...” diýip, ýylgyran.

344. AŇYRKY GELIN, AMANMY?
Atajan Annaberdi belli sazanda hem ýomakçy dosty Amannazar Ataýew bilen toýa barýar eken. Olar ýoluň ugrunda gürrüňleşip duran iki gelniň gabadyna ýetende Amannazar baş atyp: “Aňyrky gelin, amanmy?” diýen. Muňa haýran galan Atajan Annaberdi: “Beý, kim, aý, ol, tanşyňyz dagymy?” diýipdir welin, Amannazar biçak owadan bolansoň, ol gelne lak atandygyny bildirmejek bolup: “Aý, hawwa, öz-ä bir gören ýüzüm” diýip, gümmi-sümmi edäýipdir.

345. ÇAGA PIL SOÝUP GÖRDÜMMI?
Bir üýşmeleňde belli dessançy Gurt Ýakup dessan aýdyp oturan eken. Ol: “Şazada ýedi piliň çagasyny nahar edinip, ýola rowana boldy...” diýipdir welin, Atajan Annaberdi: “Amannazar akga, tursan-a, bir piliň çagasy näçeräk çykar öýdýäň?” diýip, ýyljak pejiň gapdalynda irkilip ýatan Amannazary yralapdyr. Amannazar bolsa: “Aýrylsan-a, how, men nä çaga pil soýup gördümmi?” diýip, aňyrsyna öwrülip ýatyberipdir.

346. “TOKMAGA” ÝAZSAN – A

Sowet döwri, Atajan Annaberdi gurluşyk edýän goňşusynyň ogluna: “A-how, inim, örýäniň iki sanjak jaý welin, muny wagty bilen gutarmadyň-la” diýende, işýakmaz oglunyň igym-sagymlygyna jany ýanyp ýören ýaşuly: “Wah, Atajan, gutarmaz bi, şuny bir “Tokmaga” ýazsan-a” diýipdir.

347. SÜSÄÝER ÖÝDÝÄŇMI?
Atajan Annaberdi bir tanyşlarynyňka myhmançylyga barypdyr. Öý eýesi gysganjyrak eken. Ol: “Atam, etimiz-ä bar welin, goçuňky-da, ataraý diýseň-ä ataraýyn” diýipdir welin, Atajan: “Atar, atar, goç bolanda näme çanakdan çykyp süsäýer öýdýäňmi?” diýen.

348. DILI ÝALY – LA
Telewizorda sport ýaryşlary yzgiderli görkezilýän sowet döwri Atajan Annaberdi mekdep okuwçylarynyň ylgaşygyna seredip otyrka, gözleri ümezläp duran, serhoş inileriniň biri telewizor görmäge gelipdir. Atajan ylgaşygyň öňüni çekip barýan oglanjygy görkezip: “Şo-ol boýny gyzyl ýaglykly oglanjyk yzkylara hezil berjek däl-ow” diýipdir welin, inisi: “A-how, ýaglykly-paglykly diýen bolýaň welin, ol sallanyp ýatan ol oglanjygyň dili ýaly-la” diýip, öz serhoşlygyny bildiräýipdir.

349. ARAK NERESSÄNI NÄÇEDE ÇYKARÝAŇYZ?
Irden sagat ona, on bire çenli arak satmagyň gadagan edilen sowet döwründe ir bilen Atajan Annaberdilere iki-üç sany myhman gelipdir. Öýünde arak bolmansoň, Atajan Annaberdi oba dükanyna baryp, dükançyny çetiräge çekip: “Inim, arak neressäni näçede çykarýaňyz?” diýipdir. Atajanyň goşgularyny ýat tutup ýören dükançy ýigit: “Ýa, Atajan akga, arak öýde kändir, haçan gerek bolsa, alyp gaýdybergin!” diýip, oňa öz öýüni salgy beripdir.

350.ŞAGAL BOLUP UWLAÝAR
Atajan Annaberdi kärendesine ýer alyp, gawun ekipdir. Özi bolmadyk mahaly gawun üstünde Atajanyň ogly bolýar ekeni. Bir gün Atajanyň Baýram şagal atly kärendeçi goňşusy gelipdir-de: “Atam, ogluňa haý-küş diýeweri, ol meni biçak kemsidýär” diýen. Atajan haýran galyp: “Beý, goňşy, nädip kemsidýär ol, sögüp dagy edýärmi?” diýýär. Baýram şagal bolsa: “Sögüp beýlek-ä edenok, ýöne gijelerne teläre çykyp, şagal bolan bolup uwlaýar. Eýsem, bu meni kemsitdigi dälmi?” diýip, gatyrganýar. Atajan ogluna käýýäpdir. Şondan soň ol ýeke sapar hem şagal bolup uwlamandyr.

351. ÝOKANÇ KESELIM BAR
Atajan Annaberdi bir aladada bir hapysarak obadaşy bilen tabakdaş bolmaly bolupdyr. Tabakdaşynyň gapdalyndan turup gidibermegiň ebeteýini tapmadyk Atjan nahar daşap ýören oglana: “Inim, meniň özüme bir tabak getir. Meniň bir ýokanç keselim bar, ol birden tabakdaşyma-da ýokaşyp oturybermesin” diýen.
Nahar iýip oturanlar ýylgyrşypdyrlar. Olar Atajanyň ýokanç keseliniň ýoklugyny bilýän bolarly.

352. BÄŞ AÝAKLY GOÝUN
Atajan Annaberdi iki-üç sany kellebaşaýak alyp, myhman çagyrypdyr-da, myhmanlar gidensoň: “Işimi gördüň sen” diýip, aýalyna igenmäge başlapdyr. Hiç zatdan habarsyz aýaly: “Näme edenmişim men?” diýip, ör-gökden gelipdir. Şonda Atajan: “Wah, siz üçin ýörüte janly soýdum” diýip, öwünip otyrdym welin, sen bir kelle bilen bäş sany aýak getirdiň oturyberdiň-ä. Heý, bäş aýakly goýun gördüňmi? “ diýip, aýalyna bolan wakany düşündiripdir.

353. SOGANLY ÇAÝ
Atajan Annaberdi bir tanşynyňka myhmançylyga barypdyr welin, öý eýesi çaý goýupdyr-da: “Wah, bu günler gelnejeň öýde bolmansoň, süýji almagy unudaýypdyrys” diýip, sypaýyçylyk edipdir. Atajan haýran galyp: “Näme, süýjüni diňe gelnejem alýarmydy?” diýipdir welin, öý eýesi: “Ýok-la, süýji gutarsa gelnejeň ýumruk ýaly düýp sogan bilen çaý içip başlaýar welin, süýji satylýan dükana tarap ýelk ýasaberýärsiň” diýip, ýylgyran.

354. HOR TAÝYNLAÝARLAR
Atajan Annaberdi gijäň bir wagty oba klubynyň gapdalyndan geçip barýar eken. Aýdym-sazyň sesi ýaňlanyp duran klubdan bir ziňňirt uzyn, arryklanç ýigdekçe çykypdyr welin, Atajan: “Inim, o ýerde näme işleýärler?” diýen. Ýaňky çilimlemäge çykan ýigdekçe: “Hor taýynlaýarlar” diýip, gidiberjek bolupdyr welin, Atajan: “Hany, dur, sen indi şol

horuň taýynymy?” diýip, ýaş ýigidi utandyrypdyr.

355. IKI KILO ŞAGAL
Bir gün Atajan Annaberdi ogluna: “Bar, oglum, Baýram şagallardan iki kilo sogan alyp gel, ýöne Baýram şagal diýäýmegin, Baýram aga diýgin” diýip, tabşyrypdyr. Oglanjyk: “Birden şagal diýäýmäýin” diýip, diýjek sözlerini içinden gaýtalap barşyna: “Baýram aga, kakam iki kilo şagal bersin diýdi” diýäýipdir.

356. ÖZÜŇ EKIP BERÄÝ
Atajan Annaberdi mellegine sogan ekjek bolup durka, sogan satyp eklenip ýören, köpbilmiş obadaşlarynyň biri gelip: “Atajan, size sogan düşenok ahyry” diýipdir. Atajan onuň bilen jedelleşip hem durmandyr-da: “Al, onda, obadaş, maňa düşmeýän bolsa, gaýrat et-de, özüň ekip beräý!” diýip, pilini onuň eline tutdurypdyr.

357. IGENÇ IÝÝÄN
Günortan nahary wagty golaýlaşyberende aýaly Gurbanjemal Atajana igenip oturan eken. Galaba nahar wagty peýda bolýan goňşusy gapydan boýnuny uzadyp: “Işdäň açyk bolsun, goňşy, bu gün näme iýýäň?” diýipdir welin, Atajan: “Men-ä igenç iýýän, goňşy, iýerin diýseň, senem geçiber!” diýen.

358. KAMYR ÝAMALÝAN ÝER
Atajan Annaberdi myhmany bilen, maşynly, gonamçylygyň duşundan geçip barýar eken. Myhman sakgally-sarmykly bolansoň, Atajan oňa: “Okaý!” diýýär. Myhman muňa düşünmän, ýoluň beýleki tarapyna seredip, ýel berlen kamyra türkmen elipbiýsinde ýazylan ýazgyny okaýar: “Ka-myr ýa-mal-ýan ýer”.

359. KIÇI JAÝYŇA ÝETER ÝALY
Atajan Annaberdi kerpiç zawodynyň ammarçysy bilen nähoşlan dostuny soramaga barypdyr. Dosty ammarça: “Myrat jan, şu uly jaýyma ýeter ýaly kerpiç ugradaweri” diýen. Ýelem-ýuwlat ammarçynyň beýle kän kerpiji ugratmajagyna gözi ýetip duran Atajan dostuna: “Uly jaýyňa ýeter ýaly kerpij-ä ugratmaz bi, ýöne kiçi jaýyma ýeter ýaly kerpiç ugrat diýseň ugradaýmagy ahmal” diýen.

360. ŞUNÇA TURMADYK BOLSAM...
Atajan Annaberdi özüni lukmana görkezmäge barypdyr. Garaşylýan dälizde adam kän eken. Lukmanyň ýanyna çagyrlan Atajan oturgyçdan turup-turmanka başga biri oturgyja çöküpdir welin, Atajan: “Beý, inim, şunça turmadyk bolsam, üstümde oturaýjak ekeniň-ow” diýip, lukmanyň otagyna girip gidipdir.

361. URŞA GIDERSIŇIZ...
Atajan Annaberdi dagy mekdep okuwçylary bilen duşuşyk geçirýän, döşi orden-medaldan doly, uruş weteranyny telewizora ýazgy edip duran ekeni. Ýaňky weteran: “Gadyrly çagalar, ynha, hä diýmän sizem ulalarsyňyz, urşa gidersiňiz, şonda size-de söweşip, meňki ýaly orden-medal almak miýesser etsin...” diýip, sözüni dowan ediberjek bolupdyr welin, Atajan: “Duraweri, ýaşuly, işimiz-ä gördüň sen” diýip, zowzuldaberipdir.

362. ŞU BOLÝARMY?
Atajan Annaberdi: “Gelnejeň gaty gowy nahar taýýarlady, birini al-da geliber!” diýip, bir dostuna jaň edipdir. Jaň edilen biçak gysganç ekeni. Ol biraz salym geçensoň, bir çüýşe deregine: “Şü bolýamy?” diýip, bir arakhory yzyna tirkäp giräýipdir.

363. SIZE – DE NESIP ETSIN
Atajan Annaberdiniň aýaly ýogalan dostlarynyň biri ýaşajyk gelne öýlenipdir. Toýda içip, keýpini köklän bir ýigdekçe: “Durdy kaka, tüweleme, seň-ä bagtyň geldi” diýip, bazzyk-buzzuk edip başlapdyr welin, Atajan: “Sag bol, inim, sag bol, şeýle bagt saňa-da nesip etsin!” diýip, onuň sözüni bölüpdir.

364. GARPYZAM ALYPDYRLAR
Atajan Annaberdä bazarda bir obadaşy gabat gelip: “Atajan akga, kömek edeweri, edil şujagaz ýerde gapjygymy aldyrdym” diýip, elewräp ugrapdyr. Obadaşy bir elini ýokaryk galdyryp, penjesini gerip duransoň, Atajan: “Eliňi bir düşür, obadaş, ilki bir salamlaşal-a” diýipdir welin, ýaňky eline seredip: “Wah, göterip gelýän garpyzymam alypdyrlar-

a” diýip, aglamjyraberipdir.

365. TEBÄREGEM ÇYKYP BERERDI
Atajan Annaberdi bir içegenräk ýoldaşy bilen bir tanyşlarynyňka barypdyr. Öý eýesi bolmansoň, onuň oguljygy saçak atyp, bal bilen mesge goýupdyr-da, oturyberipdir. Gelenler hiç zat iýmän, “aýryşdyraý” diýip, turup gidiberjek bolupdyr welin, ýaňky oglanjyk Atajanyň ýoldaşyna: “Daýy, sen töwür galdyryp bileňokmy?” diýen. Şonda Atajan: “Wah, inijik, ýagly-ýüzlüje nahar bilen birjigini getiren bolsaň, bi ataňa tebäregem çykyp bererdi” diýip, ýoldaşynyň tarypyny ýetiripdir.

366. SÜÝRÄP OTLAJAK BOLÝANDYRLAR ÖÝDÝÄŇMI?
Atajan Annaberdi dagy bir garryja aýaly hem mündürip, maşynly obadan çykyp barýar eken. Biriniň bir çişen sygry traktora süýredip barýanyny gören kempir: “Muny nädip barýarlar, gyz, ýa ölüp dagy edäýdimikä?” diýen. Atajan Annaberdi şonda: “Ýa, ýeňňe, bolmanda nä ony süýräp otlajak bolýandyrlar öýdýämiň?” diýip, ajymtyk ýylgyraýypdyr.

367.NÄ GÜNLÜK BILEN ÝETIŞDIRDIM
Atajan Annaberdiniň bir obadaşyny beň ekenligi üçin sud edipdirler. Açyk suda Atajan Annaberdi hem gatnaşypdyr. Ol: “Bu gadagan edilen zady ekjek adam däl, bu beňleň tohumy suw-puw bilen akyp gelen bolaýmasyn?!” diýip, obadaşynyň tarapyny tutupdyr welin, ýaňky: “Haý, inim, sada bolýaň-ow, heý, beňiň tohumam suw bilen akyp gelermi, meň olary nä günlük bilen ýetişdirenimden habaryň ýok seň” diýip, eden jenaýatyny boýnuna alyp oturyberipdir.

368.GABRYSTANLYKDA AÝDAÝAN EKENIK
Atajan Annaberdi giçden soň keýpini kökläp, çadyryň aşagynda uklap galan myhmanlaryň arasynda aýdyma zowladyp başlan bagşyny goýdurjak bolup: “Aý, inim, aýdymy ertir aýdyşaýaly. Görýäň-ä, bular öli ýaly bolup ýatyrlar-a” diiýpdir welin, ýaňky bagşy: “Zyýany ýok, agam, bir gije gabrystanlykda aýdaýan ekenik” diýip, öňküdenem beter gygyryp başlapdyr.

369. HOWUZ ÝALY KÄSÄŇ BOLSA...
Atajan Annaberdi dagy çykyş etmek üçin Saryýaza baryp, howdanyň gyrasynda düşläpdirler. Howdan biçak ullakan eken. Aýdym-saza, goşga kän bir düşünmeýän diňleýjileriň biri: “Atajan akga, şu howzuň suwuny käseläp döküp otursaň, näçe käse dagy çykar öýdýäň?” diýip, bir ýerliksiz sorag beripdir. Şonda Atajan: “Aý, inim, şu howuz ýaly käsäň bolsa, ýeke käse çykar-da” diýip, öz goşgularyny okamak bilen boluberipdir.

370.SIM TUTMAN – A ÖWRETDIM
Atajan Annaberdi daşkyrak inileriniň birini bir sazanda şägirtlige beripdir. Ol sazanda “pes kärliräk” eken. Bir duşuşykda Atajan oňa: “Nätdi, meň inim, dutar tutmagy bir öwrendimi?” diýipdir welin, ýaňky: “Aý, dutar tutmagam öwrener, sim tutman-a öwretdim oňa” diýip, gümmi-sümmi edensoň, Atajan derrew inisini alyp gaýtmak bilen bolupdyr.

371.GULAGYŇY DEŞERIN DIÝMEL – Ä
Uluja agtyjagy Akpamyk gudurap başlapdyr welin, Atajan Annaberdi: “Ýöne otur, ýogsam, gulagyňy keserin!” diýipdir. Akpamyk bolsa: “Waý, atam ýalňyşaýdy, gulagyňy keserin däl, gulagyňy deşerin diýmel-ä” diýip, eljagazyny çarpyp gülüberipdir.

372.MÜŇ MANATLYK GOLAÝÝNDA
Atajan Annaberdi bilen agtyjagy Akpamyk şähere gezelenje gidipdir. Şäherde suw satýan nätanyş aýal gyzjagazyň dillijedigine haýran galyp: “Gyççannam, sizem şäherde ýaşaýaňyzmy?” diýen. Akpamyk bolsa: “Ýok, daýza, biz şäheriň müň manatlyk golaýynda ýaşaýarys” diýipdir welin, suw içip duranlar gülüşiberipdirler.

373.IKI GÜNE ÝETER – DÄ
Iki sany çäçdepeli bugdaý ekip ýören eken. Olaryň biri ýaltarak bolansoň, Atajan Annaberdä golaýdaky ullakan depäni görkezip: “Atajan akga, şü Gökdepe ýalyrak bugdaýyň bolsa, näçe güne ýeter öýdýäň?” diýipdir welin, ikinji kärendeçi: “Aý, ülpet, Çäçdepe ýalyrak basyberseň, iki güne ýeter-dä” diýip, ýalta ýoldaşynyň badyny alypdyr.

374.ARAK IÇMÄNI ÖWRENMEL – Ä
Atajan Annaberdi bir oturşykda aýdym aýdyp, saz çalyp, goşgy okap hezil beripdir, ýöne hernäçe ýalbarsalar hem arak içmändir. Şonda içip oturanlaryň biri Atajana: "Wah, inim, gül ýaly ýigit ekeniň, sen dagy arak içmäni öwrenmel-ä" diýip, oňa maslahat beripdir.

375.KYRK ÝIGIDIM BOLSA
Atajan Annaberdi elmydama azarlap, myllaryp ýören bir obadaşyna duş gelipdir. Şol gün ol keýpini mazalyja köklän eken. Atajan oňa: "Obadaş, elmydama ýüzüňi sallap, buruljyrap ýördüň welin, şu gün-ä seň keýpiň ýaman däl ýaly-la" diýipdir welin, ýaňky: "Keýp oňat, şahyr, Göroglyňky ýaly kyrk ýigidim bolsa, häzir Hüňkaryň ýurdunda ýel öwüsdirin" diýip, arkan-ýüzin gaýşyberipdir.

376.KEÝPLIJ – Ä GITDI
"Beý, kakaň pahyram içip-çekip ýarylaýypdyr" diýýärler. Agyrrak dagy düşäýdimikä bendä?!" diýip, Atajan Annaberdi bir obadaşyna duýgudaşlyk bildiripdir. Kakasy ýogalan oglan öwünjeňräk eken. Ol: "Şolam biçeme däl, Atajan akga, gitse-de gitdi welin, pahyr keýplij-ä gitdi" diýip, kakasyny hor-zar etmändigini ýaňzydypdyr.

377.ÖLÝÄNEM ÝOK
Atajan Annaberdi düwünçek üçin ylgap ýören bir mollasumaga: "Nädýär, molla aga, bu günler iş-alada tapdyrýarmy?" diýen bolupdyr welin, ýaňky: "Aý, inim, şu günler-ä ölýänem ýok, gaty berk bi adamlaň jany" diýip, obadaşlaryndan nägiledigini bildiripdir.

ŞADYÝAN OBADAŞLAR

- Goňşy, goýunlaryňy boşatmaweri,
Torç edipdir sübseligmi, darymy.
- Bolýar, menem indi girse bagyma
Gyraryn dermanlap ähli aryňy.

- Ýitiren zynjyrňy gözleýäň welin,
Gözüň-ä seň agyl bilen dölede.
- Wah, şol ýiten zynjyrymyň ujunda
Bolmaly bakylan, semiz göle-de.

- Eşegiň-ä ýorga eken, bir nas al,
Gökläli gök ýere gaçýanam bolsa.
- Wah, sakgaldaş, kädim öýde galypdyr,
Nas-a ýok şu eşek uçýanam bolsa.

- Gawunma giripdir eşegiň, goňşy,
Awundyryn, daňjak bolsaň, daň indi.
- A-how, giren bolsa, kowup goýbärler,
Boljakmy sen eşek bilen deň indi.

- Keselhana adam bary üýşüpdir,
Känmidi oň garyndaşy, ýeňňesi?!
- Ondan dosty, garyndaşy bizar-la,
Algydarlar bu duranlaň hemmesi.

- Ketekden ýumurtga almasyn ogluň,
Tabşyr, goňşy, çal dulugna bolmasa.
- Wah, bilýän-le, gaty betdir Çaryşkam,
Kaýyl bolaý towuklarňy almasa.

- Gazanjyňy ýerliklije sowarlar,
Pul diýen zat hazzyklyga paranok.
- Onyň dogry, goňşy, ýöne men senden
Karz pul soraýan, akyl soramok.

- Bazarda sataşdym dellal goňşyňa,
Ýa ol ähli dellallaryň pirimi?!
- Görüşeňde ahmal bolsaň, bildirmän,
Alyp galar bäş barmagyň birini.

- Bol, how, gardaş, “Kepderini çalyp ber,
Düşünemok “Keçpelege”, “Geline”.
- Üç sapar-a çaldym, ýa indi ony
Pasyrdadyp bereýinmi eliňe.

- Çagalaryň bilen iýjekmi, goňşy,
Ýa az-owlak satjagammy naryňdan?”
- A-how, hi, çaga-da nar dözüp bormy,
Geçýärkä bazarda onki ýarymdan.

- A-how, eşdip goýuň, alýas, berýäs-de,
Undaýýas biz käte hasaplaşmagy.
Kimiň şu bendede algysy bolsa,
Beýläk baran wagty hasaplaşmaly.

http://vk.com/oka_owren_doret